**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET LUKMANÇYLYK UNIWERSITETI**

**K.G.Nurlyýew**
**M.Ý.Ýagmurow**

# GAÝRAGOÝULMASYZ ILKINJI HIRURGIÝA KÖMEGI

**Aşgabat. Ylym. 2011**

UOK 617:378
N 87

N 87 **Gaýragoýulmasyz ilkinji hirurgiýa kömegi /** Düzenler: *Nurlyýew K.G., Ýagmurow M.Ý.*

## Syn ýazanlar:

**Çaryýew M.Ç. –** lukmançylyk ylymlarynyň doktory;
**Abdullaýew A.A. –** lukmançylyk ylymlarynyň kandidaty;
**Batyrow N.N. –** lukmançylyk ylymlarynyň kandidaty;
**Karanow. G.S. –** lukmançylyk ylymlarynyň doktory, professor.

Täze Galkynyş we beýik özgerişler döwründe Türkmenistanyň Hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlangyjy bilen bilim ulgamynda amala aşyrylýan uly möçberli özgertmeleri türkmen jemgyýetiniň durmuşynda aýratyn üns berilýän meselesi bolup, bilim döwletiň ykbalyny, onuň sazlaşykly we üstünlikli öňe gitmegini kesgitleýji ýagdaý bolup durýar. Saglygy goraýyş ulgamynda dünýä ülňülerine gabat gelýän hassahanalaryň, merkezleriň gurlup, enjamlar bilen abzallaşdyrylmagy, keseliň takyk anyklanmaklygyna we bejermekligine getirdi.

Lukman, hünärine seretmezden, köp halatlarda şikeslenme we garyn boşlugynyň, döş kapasasynyň ýiti hirurgiýa keselleri bilen baglanyşykly näsagyň keselini sanlyja minudyň dowamynda anyklap, ony hassahananyň hirurgiýa bölümine gijikdirmän ibermek meselesini çözmeli ýa-da ýerinde saglygy goraýyş kömegini bermeli bolýar.

Awtorlar “Gaýragoýulmasyz ilkinji hirurgiýa kömegi” boýunça okuw-usuly gollanmasynda köp duş gelýän şikeslenmeleriň we garyn boşlugynyň, döş kapasasynyň ýiti hirurgiýa keselleriniň üstünde durup geçipdirler.

Bu okuw-usuly gollanma lukmanlaryň amaly işlerinde hem-de lukmançylyk uniwersitetiniň talyplarynyň okuwynda peýdaly bolar diýip ynanýarys.

**TDKP №274** **KBK 54.5 ýa 73**

**© Türkmenistanyň döwlet lukmançylyk uniwersiteti, 2011 ý.**
**© “Ylym” neşirýaty, 2011 ý.**

## Sözbaşy

Täze Galkynyş we beýik özgerişler döwründe Türkmenistanyň Hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow bilim ulgamyny kämilleşdirmek, ýaşlara berilýän ylmy-bilimi döwrebaplaşdyrmak, dünýä derejesine çykarmak ýaly wajyp meseläni öňe sürdi we bu ugurda onuň çözgütleri boýunça kämil kararlary kabul etdi. Elbetde, Hormatly Prezidentimiziň bu aladasy, taýsyz tagallasy ertirki günde Garaşsyz, baky Bitarap Watanymyzy ylymly-bilimli, giň dünýägaraýyşly, ruhubelent nesillere gowşurmak ýaly geljek üçin örän ähmiýetli aladalara ýugrulandyr.

Döwlet Garaşsyzlygymyzyň ilkinji ýyllaryndan başlap, ilatyň saglygyny baş döwlet wezipeleriniň biri edip goýmak bilen, onuň esasy ugurlary “Saglyk” Döwlet maksatnamasynda aýdyň beýan edildi.

Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry, Milli maksatnamasyna laýyklykda saglygy goraýyş pudagyny ösdürmegiň ony dünýä derejesine ýetirmek maksady bilen özgertmeleriň ileri tutulýan möhüm wezipeleri bellenip, tapgyrlaýyn amala aşyrylyp başlandy.

Dünýä ülňülerine gabat gelýän hassahanalaryň, merkezleriň gurlup, dünýä derejesindäki enjamlar bilen abzallaşdyrylmagy, keseliň takyk anyklanmaklygyna we onuň bejeriliş hiliniň hem-de netijeliliginiň ýokarlanmagyna getirdi.

Bu bolsa lukmanlaryň mundan beýläk hem yzygiderli bilim we hünär derejelerini kämilleşdirmek üçin öz üstünde işlemekligini talap edýär.

Lukman, hünärine seretmezden, köp halatlarda sanlyja minudyň dowamynda näsagyň keselini anyklap, ony hassahananyň hirurgiýa bölümine gijikdirmän gaýragoýulmasyz hirurgiýa kömeginiň berilmek meselesini çözmeli ýa-da ýerinde bermeli bolýar.

Şu nukdaýnazardan ugur alyp, näsagyň keselini anyk kesgitläp, wagtynda hassahana ugradyp, hirurgiýa kömegini ýokary derejede berilmegi wajyp ugur hasaplap, «Gaýragoýulmasyz ilkinji hirurgiýa kömegi” boýunça okuw-usuly gollanmany saglygy goraýşyň sakasynda duran lukmanlara hem-de lukmançylyk uniwersitetiniň talyplaryna hödürlemekligi makul bildik.

# I BÖLÜM

# GAÝRAGOÝULMASYZ KÖMEGI TALAP EDÝÄN KÄBIR ÝAGDAÝLAR

## HUŞUNY ÝITIRME (SYNCOPE)

Bu ýüregiň işjeňliginiň we dem alşyň gowşamagy netijesinde kelle beýnisiniň damarlarynyň ýiti kislorod ýetmezçiliginde ýüze çykýan gysga wagtlaýyn huşuny ýitirme ýagdaýydyr.

Huşuny ýitirmä dürli sebäpler bilen şertlenen, ýiti damar ýetmezçiliginiň ýeňil görnüşi degişli bolup, köplenç, ýürek keselleri bilen bagly bolmaýar. Oňa psihoemosional dartgynlylyk, birden ýüze çykýan agyry, şatlyk, hereketsiz uzak dowamly bir ýerde durmaklyk, kese ýagdaýdan birden dik ýagdaýa geçmek, esasan, dowamly gipodinamiýadan soň, käbir medisina manipulýasiýalary (gany aýyrmak, plewral, assit suwuklygy aýyrmak) getirýär. Sanalan ýagdaýlarda huşuny ýitirme, adatça, neýrogumoral sazlaşygyň westibulýar bozulmasynda we gipotenziýa ýykgynly pes damar tonusly adamlarda ýüze çykýar. Huşuny ýitirme ýagdaýy ýiti ýokanç kesellerde, dürli zäherlenmelerde, gan ýitirilende, agyr pnewmoniýada, ekssudatiw plewritde, spontan pnewmotoraksda, gipertenziw krizde, ýürek damar ulgamynyň kesellerinde ýüze çykýar. Huşuny ýitirmäniň sebäbi dürli bolsa-da, onuň gelip çykyşyna kelle beýniniň gysga wagtlaýyn ýiti kislorod ýetmezçiligi getirýär.

**Klinikasy:** duýdansyz umumy ysgynsyzlyk, baş aýlanma, gulakda şaňlama ses, gözüň öňünde uçganak ýa-da garaňkyrama ýüze çykýar. Näsagyň aňy bulaşyp, birnäçe sekunt

ýa-da minut huşundan gidýär. Näsagyň derisi agaryp, ahyrlary sowaýar. Göreji daralyp, pulsy gowşaýar. Arterial gan basyşy peselip, dem alşy seýrekleşýär. Seýrek ýagdaýda erkine bagly bolmadyk buşukma we defekasiýa bolýar. Aňy dikelenden soňra ýuwaş-ýuwaşdan derisiniň reňki adaty ýagdaýa gelip, arterial gan basyşy, pulsy kadalaşýar. Huşuny ýitirmeden soňky döwürde näsag gowşaklyga, kellagyra, kellesinde agyrlyk duýgusyna arz edýär.

**Gaýragoýulmasyz kömek:** Näsagy arkan ýatyryp, aýaklaryny göwresinden birneme ýokary galdyrmaly, gysýan eşiklerini aýryp, arassa howa gelmegini üpjün etmeli. Deriniň we nemli bardanyň reseptorlaryny gyjyndyrmak üçin naşatyr spirt bilen öllenen pamygy ysgatmaly. Deriniň astyna 2 ml. kordiomin, bradikardiýada 0,5 - 1ml. – 0,1% atropin sançmaly. Funksional gelip çykyşly huşuny ýitirmegi hassahana ýerleşdirmek talap edenok, organiki gelip çykyşly güman edilse, anyklamak we gerekli bejergi geçirmek maksady bilen hassahana ýerleşdirilýär.

## KOLLAPS

Bu ýiti damar ýetmezçiligi bolup, arterial gan basyşynyň birden peselmegi we periferiki gan aýlanyşyň bozulmasynyň kliniki ýüze çykmagydyr. Kollapsyň 3 sany esasy görnüşi tapawutlandyrylýar: kardiogen (kardiogen şogy), damar we gemorragiki.

**Kardiogen kollapsy**: ýüregiň keselleri bilen göni baglanyşykly bolup, ýüregiň urgy göwrüminiň tiz peselmegi bilen baglydyr. Köplenç, kollaps miokardyň ýiti infarktynda, seýrek – ýiti miokarditde, ýiti perikarditde, öýken arteriýalarynyň iri şahalarynyň emboliýasynda ýüze çykýar.

Kollapsyň damar görnüşinde zäherli himiki maddalar bilen zäherlenme netijesinde arterial gan basyşyň peselmegi,

käbir derman serişdeler nädogry ulanylan ýagdaýynda we agyr allergiki reaksiýalar (anafilaktiki şok) degişlidir. Damar kollapsyň emele geliş mehanizmi esasynda damar hereketlendiriji merkeziniň funksiýasynyň bozulmagy netijesinde wenalaryň we arteriollaryň tonusynyň birden peselmegi we patogen faktorlaryň damarlardaky periferiki nerw uçlaryna we refleksogen zonadaky reseptorlara (sinokarotit) täsiri netijesinde ýüze çykýar.

Damarlaryň parezi we periferiki damar garşylygynyň peselmeginde damar akymynyň göwrümi ulalýar. Bu bolsa ganyň käbir ýerlerde durgunlygyna we toplanmagyna hem-de ganyň tiz sirkulirlenýän reaksiýasynyň göwrüminiň peselmegine getirýär. Netijede, ýürege gelýän ganyň göwrümi azalýar, bu bolsa gan aýlanyşygyň minut göwrüminiň peselmegine we ýaşaýyş üçin wajyp agzalaryň we ulgamlaryň, şeýle-de merkezi nerw ulgamynda gan aýlanyşygyň peselmegine getirýär.

Gemorragiki kollapsda – ýiti uly möçberde gan ýitirmegi esasynda, aýlanýan ganyň göwrüminiň tiz haýallamagy esasynda arterial gan basyşy peselýär. Gan ýitirilmegi netijesinde ownuk damarlaryň reflektor ýygrylmagy we gana köp mukdarda kateholaminleriň düşmegine getirýär, ýöne bu kompensator reaksiýalar arterial gan basyşyň kadaly derejede saklanmagyna kömek etmeýär.

Şeýle hem ortostatiki kollapsy tapawutlandyrylýar. Ol uzak wagtlap hereketsiz ýagdaýda duranda ýa-da gorizontal ýagdaýdan dik ýagdaýa birden geçilende bolýar. Onuň ýüze çykmagyna periferiki damarlaryň tonusyny sazlaýan mehanizmleriň funksional ýetmezçiligi, käbir derman serişdeleri ulanylanda ýüze çykýar. Adatça, görkezilen ýagdaýlarda ýiti damar ýetmezçiligi gysga wagtlaýyn çaşmaklyk bilen geçýär.

Köplenç, kollaps ýiti we duýdansyz ýüze çykýar. Onda aýdyň gowşaklyk, baş aýlanma, kellesinde, gulagynda ses

bolýar. Näsag gözüniň öňünde perdä, görşüň peselmegine, käwagt ahyrlarynyň sowamagyna arz edýär.

Kollapsda aňy saklanýar, ýöne näsag alasarmyk ýagdaýda bolýar, daşky gurşawa ünssüz bolýar, daşky gyjyndyryjylara jogap berenok. Agyr ýagdaýda aňy ýuwaş-ýuwaşdan peselýär we doly ýitýär. Ýüzünde we ahyrlarynda muskul tutgaýy bolýar. Kollapsda deri örtügi ilki agymtyl, sowuk şepbeşik der bilen örtülip, soňra dodaklaryň, eliniň we aýagynyň barmaklary gögümtil bolup, bütin ele penjä ýaýraýar. Näsagyň ýüzüniň şekili ýitileşýär, gözi öçügsi, derasty wena damarlary gowşap, kynlyk bilen kesgitlenýär. Damar urgusy boýun arteriýasynda gowşak, käwagt kynlyk bilen duýulýar. Kollapsyň esasy alamaty arterial gan basyşynyň peselmegidir. Auskultasiýada ýürek tonlary peselen, käwagt aritmiýalara gözegçilik edilýär. Dem alşy ýüzleý we çaltlaşan, peşewiň mukdary (oligouriýa) peselýär, agyr ýagdaýlarda peşewiň bolmazlygy (anuriýa) bilen häsiýetlendirilýär. Beden temperaturasy peselýär.

**Gaýragoýulmasyz kömek:** ilki bilen kollapsa getiren sebäbi bilmeli we aradan aýyrmaly. Näsaga doly rahatlyk döredip, arkan ýatyryp, aýaklaryny göwresinden birneme ýokary galdyrmaly.

Näsagy ýylatmak üçin odeal, düşek bilen örtmeli, ahyrlaryna gyzgyn grelka goýmaly. Arassa howa bilen ýeterlik üpjün etmeli. Damar tonusyny ýokarlandyrmak we ýüregiň işjeňligini gowulandyrmak maksady bilen sulfokamfokain, kordiamin sanjym edilýär. Agyr ýagdaýlarda wena gan damaryna poliglýukin, reopoliglýukin erginleri goýberilýär. Näsag hassahana ýerleşdirilýär.

# ŞOK

Dürli täsirleriň esasynda bedeniň ilki merkezi nerw ulgamynyň soňra ýaşaýyş üçin wajyp ulgamynyň ählisinde agyr bozulmalar bolup geçýändigi bilen häsiýetlendirilýär.

Şoguň bedeniň ýaşaýyş işjeňliginiň dekompensasiýa ýagdaýyna getirýän sebäbine görä:

- organizmiň agyr şikese jogaby hökmünde ýüze çykýan şikeslenmä, operasiýada agyrysyzlandyrma ýeterlik derejede geçirilmedik halatynda ýüze çykanda;
- operasion-operasiýa geçirilýän ýa-da operasiýadan soňky döwürde;
- gemotransfuzion-köp möçberde gan ýitirilmeginde ýüze çykanda gemorragiki, öýjükleriň zeperlenmegi we dokumalara biologiki aktiw maddalaryň-gistamin, serotonin we beýlekileriň boşamagy netijesinde ýüze çykanda;
- anafilaktiki-bakteriýa öýjükleriň zäherleri bilen zeperlenmegi netijesinde ýüze çykanda;
- toksiki – infeksion-ýüregiň ýiti miokardyň infarktynda ýüregiň urgy göwrüminiň peselmegi we ýüregiň ýygrylyşynyň ritminiň bozulmagy netijesinde ýüze çykanda;
- kardiogen şoklary bolup biler.

Hirurgiýa amalynda köp şikeslenme, gemorragiki, ýanyk şogy gabat gelýär.

Şikeslenme şogunyň ýüze çykmagynda bedeniň sikesden öňki ýagdaýynyň uly ähmiýeti bar, fiziki ýadawlyk, uzak wagtlaýyn ukusyzlyk, açlyk, üşemeklik, gan ýitirmeklik, psihiki täsirler we beýlekiler. Şoguň ýüze çykyş wagtyna görä ilkinji we ikilenji görnüşleri tapawutlandyrylýar. Ilkinji şikeslenme şok şikes alan wagty ýa-da şikesden soň bada-bat ýüze çykýar.

Ikilenji şikeslenme şok şikesden birnäçe sagatdan soň ýüze çykýar.

Şoguň fazasy: erektil we torpid fazalaryna bölünýär.

Şoguň erektil fazasy şikeslenmeden soň bada-bat ýüze çykýan we huşunyň saklanmagy, deri örtüginiň reňki kadaly, köp derlemekligi bilen häsiýetlenýär. Göreji giňelen, ýagtylyk gyjyndyrmasyna güýçlenýär. Puls urgusy çaltlaşan, arterial gan basyşy kadaly ýa-da biraz ýokarlanan. Adatça, bu döwür gysga wagtlaýyn bolup, şoguň indiki torpid fazasyna geçýär.

Şoguň torpid fazasy bedeniň ähli ulgamynyň işjeňliginiň togtamagy we basyp ýatyrylmagy bilen häsiýetlenýär. Huşy saklanan, näsag gowşak, töweregine ünssüz. Arterial gan basyşy peselýär. Puls urgusy çaltlanan, sapak görnüşli. Deri örtügi agymtyl, sowuk der basýar. Göreji giňelen, ýagtylyga gowşak gyjynýar. Ýüregi bulanyp, gaýtarýar. Arterial gan basyşyna we näsagyň umumy ýagdaýyna laýyklykda şok dört derejä bölünýär:

I dereje näsagyň umumy ýagdaýy kanagatlanarly, puls urgusy 1 minutda 90-100 gezek, arterial gan basyşy 90/100 mm. sm. st.

II dereje – umumy ýagdaýy beterleşýär, derisi agarýar, sowuk der basýar, puls urgusy 1 minutda 120-140 gezek, arterial gan basyşy 70/90 mm. sm.st.

III dereje – umumy ýagdaýy agyr, puls urgusy 1 minutda 120-160 gezek, arterial gan basyşy 50/70mm. sm.st.

IV dereje – umumy ýagdaýy gaty agyr, terminal kliniki ýagdaýy bilen araçäkde, puls sapak görnüşli, sanap bolanok, arterial gan basyşy 50mm. sm.st. we ondan hem pes.

**Gaýragoýulmasyz kömek**: näsaga gyssagly usullyk bilen gaýragoýulmasyz kömek bermeli. Ganakmany wagtlaýyn saklamaly, döwükleri transport şinalaryň kömegi bilen seýiklemeli. Narkotiki analgetikler bilen agyrysyzlandyrmaly,

wena damaryna poliglýukin, reopoliglýukin erginleri goýbermeli. Şikeslini hökmany hassahana ýerleşdirmeli. Döş kapasasy şikeslini ýarym oturdylan, kelle şikeslenmesinde kelle tarapy $15^0$ galdyrylan (Fowleriň ýagdaý) garyn boşlugy şikesleneni kese ýagdaýyna tiz kömek maşynynda ugradylýar.

## ÝYLYLYK URMASY

Bu bedeniň ýiti gyzmagy bolup, beden gyzgynynyň galmagy, demgysma we damar urgusynyň çaltlanmagy bilen ýüze çykýar.

Umumy aşa gyzmak ýapyk giňişlikde, howa geçirmeýän eşikde, ýokary gyzgynlykda işlenilen ýagdaýynda bolup biler. Ýokary çyglylyk we howanyň aşa gyzmagy ýylylyk urgusyny emele getirýär.

Aşa gyzgynlyga uýgunlaşmadyk adamlarda, esasan hem, garrylarda we çagalarda duş gelýär.

**Klinikasy:** umumy gowşaklyk, kellagyry, güýçli teşnelik, ýüregiň töwereginde gysylma we dem almagyň kynlaşmagy ýüze çykýar. Näsagyň ýüzi gyzarýar, derisi elläp görlende gyzgyn, şepbeşik der bilen örtülen. Arterial gan basyşy peselip, pulsy we dem alşy çaltlaşyp, bedeniň gyzgyny 39-41$^0$C çenli ýokarlanýar.

Näsagyň ýagdaýy agyrlaşyp, koma düşmegi mümkin.

**Gaýragoýulmasyz kömek:** näsagy salkyn, ýeterlikli ýelejiredilýän otaga geçirmeli, ýakasyny we guşagyny boşatmaly, kellesine sowuk esgi goýmaly, sowuk suw bermeli.

Wena damaryna damjalaýyn 0,9%-500,0 NaCl-ň erginini, 50% 4,0 analgini, 80 mg. laziks goýberilýär. Näsagy hassahana ýerleşdirmeli.

## GÜN URMA

Gün urma – kelläniň intensiw şöhlelenmesinden soň ýüze çykýar. Esasan hem, gün şöhlesine ýeterlik uýgunlaşmadyk garrylarda we çagalarda köp duş gelýär. Gün urmada gün şöhlesiniň täsirinde beýni işjeňligi bozulýar.

**Klinikasy:** huşunyň duýdansyz ýitmegi, damar urgusynyň ýygylaşmagy, demgysma we arterial gan basyşynyň peselmegi, käwagt samrama bolýar.

Huşy ýitirmeklik gysga wagtlaýyn bolýar. Agyr ýagdaýdaky näsagyň beýnisiniň çişmeginde ýa-da gan öýmeginde huşy ýitirmeklik uzak wagtlaýyn bolup biler.

Gün urma, adatça, umumy gowşaklyk, kellagyry we baş aýlanma, ýürek bulanma, gulaklaryna ses eşidilmegi bilen başlanýar.

**Gaýragoýulmasyz kömek:** ejir çekeni kölegä ýa-da salkyn otaga geçirmeli, dem alşyny ýeňilleşdirmek üçin ýakasyny we guşagyny boşatmaly.

Kellesine sowuk esgi goýmaly we sowuk suw içirmeli. Ýüregiň işjeňligini gowulandyrmak maksady bilen sulfokamfokain, kordiamin sanjym edilýär. Näsagy hassahana ýerleşdirmeli.

## GARK BOLMA

Gark bolmanyň 3 görnüşi tapawutlandyrylýar: hakyky, asfiksiýaly we sinkopal.

**Hakyky gark bolmada**: dem alyş ýollaryna suwuň düşmegi bilen öýkende gaz çalşygynyň togtamagyna getirýär. Netijede, bedende agyr kislorod ýetmezçiligi duýlup, gan aýlanyşygy bozulýar. Deri örtügi gögümtil, agzyndan we burnundan ak ýa-da ganly köpürjik gelýär. Gark bolanyň ilki ýürek urmasy, soňra dem alşy togtaýar.

Asfiksiýaly gark bolmada: käbir ýagdaýda (serhoşluk, kelle-beýni şikeslenmesi) adam ýaşaýyş üçin göreşmän suwa çümýär. Suw burna we burun-damaga düşüp reflektor ses ýoly ýapylýar (laringospazm), şunuň bilen baglanyşykly ýalan dem alyş bolup, suw ýuwdulyp aşgazana düşýär. Deri örtüginiň gögümtilligi ýüze çykýar. Gark bolanyň ilki dem alşy, soňra ýürek urmagy togtaýar.

Sinkopal gark bolmada: psihoemosional ýagdaýyň ýa-da bedeniň sowuk suw bilen galtaşmagy netijesinde ýürek urmasy we dem alşy duýdansyz reflektor togtaýar. Gark bolan ýaşaýyş üçin göreşmän suwa çümýär. Gark bolanyň deri örtügi we nemli bardasy ak, dem alyş ýollarynda suw we köpürjik bolmaýar. Sinkopal gark bolmada ýüregiň urmasy we dem alşy deň togtaýar.

**Gaýragoýulmasyz kömek**: suwy ýokarky dem alyş ýollaryndan we aşgazandan aýyrmak üçin dyzyň üstüne gark bolanyň garnyny goýup, kellesini aşak edip, arkasyndan gysmaly. Agzyny we ýokarky dem alyş ýollaryny suwdan hem-de del jisimlerden arassalanyňdan soň, öýkene emeli dem bermeklige "agyzdan-agza" ýa-da "agyzdan-burna" usuly boýunça hem-de ýüregiň göni däl owkalamasyna başlamaly. Ýaşaýyş funksiýalary dikelenden soň wena damaryna damjalaýyn, Na bikarbonatynyň 4% 200 ml. erginini we 80 mg. laziks goýberilýär. Ýüregiň işjeňligini gowulandyrmak maksady bilen sulfokamfokain, kardiamin sanjym edilýär. Näsag hassahana ýerleşdirilýär.

# UMUMY ÜŞEMEKLIK

Daşky gurşawyň sowugy (howa, suw) uzak täsir etmegi beden temperaturasynyň 35$^0$C we ondan pese düşmegi netijesinde umumy üşemeklik ýüze çykýar.

Gyş aýlary sowuk suwa düşülmegi, serhoşuň garyň üstünde ýatyp galmagy, şikeslenme alyp hereket etmäge mejalsyz sowuk meýdanda galmagy umumy üşemeklige getirip biler.

**Klinikasy:** umumy üşemeklik agyrlygy boýunça 3 derejä bölünýär:

I. Adinamiki dereje rektal gyzgynlygy 35-33$^0$C aňynyň togtamagy, titremeklik, deri örtügi "gaz derisine" meňzeýär bradikardiýa, pulsuň urgusy 1 minutda 60 gezek we ondan hem peselýär.

II. Stuporly dereje rektal gyzgynlygy 32-31$^0$C aňynyň stupora çenli ýitmegi. Derisi sowuk, mermer sianozy, bradikardiýa, pulsuň urgusy 1 minutda 50 gezek we ondan azalýar, arterial gan basyşy peselýär.

III. Tutgaýly dereje rektal gyzgynlygy 30$^0$C we ondan pese düşýär, titremeler we kollaps ýüze çykýar, bradikardiýa, ýürek urgusy 30 gezekden hem az. Dem alşy seýrek, ýüzleý, aritmiki.

**Gaýragoýulmasyz kömek**: ýyly otaga ýerleşdirmeli, 36-40$^0$C çenli gyzdyrylan suwly wannada umumy gyzdyrmaklygy bedeni owkalamak bilen geçirilýär. Wena damarynyň içine 40% 100 ml., glýukozanyň ergini, 10% 5-10 ml., glýukonat kalsiniň ergini, damjalaýyn 4% 200,0 bikarbonat natriniň ergini, poliglýukin 400,0 goýberilýär.

Titremede 20% 10-20 ml. oksibutirat Na ergini goýberilýär. Jebir çekeni örtmeli we transpartirlenýän wagty ýaşaýyş işjeňligini saklamak üçin görkezilen bejeriş çärelerini

geçirmeli. Beýleki intensiw bejergiler stasionar ýagdaýynda geçirilýär.

## DOŇMAKLYK

Doňmaklyk – dokumalaryň şikeslenmesi bolup, pes temperaturanyň täsirinde ýüze çykýar.

Köplenç, penjäniň we aýagyň barmaklarynda, gulak, burun ujunda (çäklenen gan aýlanyşykly ýerde) doňmaklyk duş gelýär.

**Klinikasy:** deriniň we dokumalaryň zaýalanmak çuňlugyna laýyklykda kollaps dört derejä bölünýär.

I dereje – deri gaýdymly gan aýlanyşygynyň bozulmasy bolup, agyry duýujylyk peselýär, deri örtügi agarýar.

II dereje – deriniň malpigiýew gatlagyna çenli nekrozly üýtgemeleriň netijesinde içi ganjymak suwukly gabarçaklar emele gelýär.

III dereje – deriniň çuň ýerleşen ýumşak dokumalaryna çenli ölýär.

IV dereje – ýmşak dokumalar we süňkler ölýärler.

Gaýragoýulmasyz kömek: ejir çekeni ýyly otaga ýerleşdirmeli, spirt sürtüp owkalamaly. Mümkinçilikli ýagdaýda 36-40$^0$C gyzgyn suwly wannada 15 minudyň dowamynda saklap, el-aýaklaryny periferiýadan merkeze tarap owkalamaly. Soňra süpürgiç bilen süpürip, gury zyýansyzlandyrylan sargy daňmaly. Ýüzi we gulak ýelkenini spirt çalyp owkalamaly. Ýylatmak üçin gyzgyn çaý, kofe, az mukdarda alkogol bermeli. Spirt we wazelin ýagyny çalmaly. Sürtmek üçin gar ulanmak maslahat berilmeýär. Sebäbi garyň içindäki kiçijik buzjagazlary deriniň üstüni zeperläp, infinsirlemegine getirýär. Narkotik analgetikler bilen agyrysyzlandyrmaly, wena damaryna 40% 20 ml., glýukozanyň, 10% 5-10 ml. CaCl erginleri goýbermeli. Şikeslini hökmany hassahana ýerleşdirmeli.

# ÝYLAN ÇAKMAGY

Türkmenistanyň çäginde zäherli ýylanlardan Aspidowlar maşgalasy (kepjebaş) duş gelýär. Ýylan çakan wagty neýrotoksiki, gemorragiki we gemolitiki täsirli zäheriniň uly bolmadyk mukdaryny (0,02 - 0,1 ml.) goýberýär. Dem alyş ysmazyny ýüze çykarýan neýrotoksiki täsiri, tropiki zonalarda duş gelýän ýylanlaryň çakmagynda ýüze çykýar.

**Klinikasy:** Çakylan ýerde 2 sany uly bolmadyk ölçegli sünjülen ýara, dokumalara ýaýran agyry, ahyrlaryň çişmegine, derasty ýag gatlagyna gan öýmegine, deriniň gyzylymtyl gök reňkine, käwagt gemorragiki gabarçagyň emele gelmegine getirýär. Zäheriň umumy täsiri onuň mukdaryna we zeperlenen ýerine bagly bolýar (zäheriň wena gan damarlara düşmegi howpludyr). Kellagyry, derlemeklik, gowşaklyk, gaýtarma we içgeçme ýüze çykýar.

Damar urgusy çaltlanan, damar dolulygy gowşak. Şikesli agyr ýagdaýda kollapsa düşýär. Şikeslide 2 sagadyň dowamynda dem alyş ysmazlygy ýüze çykyp, ölüme getirýär.

**Gaýragoýulmasyz kömek:** Ýylan çakan ýeriniň zäherini dessine agyz bilen ýa-da rezin gruşa, medisina bankasy bilen sorup, zäherini aýyrmaly. Ahyry seýikläp, ýatyrlan ýagdaýda hassahana ibermeli. Arterial žguty ýa-da emeli çekdirmeleri el-aýagy daňmak çürt-kesik gadagan, ýarany giňden kesip açmak we ýerli okislendirijileri ulanmak maksadalaýýk däldir. Şikeslini hökmany hassahana ýerleşdirmeli.

Umumy bejergi: gyssagly mono ýa-da poliwalent syworotkany etiň içine (agyr ýagdaýda wena damaryna) 500 AE-den 2500-3000 AE-çenli goýberilmeli. Prednizalon 0,01-0,03 gr., gije-gündizde, gidrokortizon, (1 gr. çenli her 6 sagatdan 2-3 gün) dimedroly, pipolfeni, B, C, p witamin topary, wena damaryna 40% – 20 ml. glýukozanyň ergini, deriniň astyna 10%

– korazolyň ergini, 0,1% atropiniň ergini, 1% lobelin goýberilmeli. Wena damaryna 0,05% – 0,5 strofantin ergini, 40%-10 ml. glýukozanyň ergini bilen 10%-10ml. kalsiý hloridiň ergini goýberilmeli.

## BOGUNAÝAKLYLARYŇ ÇAKMAGY

Bogunaýaklylaryň çakmagy (möý şekilliler we mör-möjekler) zäheriň neýrotoksiki, gemorragiki we gistamine meňzeş täsirinde ýerli we umumy täsirlerini ýüze çykarýar).

Bogunaýaklylara içýanlar, (möýler) garagurt we mör-möjekler (aýakçylar, arylar, balarylar we beýlekiler) degişli.

**Klinikasy**: Çakylan ýerde agyry, gijemeklik, çiş, gyzarma peýda bolýar. Çakan ýeri gyzyl nokat görnüşinde, käwagt gan damjasy çykyp, soňra melewşe reňke geçýär. Gury ýa-da gemorragiki suwly gabarçak emele gelýär. Çakylan ýerde flegmona ýa-da beze gaýnaglamasy ýaly gaýraüzülmeler bolmagy mümkin. Näsag ýagdaýynyň erbetleşmegine, kellagyra, ukypsyzlyga, gowşaklyga, huşuny ýitirmeklige arz edýär. Bedeniň gyzgyny ýokarlanýar, titreme, ýürek bulanma, gaýtarmaklyk ýüze çykýar. Agyr ýagdaýlarda ýerli we umumy tutgaýlar, dem alşyň işjeňliginiň bozulmagy, garynda agyry, ganly içgeçme, ysmaz ýüze çykyp, kollapsa we şoka getirýär. Derä örgünleriň örmegi mümkin. Bu ýagdaýlar 3-7 günden ýuwaş-ýuwaşdan ýüze çykýar. Köp sanly çakmalar ölüme getirmegi mümkin.

**Gaýragoýulmasyz kömek:** Ýaradan arynyň çakgyjyny aýyrmaly, çakylan ýeri wodorod perekisiniň ergini bilen ýuwmaly.

5% spirtli ýoduň erginini çalyp, kaliý permonganat ýa-da Burowskiniň ergini bilen sowuk ýa-da çygly ýapgylar ýapmaly. Aýratyn zäherli möý şekilliler (içýan, garagurt) çakanda, ýaradaky zäheri azaltmak maksady bilen ýarany sormaly ýa-da

gysmaly. Ýarany birneme kesip, 1% kaliý permonganatyň ergini bilen ýuwmaly, näsaga köp suw içmeklik, analgetikleri, uky, ýüregi kuwwatlandyryjy sanjymlary sançmaklyk hem-de ýerli nowokain blokadalar görkezilendir. Agyr ýagdaýda wena gan damaryna 0,9% NaÇl 500 ml. 5% glýukoza 500 ml. suwuklyk goýberilýär.

## II BÖLÜM

# ÝANYKLARDAKY ILKINJI GAÝRAGOÝULMASYZ KÖMEK

## TERMIKI ÝANYKLAR

Ýokary temperaturaly faktorlaryň (ot, gyzgyn suwuklyklar, gyzgyn gaty jisimler) täsiri esasynda ýanyklar döreýär.

Gyzgynlygynyň täsiri dowamly hem ýokary bolsa, dokumalaryň zeperlenmegi köpelýär. Uly möçberli ýanykda bedeniň wajyp ulgamlarynda bozulmalar bolup geçmek bilen ýanyk keseli ýüze çykýar. Keseliň geçişi dört döwre bölünýär.

Şok döwri erektil we torpid fazalaryna bölünýär. Şoguň erektil fazasy şikeslenmeden soň bada-bat ýüze çykýar. Şikesliniň aňy saklanýar, göreji giňelen, ýagtylyk gyjyndyrmasyna güýçlenen, pulsy çatlaşan, arterial gan basyşy kadaly ýa-da biraz ýokarlanan. Adatça, bu döwür gysga wagtlaýyn bolup, saglygy goraýyş kömegi berilmedik halatynda şoguň torpid fazasyna geçýär.

Şoguň torpid fazasy bedeniň ähli ulgamynyň işjeňliginiň togtamagy we basylyp ýatyrylmagy bilen häsiýetlendirilýär. Aňy saklanan, daş-töweregine ünssüz. Arterial gan basyşy peselip, pulsy çaltlaşan, doly, sapak görnüşli. Göreji giňelen, ýagtylyga gowşak gyjynýar. Ýüregi bulanyp gaýtarýar.

Toksemiýa döwri ýanykdan birnäçe sagatdan soň başlanýar. Ýanyk üsti bilen plazmalary ýitirmegiň netijesinde, dokumalaryň dargamagynyň we bakteriýalaryň hasabyna toksiki maddalar sorulyp başlaýar. Bu döwürde näsagyň ýagdaýy gaty agyr, beden temperaturasy ýokary galýar, işdäsi ýitýär, ukusyzlyk başlanyp, gaýtarýar, täreti saklanýar. Plazmanyň ýitirilmegi netijesinde gan goýulaşyp, gemoglobiniň we

eritrositleriň sany köpelýär. Leýkositar formula çepe süýşär. Peşewde eritrositler, beloklar, silindirler peýda bolýar.

Septikotoksemiýa döwri ýanyk meýdanynyň üstündäki infeksiýalarynyň täsirleriniň netijesinde başlanýar. Klinikasy öňki döwürden tapawutlanmaýar. Ýanygyň üsti akyp duran iriň bilen örtülýär. Beden temperaturasy gektiki häsiýete geçýär. Ýanyk ýarasy haýal bitýär. Şikeslide ýagyr ýaralary (proležni) emele gelýär.

Rekonwalessensiýa (sagalmak) döwri Şikesliniň beden temperaturasy, ganyň, peşewiň görkezijileri kadalaşyp, işdäsi açylyp, ýanyk üsti bitýär. Ýanygyň häsiýetine dokumalaryň zeperleniş çuňlugyna baglylykda, dört derejä bölünýär:

I derejesi – deri gyzaryp çişýär.

II derejesi epidermisi gopup, açyk sary suwukly gabarçaklar emele gelýär.

III A derejesi – deriniň ýüzleý gatlagy ölüp, uly dartgynly gabarçaklar emele gelýär.

III B derejesi – deriniň ähli gatlagy zeperlenip, emele gelen gabarçaklar gemorragiki suwuklykdan doly bolup, olaryň düýbi aksowult reňkli bolýar. Zeperlenen meýdanynyň duýujylygy ýitýär.

IV derejesi – deriniň çuňlugynda ýerleşen myşsa we süňk dokumalaryna çenli ölýär.

Ýanyklaryň meýdany, köplenç, dokuzlyk we aýa düzgünleri arkaly kesgitlenýär. Uly adamyň aýasynyň meýdany umumy beden üstüniň 1% tutýar. Bu düzgün çäkli ýanyklary kesgitlemekde ulanylýar.

Dokuzlyk düzgüni, boýun we kelle üsti 9%, ýokarky eller – 9% (9x2), göwräniň öňi 18% (9x2), yzy 18% (9x2), aşaky aýaklar – 18% (9x2), ýamyz 1% meýdany tutýar. Adamyň ähli deri örtüginiň üsti 100% bolýar.

**Gaýragoýulmasyz kömek:** Termiki faktoryň bedene edýän täsirini aýyrmaly. Ýanyk ýarasyna aseptiki daňy

goýmaly, agyrysyzlandyrmak üçin narkotiki derman serişdelerinden sanjym etmeli. Şikeslini hassahananyň hirurgiýa bölümine ýerleşdirmeli.

## HIMIKI ÝANYKLAR

Derä we onuň dokumalaryna himiki maddalaryň (turşular, aşgarlar, agyr metallaryň duzlary, fosfor) täsiri netijesinde himiki ýanyklar ýüze çykýar. Önümçilikde we durmuşda turşular, aşgarlar, agyr metallaryň duzlary, fosfor bilen işlenende seresapsyzlyk ýüze çykan halatynda himiki ýanyk ýüze çykyp, dokumadaky beloklaryň lagtalanmagy we suwsuzlanmagy sebäpli dykyz gabyk emele gelip, kaogulýasion nekroz bolýar. Duz turşusynyň ýanygynda ak reňkli, azot turşusynyň ýanygynda sary reňkli, kükürt turşusynyň ýanygynda goýy reňkli bolanda dokumalaryň çuň zeperlenendigini aňladýar. Agzyň, gyzylödegiň, aşgazanyň ýanyklarynda ýerli ýanykdan başga-da himiki maddalaryň toksiki, reseptiw täsiri ýüze çykýar.

**Gaýragoýulmasyz kömek:** haýal etmän, ýanygy akar suwda 10-15 minut ýuwmaly. Kömek gijikdirilen halatynda akar suwda ýuwmany 30-40 minuda çenli uzaltmaly. Soňra turşy galyndylaryny neýtrilizasiýalaşdyrmak üçin 2% natriý gidrokarbonat ergini, aşgarlary neýtrilizasiýalaşdyrmak üçin 2% sirke ýa-da limon turşusy ulanylýar. Fosfor ýanygynda zeperlenme çuň bolýar. Sebäbi fosfor dokuma düşenden soň hem ýanmagyny dowam edýär. Ýanan ýeri haýal etmän ýuwmaly. Jübtek bilen fosforyň galyndylaryny aýyrmaly. Ýanan ýere 3-5% mis kuporosy ýa-da 5% kaliý permenganatyň ergini bilen ýapgy etmeli. Fosfor bilen ýanykda bagyr zeperlenmegi bilen umumy zäherlenmäniň alamatlary ýüze çykmagy mümkin. Şikeslini hassahananyň hirurgiýa bölümine ýerleşdirmeli.

# ELEKTROŞIKESLENME

Durmuşda we önümçilikde tehniki howpsuzlyk çäreleri bozulan halatynda elektroşikeslenmesi ýüze çykýar. Elektrik togy adam bedeninden geçeninde umumy we ýerli üýtgemeler bolup geçýär.

Elektrik togundan zeperlenmegiň agyrlyk derejesi birnäçe faktorlara, täsir edýän toguň parametrlerine (dartgynlygyna, güýjüne), görnüşine (üýtgäp durýan ýa-da hemişelik), ejir çekeniň elektrik toguna indiwidual duýgurlygyna, bedeniň fiziologiki ýagdaýyna (hor, ýadaw, aç, teşnelik we beýlekiler) bagly bolup durýar.

Bedeniň toga garşylygy aşa hor bolmagynda, ýadawlygynda peselýändigi bellenýär, ýöne uky wagty hem-de serhoş ýagdaýda ýokarlanýar. Adamyň derisiniň toga garşylygy, onuň galyňlygyna we çyglylygyna bagly bolup durýar. Çygly deriniň (öl egin-eşik, aýakgap) toga garşylygy peselýär we zeperlenme howpy ýokarlanýar. Tok bilen galtaşýan deriniň garşylygy ýokary bolsa, zeperlenmäniň umumy alamatlary peselýär, ýöne ýerli zeperlenme alamatlary has aýdyň ýüze çykýar.

Elektroşikeslenmede öýjüklerde aýdyň üýtgeşmeler ýüze çykýar, merkezi nerw ulgamynyň işjeňligi bozulýar, bedeniň ulgamlarynyň we agzalarynyň işjeňliginiň neýrogumoral sazlaşygy bozulýar. Elektrik togunyň ýerli we umumy täsirleri tapawutlandyrylýar.

Ýerli täsiri elektroşikeslenme netijesinde dörän ýanyklar sarymtyl-goňur reňkli (toguň belgisi) bolup, derä täsir eden nokadynda 2-3 sm. töweregi bilen daşyna ýaýraýar. Zeperlenmäniň merkezi içine çöken, gyralary galňaýar.

Termiki ýanyklardan tapawutlylykda zeperlenme ojagynyň töweregindäki tüýler ýanmaýar, zeperlenme

meýdanynda agyry we töwereginde gyzarma alamatlary bolmaýar.

**Umumy täsirler:** şikeslide güýçli agyry, ýüzünde gorky alamatlary ýüze çykýar. Myşsalarynyň ýygrylmasy netijesinde şikesli gapdala zyňylmagy mümkin. Käbir ýagdaýda goşar myşsalaryň güýçli ýygrylmagy netijesinde toniki tutgaýlar güýçli bolup, süňkün döwülmegine getirip bilýär.

Agyr ýagdaýda myşsa-nerw ulgamynyň işjeňliginiň bozulmagyna we ýürek garynjyklarynyň fibrilýasiýasy netijesinde ölüme getirip bilýär. Şikeslini kellagyry, baş aýlanma, ýürek bulanma, gaýtarma biýnjalyk edýär. Garnyň ýellenip, içgeçme, peşew bozulmagy ýüze çykýar. Deri we nemli bardalar gögümtil-solgun reňkde bolýar.

Agyr ýagdaýda sinus tahikardiýa ýa-da bradikardiýa ýüze çykýar. Arterial gan basyşy ýokary ýa-da pes bolmagy mümkin. Ýürek tonlary tutuk, dem alyş myşsalaryň gysylmagy netijesinde dem alyş ulgamynda ýiti bozulmalar ýüze çykyp, şikesli huşuny ýitirýär.

**Gaýragoýulmasyz kömek:** ilki bilen toguň täsirinden boşatmaly. Toguň çeşmesini gury taýak ýa-da rezin elligiň kömegi bilen aýyrmaly. Şikesli huşunda bolsa ýatyryp, oňa rahatlyk döretmeli. Rahatlandyryjy (waleriýanka) we analgetikleri (analgin, baralgin) ýüregi kuwwatlandyryjy (kordiamin, sulfakamfokain) serişdeleri bermeli. Dem alşy we ýürek işjeňligi togtan halatynda (kliniki ölüm) haýal etmän emeli dem beriş we ýüregiň göni däl owkalamasyny geçirmeli.

Bu çäräni biologiki ölümiň alamatlary şübhesiz ýüze çykýança dowam etmeli.

Deriniň elektrik togy bilen şikeslenen ýerine aseptiki sargy etmeli. Şikeslini hassahana ýerleşdirmeli.

# III BÖLÜM

# GANAKMADA GAÝRAGOÝULMASYZ KÖMEK

## GANAKMA

Gan damarlarynyň bitewliginiň bozulmagy netijesinde, ganakma ýüze çykýar.

**Ganakmanyň sebäpleri:** gan damarlaryň diwaryna mehaniki täsiri, patologiki hadysalaryň täsiri (inçekesel, gaýnaglama, dömmeler we başgalar) netijesinde, arterial gan basyşynyň ýokarlanmagy, gan kesellerinde, ýokanç gepatitleriň we sepsisiň netijesinde ganyň lagtalanma hadysasynyň bozulmagynda ýüze çykýar.

**Ganakmanyň görnüşleri:** zeperlenen damaryň häsiýetine we görnüşine baglylykda şu toparlara bölünýär.

**Arterial ganakma:** has howply görnüşi bolup, uly arteriýa gan damarlaryndan ganyň akmagy sanlyja minutdan ölüme getirip bilýär. Alamaty – gan açyk-gyzyl reňkde bolup, çüwdürilip akýar. Damaryň merkezi ujy gysylan ýagdaýynda ganakma togtaýar.

**Wena ganakmasy:** arterial ganakmadan tapawutlylykda, wenoz ganakma birsyhly haýal akýar, reňki goýy-gyrmyzy bolýar. Damaryň merkezi ujy gysylan ýagdaýynda gan saklanmaýar. Boýun töweregindäki uly wena damarlary zeperlenen ýagdaýynda howa emboliýasy bolup, ölüme getirip biler (howanyň damara sorulmagy). Howa "dykysy" ýüregiň sag bölümlerini we öýken arteriýasyny dykýar. Bu bolsa gemodinamikanyň birden bozulmagyna getirip, ýüregiň reflektor durmasy we dem alyş merkeziniň ysmazy sebäpli ölüme getirýär.

**Kapillýar ganakma:** ýaranyň üstüniň hemme ýeri ganjymak bolýar. Reňki arterial we wenoz ganyň aralygy görnüşinde bolýar. Bu ganakma gemofiliýada, sepsisde, ganyň lagtalanmasynyň peselmeginde howpludyr. Adatça, kapillýar ganakma öz-özünden saklanýar.

**Parenhimatoz ganakma:** Bu ganakma içki agzalara bagyr, dalak, öýken we böwrekler zeper ýeten ýagdaýynda ýüze çykýar. Şeýle-de parenhimatoz agzalarda antikoagulýant maddalaryň köplügi netijesinde gan lagtasynyň emele gelmezligi sebäpli ýüze çykýar.

Parenhimatoz ýaralanma näsagy ganazlyga getirip, soňra ölüme eltmegi mümkin.

Daşky we içki gan akmalar tapawutlandyrylýar.

Daşky ganakma – ýaranyň alamaty esasynda, deriniň bitewliginiň bozulmagy netijesinde ýüze çykýar.

Içki ganakma – gan içi boş agzalara (aşgazan içegeler we başgalar) ýapyk boşluklara ýa-da döş töwerekdäki dokumalara akýar.

Döş boşlugyna ganakma gematoraks, garyn boşlugyna ganakma gemoperitoneum, bogun boşlugyna ganakma gemartroz, ganyň peşew bilen bölünip çykmagyna gematuriýa, täret bilen çykmagyna melena, ganyň gakylyk bilen çykmagyna gemoapnoe, ganly gaýtarma gematomesiz, ýatgy ganakma – metrorragiýa diýilýär.

Gizlin ganakma alamatsyz geçýär.

Ilkinji ganakma ýaralanan wagty ýüze çykýar. Ikilenji ganakma dürli wagtyň dowamynda ýüze çykýar, ýagny gan damaryna daňylan daňynyň typyp düşmegi, trombuň gopmagy ýa-da eremegi, damaryň dykylmagy, damar diwarynyň gaýnaglamasy netijesinde ýüze çykýar. Irki-ikilenji ganakma ýaralanmadan soň ilkinji günlerde damardaky trombuň gopmagy netijesinde ýüze çykýar.

**Ýiti ganakmanyň klinikasy:** Ganakmanyň agyrlyk derejesi ýitirilen ganyň mukdaryna, tizligine esaslanyp goýulýar (ýerdäki we egin-eşigindäki gan). Gan ýitirmede näsagyň deri örtügi solak, sowuk, şepbik der basyp, azda-kände sianozly bolýar. Näsagda biynjalyk, umumy gowşaklyk, baş aýlanma, ýüreginiň çalt urmagy, teşnelik, ýürek bulanma, gözüniň öňünde "uçganak", pallamak, kähalatda tutgaý bolýar.

Gan ýitirmede, aňynyň bulaşyp ýa-da doly ýitip, arterial gan basyşy peselýär.

Ganyň düzüminde gemoglobiniň we eritrositleriň mukdarynyň azalmagy, ýüzleý leýkositoz kesgitlenýär.

**Gan ýitirmäniň göwrümi:** ýiti gan ýitirme umumy ganyň 10%-ne çenli ýetende ýüze çykýar. Ýeňil gan ýitirme 500 ml. çenli gan ýitirilende ýüze çykýar**.**

Ýöne bu ýagdaýda näsagyň arterial gan basyşyny kän üýtgemeýär. Pulsy çaltlaşýar. Deri örtügi birneme solgun bolýar. Bu görnüşli gan ýitirmäni näsag ýeňil geçirýär.

Aram gan ýitirme: 1 litr gan ýitirilende – arterial gan basyşy kadadan 10-20 mm. ss. peselip, pulsy 1 minutda 100 gezek urýar, deri örtügi solgun bolup, dodagynyň biraz gögermegi mümkin. Näsagyň aňy saklanan, ýöne gowşaklygyň artmagyna, ahyrlaryň sowamagyna, teşnelik duýgusynyň peýda bolmagyna arz edýär. Bu ýagdaý, gemorragiki şoguň I derejesi diýip häsiýetlendirilip, intensiw infuzion terapiýany we bir toparly gan guýmaklygy talap edýär.

Howply ganakma: ýitirilen gan 1,5 litre çenli ýetýär. Gysga wagtlaýyn ýa-da doly däl aňyň ýitirilmegine getirýär. Näsag özüni biynjalykly alyp baryp, daş-töwerege parhsyz bolýar. Pulsy 1 minutda 120-150 gezek urup, gowşak häsiýetli bolýar. Sistoliki gan basyşy 70-80 mm. sim. süt. Deri örtüginiň birden solmagy, aýdyň akrosianoz bolup, sowuk der basýar. Sagatlaýyn diurezi 30 ml/s çenli peselýär.

Bu ýagdaýda gemorragiki şoguň II derejesi diýip hasap etmeli. Ýitirilen ganyň öwezini dolmak üçin, hökmany bir toparly gany, plazmany we orta-iri molekulýar dekstrany goýbermeli.

Näsaga intensiw oksigenoterapiýa geçirip, ähli infuzion terapiýany amala aşyrmaly.

2 litre we ondan köp gan ýitirme ölüm howpuny döredýär. Näsagyň aňy ýitirilen, deri örtügi birden gögerip, bedeni sowap, şepbik der basýar. Periferiki gan damarlarda pulsy kynlyk bilen anyklanýar, uky arteriýalarda pulsuň urşy gowşak bolup, 1 minutda 150 gezek urýar.

Arterial gan basyşy 60 mm. ss. çenli peselip, köplenç halatda, anyklap bolmaýar. Oligouriýa birden ýüze çykýar – 20 mm/s.s pes.

Infuzion bejergi ir başlanan halatynda, üstünlik ýokary bolýar. Suwuklyklary 2-3 sany periferiki wenalardan bir wagtda goýbermek arkaly amala aşyrylmaly.

Gan ýitirmegiň öwezini dolmakda bir toparly gan, plazma, albumin we reopoliglýukin, poliglýukin erginleri giňden ulanylýar.

Asidoz bilen göreşmek üçin 4% – 200 ml. natriý bikarbonat erginini guýmak hökmandyr. Ýürek ýetmezçiliginde ýürek glikozidlerini, kokarboksilazany we adrenolitikleri ulanmaklygy talap edýär.

## GANAKMANY DURUZMAK

Ganakmany wagtlaýyn we gutarnykly duruzmak arkaly amala aşyrylýar. Wagtlaýyn ganakmany duruzmagyň usullary:

Ýaranyň tamponadasy (dykysy) – burundan, jynshanadan, göni içegeden we ýaralardan ganakmada ulanylýar.

Gysýan sargy kelläniň we ahyrlaryň ýüzleý ýaralanmalarynda daşky wena we kapillýar ganakmalarda ähmiýetli bolýar.

Ýokarky we aşaky ahyrlary bedenden ýokary galdyrmaklyk – wagtlaýyn gany duruzmak ýa-da wena ganakmany peseltmek üçin ulanylýar.

Zeperlenen ahyrlaryň bognuna maksimal epilmegini goltukasty, ýaýjykasty, bilek, injik we daban arteriýasyndan ganakmada ulanylýar.

Goltukasty we ýaýjykasty arteriýalaryndan ganakmada, ganakmany duruzmak üçin ellerini arkasyna eltip berkitmeli. Şu ýagdaýda ýaýjykasty arteriýa gapyrganyň ýaýjygyň arasynda gysylýar. Bilegiň we penjäniň damarlarynyň ýaralanmasynda ganakmany duruzmak üçin, eli maksimal epip we tirsek bognuna berkitmeli.

Injikden we dabandan ganakmada dyz bognuna epip, berkitmeli. Barmak bilen uky, but, goltukasty we ýaýjykasty arteriýalarynyň ganakmasynda, zeperlenen ýerden ýokarda arteriýany basmaly.

Uky arteriýasyny döş-ýaýjyk-emzik görnüşli myşsanyň orta-içki gyrasyndan 4-nji boýun oňurganyň kese ösüntgisine tarap barmak bilen basylýar.

But arteriýasyny-gasyk baglaýjysynyň ortarasyndan aşagrakda, gasyk süňküniň kese şahasyna tarap basylýar.

Žgutyň ýokarky we aşaky ahyrlardan, boýundan ganakmalarda, wagtlaýyn ganakmany duruzmak üçin ulanylýar. Köp ýagdaýda Esmarhyň rezin çeýe žguty ulanylýar.

Esmarhyň žguty – uzynlygy 1,5 metr bolan ýogun rezin trubkasydyr. Žgutyň soňunda ony berkitmek üçin demir zynjyry we gaňyrçagy bolýar.

Žguty goýmagyň tehnikasy: ahyrlara žgutyň goýuljak ýerine ilki süpürgiç ýa-da birnäçe gat eplenen bint goýulýar. Soňra zeperlenen ahyrlary biraz galdyryp, žguty çekip, ahyryň

daşyndan 2-3 gezek aýlap, žgutyň soňuny zynjyrlaryň hem-de gaňyrçagyň kömegi bilen berkidilýär, eger-de olar ýok bolsa, onda düwüp daňylýar.

Žgut dogry goýlan bolsa, onda periferiki ahyrlarda puls ýitýär we ganakmasy durýar. Ýylyň sowuk wagtlary, žgut goýlan ahyrlary ýylatmaklyk üçin örtmeli.

Ahyrlara žgut goýlanda, onuň wagtyny we senesini iberilýän resminamada görkezmeli ýa-da žgut goýlan ýeriniň ýokarsyndan näsagyň tenine ruçka bilen bellik etmeli. Näsagyň gutarnykly ganyny duruzmak üçin hassahananyň hirurgiýa bölümine ýerleşdirmeli.

Žgut gyş günleri 1 sagatlyk, tomus günleri bolsa 1,5-2 sagatlyk goýulýar.

# IV BÖLÜM

## KELLEÇANAK ŞIKESLENMELERDE GAÝRAGOÝULMASYZ KÖMEK

### ÝAPYK KELLEÇANAK ŞIKESI

Ýapyk kelleçanak şikesine kelle-beýniniň sarsmagy, möçükmesi we gysylmagy degişli.

Onuň sebäpleri göni şikesler bolup durýar (kellä agyr zat bilen urmak, kelläniň üstüne ýykylmak).

**Kelle beýniniň sarsmagy**: kelleçanak şikesleriniň arasynda köp duş gelýär. Kelle beýniniň sarsmagynda kelleçanak süňkleri zeperlenmeýär.

Güýçli urgynyň täsiri kelle beýnini we onuň suwuk düzümini herekete getirýär (likwor, gan). Netijede ujypsyzja üýtgeşmeler: damarlaryň gysga wagtlaýyn gysylyp, soňy bilen olaryň giňelmegi, wenoz durgunlylyk, beýniniň we gabyk gatlagynyň çişi, nokat şekilli ganöýmeler ýüze çykýar. Bu üýtgeşmeleriň dowamlylygy 1-2 hepdä çekýär.

**Klinikasy:** – huşuny ýitirme gysga wagtlaýyn, birnäçe minutdan birnäçe sagada çenli dowam edýär we retrograd amneziýa (näsag huşuna gelende, özünde näme bolup geçendigini ýadyna düşürip bilenok), gaýtarma peýda bolmagy mümkin. Ýüzüniň reňki solup, käwagt gyzarmagy mümkin. Dem alşy ýüzleý bolýar.

Kelle beýniniň sarsmagynyň ýeňil derejesinde puls çaltlaşyp, tahikardiýa bolýar, agyr derejesinde tersine puls haýallanyp, bradikardiýa bolýar.

Göreçleriniň deň derejede daralyp ýa-da giňelip, burun-dodak üçburçlugynyň gasynlary ýeňil ýazylmagy mümkin. Soňra kellagyry, baş aýlanma, gulagyna goh eşidilip, kellesinde

agyrlyk duýgusy, gözi oýulan ýaly, ýagtylyk düşende we hereket edende agyrynyň güýçlenmegi ýaly alamatlar peýda bolýar. Monna-Gurewiçiň alamatynda oňurga ýiliginiň punksiýasynda likworda patologiki üýtgeşmeler ýok, ýöne likworyň basyşy ýokary bolup biler.

Sedonyň alamatynda şikes alandan soň birnäçe günden ukusyzlyk, gaharjaňlyk, derlemeklik, umumy gowşaklyk, kitap okanda gözüniň çaşylygy başlanýar.

Kelle beýniniň möçükmesinde beýni dokumasynda morfologiki bozulmalar, beýni maddasynyň ojaklaýyn dargamagy (mynjyramagy, ýyrtylmagy, ýumşamagy, ganöýmesi we başgalar) bellenilýär.

Zeperlenen ojak, köplenç, gabyk gatlagynda, gabykasty gatlakda we beýni gabygynda ýerleşýär. Beýni sütüninde, beýnijikde, beýni garynjyklarynda ýerleşen ganöýmeler örän howply bolýar.

**Klinikasy:** huşuny ýitirme dowamly wagta çekip, birnäçe günden birnäçe hepdä çenli dowam edýär. Retrograd amneziýa has aýdyň ýüze çykýar. Beden temperaturasynyň ýokarlanmagy, umumy ganyň barlagynda neýtrofil leýkositoz, likworda mydama ganyň bardygy bellenilýär.

Kelle beýni möçükmesinde ýerli merkezi alamatlary: kelleçanak – beýni nerwleriniň we ahyrlaryň ysmazlygy we parezi, gemiplegiýa, patalogiki refleksler ýüze çykýar.

Kelle-beýniniň gysylmagynyň has agyr geçişi bellenilýär. Kelle beýniniň gysylmagy ýuwaş-ýuwaşdan beýniniň çişmegi, gematomanyň ulalmagy (damaryň ýyrtylmagy) netijesinde we döwlen kelle süňkleriniň basyşy kelle beýnisiniň gysylmagyna getirýär. Gematomalar ýerleşişi boýunça bölünýär:

– subdural-beýniniň gaty gabygynyň aşagynda;
– epidural-beýniniň gaty gabynyň üstünde;
– subarohnoidal-beýniniň ýumşak gabygynyň astynda;
– beýni içki – beýni maddasynda.

**Klinikasy:** kelle-beýni gysylmasy ýuwaş-ýuwaşdan ulalýan gematomanyň hasabyna laýyklykda açyk aralyk diýip atlandyrylýan ýagdaý bolup, ol birnäçe minutdan birnäçe sagada çenli dowam edip, soň huşuny ýitirme bilen gutarýandygy bellenilýär.

Bradikardiýa peýda bolup, puls 1 minutda 40-50 gezek urýar. Göreçleri ilki daralyp, soň giňelýär. Zeperlenen tarapynda ýagtylyga bolan gyjyndyrma ýitýär. Gaýtarmak we ýuwdunmak akty bozulýar. Açyk aralykda kellagyry we baş aýlanma ýüze çykýar.

Şikesi kesgitlemekde oňurga – ýilik punksiýasynyň görkezijileri we kliniki alamatlary esasy orny eýeleýär.

Epidural gematomada huşuny ýitirme çalt ýüze çykýar, likwordaky basyş ýokarlanýar. Subdural gematomada açyk aralyk dowamly, likworda gan bolýar.

Subarohnoidal gematomada açyk aralyk birnäçe güne çenli dowam edip, huşuny ýitirme bolmaýar, likworda gan köp bolýar.

Umumy beýni gysylmanyň ösmegi bilen gysylma alamatlaryň we beýni dislokasiýasy has aýdyň ýüze çykýar: ganöýme tarapda kelleçanak – beýni nerwleriniň parezi we ysmazlygy (anizokoriýa, ýokary gabygyň ptozy, görejiň daralmagy, soňy bilen giňelmegi, çaşylyk) ahyrlaryň myşsalarynyň parezi we ysmazlygy (monoplegiýa parologiki refleksler bilen, epileptiki tutgaýlar) garşylykly tarapda ýüze çykýar.

**Kelleçanak gümmeziniň döwügi**: Mehanizmi göni şikes. Kelleçanak gümmeziniň döwügi häsiýeti boýunça çat açan, ownuk we süňk dokumasynyň defekti görnüşinde bolup biler. Döwükleriň bu görnüşi, esasan hem, ok bilen ýaralanmalarda duş gelýär.

Döwükler doly we doly däl görnüşlere bölünýär. Doly döwük süňküň bütin galyňlygyna ýaýraýar, doly däl döwük

kelleçanak gümmeziniň içki ýa-da daşky gabygynyň ýyrtylmagynda ýüze çykýar.

Ownuk döwükde hem-de içki gabygyň döwüginde beýni gabygy we beýni maddasy zeperlenýär. Şu ýagdaý açyk döwüklerde hem bolup biler.

**Klinikasy:** umumy beýni alamatlary bolup, beýniniň sarsmagy hem-de möçükmesi bilen bagly bolan, başga-da beýniniň bölekleýin zeperlenmegi bilen ojaklaýyn alamatlar ýüze çykýar.

**Kelleçanak esasynyň döwügi** – beýiklikden kelläniň we aýaklaryň üstüne ýykylmagy netijesinde kelleçanagyň esasynyň döwülmesi ýüze çykýar (esas we çekge süňki).

**Klinikasy: –** Kelleçanak esasynyň döwügini kesgitlemek onuň anamnezine we ganakmanyň ýerleşýän ýerine bagly. Kelleçanagyň öňki çukurjygynyň zeperlenmesinde ganakmanyň netijesinde gözüň daş-töwereginde "äýnek alamaty" peýda bolýar. Burundan ganakmada kelleçanagyň ortaky, yzky çukurjyklarynda zeperlenme bolanda gan kentlewükde bolup, gulakdan gan akýar.

Yzky çukurjykdaky zeperlenmede gan emzik görnüşli ösüntginiň töwereginde bolýar. Kähalatda burundan we gulakdan likworyň akmagy mümkin.

Kelleçanak esasynyň döwüginde kelleçanak beýni nerwleri (ýüzüň nerwisi, äkidiji we gözi hereketlendiriji nerwleri) zeperlenýär. Beýni gabyklarynyň gyjyndyrylmagy netijesinde meningizm ýüze çykýar (ýeňse myşsalarynyň regidligi).

# AÇYK KELLEÇANAK BEÝNI ŞIKESI

Açyk kelleçanak beýni şikesinde, ýumşak dokumalar, kelleçanak süňkleri, beýniniň gaty gabygy, käbir ýagdaýlarda beýni maddasy zeperlenýär. Şikesiň bu görnüşi kellä ýiti jisim bilen urgy bolanda, ok ýaralanmasynda düşýär. Açyk kelleçanak beýni şikesini anyklamak kynçylyk döretmeýär. Operasion stolda barlag (rewiziýa) edilende ýumşak dokumanyň, kelleçanak süňkleriniň, beýni maddasynyň zeperlenmesiniň ululygyny we häsiýetini anyklap bolýar.

Gaýragoýulmasyz kömek: şikeslini gyssagly hassahananyň hirurgiýa ýa-da neýrohirurgiýa bölümine şitiň üstünde arkanlygyna ýatyryp, kellesi gapdala öwrülen ýagdaýda ýa-da zerurlyk bolanda (köp gaýtarma we ýürek bulanma bolanda) durnukly gapdal ýagdaýda getirip, ibermeli.

Ýaradan ýa-da gulakdan gan ýa-da likwor akanda ýuwmak we tampon goýmak bolmaýar, oňa diňe aseptiki sargy etmeli. Koma ýagdaýynda ýokary dem alyş ýollaryny nemden, gandan we gaýtarma massalaryndan arassalamaly, howa geçiriji trubkany goýmaly, dilini tikmeli ýa-da traheostomiýa goýmak zerurdyr. Zerurlyk ýüze çykan halatynda narkotiki däl analgetikleri (analgin, baralgin) ýürek glikozidleri (strofantin, korglýukon) goýbermeli.

# V BÖLÜM

# DÖŞ KAPASASYNYŇ ÝARALANMASYNDA GAÝRAGOÝULMASYZ KÖMEK

## DÖŞ KAPASASYNYŇ ÝARALANMASY

Döş kapasasy içinden parran geçýän we geçmeýän ýaralanmasyna bölünýär. Döş boşlugyndaky agzalary zeperlenýän we zeperlenmeýän görnüşlerine bölünýär. Ýaralanmanyň netijesinde plewral boşlugyň bitewiligi bozulyp, pnewmotoraks we gemotoraks emele gelýär.

Döş boşlugyndaky agzalaryň (öýken, ýürek, iri gan damarlary) ýaralanmasy netijesinde köp gan ýitirmä we şoga getirýär.

## PNEWMOTORAKS

Plewral boşlugyna howanyň ýygnanmagyna pnewmotoraks diýilýär. Howa plewral boşlugyna döş kapasasynyň ýaralanmasynda, bronhlaryň ýa-da öýkeniň ýyrtylmasy netijesinde düşýär. Pnewmotoraks açyk, ýapyk we gabsaly görnüşlere bölünýär.

**Açyk pnewmotoraks** plewral boşlugyň daşky gurşaw bilen erkin arabaglanyşygynyň netijesinde howa plewral boşlugyna girip we çykyp durmagy bolýar. Plewral boşlugynda otrisatel basyş bolýar. Açyk pnewmotoraksda howa plewral boşluga düşüp, öýkeni gowşadyp, gursagarany sagdyn tarapa süýşmegine getirýär. Gursagara gysylan öýkeniň dem alyş hem-de ýüregiň işjeňligini kynlaşdyryp, netijede plewranyň nerw reseptorlaryny gyjyndyryp, trawmatiki neýroreflektor plewropulmonal şogy ýüze çykýar.

Öýkeniň kollapsy netijesinde paradoksal dem alyş peýda bolýar. Dem alnanda sagdyn öýkene howa traheýadan, şeýle-de gowşak öýkenden, dem çykarylanda sagdyn öýkendäki howanyň bir bölegi gowşan öýkene düşýär. Paradoksal dem alyş öýken wentilýasiýasyny bozup, gipoksiýany çuňlaşdyrýar.

**Ýapyk pnewmotoraks** uly bolmadyk ýaralanmada howa plewral boşluga düşüp, ýara kanalynyň ýumşak dokumanyň çalt gysylmagy netijesinde yzyna çykyp bilmeýär. Plewral boşluga düşen howa we onuň ujypsyz ýygnanmagy öýkeniň funksional bozulmasyna getirmeýär.

Perkussiýada pnewmotoraksyň töwereginde guty sesi eşidilýär, auskultasiýada bolsa dem alşyň birden peselýändigi eşidilýär.

**Gabsally ýa-da dartgynly pnewmotoraks** – bronhlaryň, öýkeniň bitewliginiň klin görnüşli ýaralanmasynda, öýken bullasynyň ýyrtylmasy netijesinde ýüze çykyp, dem alyş wagty plewral boşluga düşýän howa, dem çykarylanda gabsalynyň ýarasynyň ýapylmagy bilen howa yzyna çykyp bilmeýär. Her gezek dem alnanda şeýle ýagdaýyň gaýtalanmagy netijesinde plewral boşlugynda howanyň köp möçberde ýygnanmagy öýkeniň kollapsyna hem-de gursagaranyň sagdyn tarapyna süýşmegine getirýär. Öýkeniň kollapsy netijesinde, iri damarlaryň egrelmegi we ýüregiň süýşmegi netijesinde ýürek gan-damar we dem alyş ulgamynyň agyr bozulmalaryna getirýär. Näsagyň ýagdaýy agyr bolup, sianozy aýdyň bildirip, dem alşy kynlaşýar. Seredilip görlende, şikesliniň şikes ýeten tarapyndan gapyrga arasynyň giňelendigi görünýär. Perkussiýada guty sesi eşidilip, auskultasiýada dem alşy eşidilenok ýa-da peselen. Ýürek serhetleriniň sagdyn tarapa biraz ýa-da aýdyň süýşmegi (2-4 sm.) bolýar.

Gemotoroks – plewral boşlugyna ganyň ýygnanmagyna aýdylýar. Gemopnewmotoraks içinden parran geçýän ýaralanmadan soň ýüze çykýar. Plewral boşluga döş kapasanyň zeperlenen damarlaryndan, öýkenden we gursagaradan gan akýar.

Gemotoroks, kiçi aralyk we uly görnüşlerine bölünýär. Kiçi gemotoroksda ganakma az bolup, gan sinuslary doldurýar. Aralyk gemotoroksda-akan ganyň derejesi pilçäniň ortasyna ýetýär.

Uly gemotoroksda ganakma uly möçberde bolany üçin, plewral boşlugyň belli bölegini we pilçäniň ortaky derejesinden ýokarsyna çenli eýeleýär.

Öýken köküniň uly damarlarynyň zeperlenmelerinde, köplenç, ölüm howpuny döredýär. Gemotoroks ýiti ganakmanyň alamaty netijesinde anyklanylýar. Perkussiýada öýkeniň zeperlenen bölüminde kütelen ses, auskultasiýada gowşan dem alyş eşidilýär.

Öýken ýaralanmasy ganly gakylyk, käwagt öýken ganakmasy, gemopnewmotorks, derasty emfizema bilen häsiýetlenýär. Öýkeniň titremesiniň güýçlenmegi, çygly hyžžyldylar, gemopnewmotoraksyň ösmegi netijesinde plewral boşlukda suwuklygyň derejesini anyklap bolýar. Gutarnykly kesgitlemäni rentgen barlagynyň netijesinde goýulýar.

**Gaýragoýulmasyz kömek:** açyk pnewmotoraksy, ýapyk pnewmotoraksa öwürmek maksady bilen döş kapasasynyň ýarasyna ýelmeşýän plastyr ýa-da ilkinji kömek üçin niýetlenen rezinli paketiň içki (steril) tarapy germetirlenen daňy hökmünde goýlup, sargy bilen berkidilýär.

Ýapyk pnewmotoraksa – plewral boşlugyndan howany çykarmak üçin punksiýa edilýär.

Gabsally pnewmotoraksda-plewral punksiýa edilip, howany şpris bilen sordurylyp alynýar. Agyr ýagdaýlarda

plewral boşlugyna ýogyn iňňe (Dýufa tipde) sanjylyp, ony derä berkidilip, üstüni hasa sargysy bilen ýapylýar.

Öýken ganakmasynda wena damaryna 10% – 10 ml. kalsiý hloridiň erginini, etiň içine 1% – 1 ml. wikasol sanjym edilýär. Zeperlenen tarapda wagosimpatiki blokada edilip, ýüregi kuwwatlandyryjy (sulfakamfakain, korazol), agyrysyzlandyryjy promedol, analgin, baralgin derman serişdelerinden sanjym edip, kislorod berilýär. Şikeslileri ýarym oturdylan ýagdaýda hassahananyň hirurgiýa bölümine ibermeli.

## ÝÜREK ÝARALANMASY

Ýürek ýarasy, köplenç, ok we sowuk ýaragy ulanylmagynyň netijesinde ýüze çykýar. Köplenç, garynjyklar esasan hem, çep garynjyk ýaralanýar. Ýürek ýaralanmasynyň 1/3 bölegi dessine ölüme getirýär.

**Klinikasy:** ýürek ýany torbadaky toplanan ganyň netijesinde ýüregiň tamponadasynyň alamatlary ýüze çykýar.

Näsag ýürek töweregindäki agyra, baş aýlanma, demgysma, ölüm gorkusyna arz edýär. Deri örtügi solak, ýüz keşbi ýitileşen, pulsy çaltlaşan, 1 minutda 120-160 gezek urýar. Arterial gan basyşy peselip, wenoz gan basyşy ýokarlanýar. Dem alşy çaltlaşan, ýüzleý. Agyry çep pilçä, egne we garnyna ýaýraýar. Ýürek tonlary eşidilmeýär. Perikartda ganyň toplanmagy netijesinde ýürek serhetleri ulalýar we rentgende gowy görünýär.

**Gaýragoýulmasyz kömek:** şikeslini haýal etmän, maksimal rahatlyk döredip, ýüreginiň töweregine sowuk goýup, agyrysyzlandyryjy derman serişdelerinden (promedol, analgin, baralgin) sanjym edip, hassahananyň hirurgiýa bölümine ýerleşdirmeli. Bejergi operasiýa arkaly amala aşyrylýar.

# VI BÖLÜM

# GARYN BOŞLUGYNYŇ ŞIKESLENMESINDE GAÝRAGOÝULMASYZ KÖMEK

## GARYN BOŞLUGYNYŇ AÇYK WE ÝAPYK ŞIKESLENMESI

Garyn boşlugynyň açyk we ýapyk şikeslenmesi (ýaralanmasy) garyn boşlugyndan parran geçýän we geçmeýän hem-de garyn boşlugynyň agzalarynyň zeperlenmegine we zeperlenmezligine bölünýär. Harby döwürde ok atýan ýaraglardan, parahatçylyk döwründe, köplenç, pyçakdan ýaralanylýar. Garyn boşlugynda, köplenç, içi boş agzalaryň aşgazany, inçe we ýogyn içegeler hem-de parenhimatoz agzalar, bagyr we dalak zeperlenýär.

## AŞGAZANYŇ WE IÇEGELERIŇ ZEPERLENMEGI

Aşgazanyň we içegeleriň zeperlenmegi şikesiň güýjüne we häsiýetine, urgynyň ugruna, aşgazanyň we içegeleriň içiniň dolmasyna laýyklykda, içi boş agzanyň diwarynyň möçükmesi netijesinde subseroz we nemasty ganöýmäniň emele gelmegi bilen utgaşyp, doly we doly däl diwaryň ýyrtylmagy netijesinde içindäkileriň garyn boşlugyna dökülmegi bilen häsiýetlenýär.

Içi boş agzalaryň ýaralanmagy uly bolmadyk deşilme, kesilme, köpsanly ýyrtylma netijesinde ýüze çykýar.

**Klinikasy:** aşgazanyň we içegeleriň zeperlenmegi şikesiň agyrlygyna bagly bolup, näsagyň ýagdaýy, içi boş agzalaryň bitewiliginiň bozulmasynyň bardygyna ýa-da ýokdugyna baglydyr.

Içi boş agzalaryň bitewiligi bozulmadyk möçükmesinde näsag garyn boşlugyndaky agyra arz edýär.

Aşgazanyň zeperlenmesinde agyry epigastral töwereginde ýerleşýär. Içegeleriň zeperlenmesinde agyry ýaýran görnüşde, köplenç, göbegiň töwereginde we garnyň aşagynda ýüze çykýar.

Agyr şikeslenmede şoguň alamatlary ýüze çykýar. Garyn basylyp görlende agyry we garnyň öňki diwarynyň rezistentligi anyklanylýar. Aşgazanyň we içegeleriň bitewiligi bozulan ýapyk zeperlenmesinde we ýaralanmasynda näsag garnyndaky ýiti agyra arz edýär. Näsagyň ýagdaýy agyr bolup, şoguň alamatlary ýüze çykýar. Barlanylanda garnyň öňki diwarynyň myşsalarynyň dartgynlylygy anyklanylýar, pnewmoperitoneum alamatlary, garyn perdesiniň gyjynmasy we çalt emele gelýän peritonit alamatlary ýüze çykýar. Perkussiýada bagyr kütekliginiň ýitendigi bildirýär. Umumy rentgen barlagynda diafragmanyň aşagynda erkin gaz tapylýar. Damarlaryň bitewiligi bozulanda içki ganakma alamatlary anyklanylýar. Agyr ýagdaýda keseli anyklamak üçin laparoskopiýa usuly ulanylýar.

**Gaýragoýulmasyz kömek:** ýara aseptiki sargy etmeli. Garyn boşlugyndan daşary çykan içki agzalary yzyna salmak bolmaýar. Agyrysyzlandyryjy derman serişdelerinden (promedol, analgin, baralgin) sanjym edip, şikeslini göterijide arkanlygyna ýatyryp, hassahananyň hirurgiýa bölümine ibermeli.

# BAGRYŇ ZEPERLENMESI

Bagryň zeperlenmesi garyn boşlugynyň agzalarynyň agyr zeperlenmesiniň toparyna degişli bolup durýar. Bagryň açyk we ýapyk zeperlenmesi tapawutlandyrylýar. Bagryň zeperlenmesi göni şikes, ýaralanma, gysylma, urga garşy agyr sarsma, beýiklikden ýykylmak netijesinde ýüze çykýar.

Bagryň patologiki üýtgän ýagdaýynda (gyzzyrma, merezýel, bagyr gatysy) bagryň zeperlenmesi ýüze çykyp bilýär.

Bagryň zeperlenmesiniň görnüşleri:

1. Kapsulanyň bitewiligi bozulmadyk (suwkapsulýar we merkezi gematoma).
2. Kapsulanyň bitewiligi bozulmasy (jaýryk, ýyrtylma, mynjyrama).

**Klinikasy:** näsagyň ýagdaýyna, şikesiň agyrlygyna we onuň häsiýetine bagly. Bagryň kapsulasynyň bitewiligi saklanan ýagdaýynda näsag bagryň töweregindäki agyra arz edýär. Sag gapyrga eteginde myşsalaryň dartgynlygy we agyrylygy anyklanylýar.

Deriniň we nemli bardanyň saralmagy, umumy gowşaklyk we tahikardiýa ýygy duş gelýär. Uly gematomalarda we bagryň dargamagynda näsagyň ýagdaýy ýiti intoksikasiýasynyň, bagryň funksiýasynyň agyr bozulmasynyň we şoguň ýüze çykmagy bilen baglanyşykly agyry bolýar. Subkapsulýar gematoma kapsulanyň ýyrtylmagy bilen gaýrüzülme (bagryň iki pursatlaýyn ýyrtylmasy), garyn içki ganakmasy we ötli peritonitiň alamatlary ýüze çykýar.

Bagryň zeperlenmesi kapsulanyň bitewiligi bozulmasy bilen ýüze çykanda agyr geçip, şok, içki ganakmanyň we peritonitiň alamatlary bilen ýüze çykýar. Näsagyň bedeni solgun reňkde bolup, ol umumy gowşaklyga, baş aýlanma we garyn boşlugyndaky güýçli agyra arz edýär. Näsag sag tarapyna ýatýar

ýa-da ýarym oturan mejbury ýagdaýda bolýar (wanka-wstanka alamaty).

Barlanylanda näsagyň ýagdaýy agyr, derisi solgun, sowuk der bilen örtülen we seýrek bolmadyk akrasianoz ýüze çykýar. Agyr ýagdaýda huşuny ýitirmekligi, arterial gan basyşynyň birden düşmekligi we sapak görnüşli pulsy anyklanylýar. Garny çişen, dem alşa gatnaşmaýar. Palpasiýada myşsalaryň dartylmasy we sag gapyrga eteginde has aýdyň Şýotkin-Blýumbergiň položitel alamaty anyklanylýar. Perkussiýada garyn boşlugynyň gapdal kanallarynda gan we ödüň toplanmagy sebäpli kütek ses eşidilýär. Näsag durkuny üýtgedende kütekligiň araçäkleri hem üýtgeýär.

Bagryň ýokarky bölümi ýyrtylan ýagdaýynda diafragmanyň sag gümmeziniň aşagyna gan toplanmagynyň netijesinde bagyr araçäkleri ýokarlygyna ulalýar. Rentgen barlagynda diafragmanyň sag gümmeziniň ýokarlygyna galmagy we hereketiniň çäklenmesi, bagyr kölegesiniň ulalmasy, näsag durkuny üýtgedende garynda süýşýän erkin suwuklyk anyklanylýar. Ganyň umumy barlagynda gemoglobiniň we eritrositleriň sanynyň azalmagy we leýkositoz ýüze çykýar. Bagyr zeperlenmesinde ganazlygyň progressirleýän alamaty häsiýetli bolýar.

**Gaýragoýulmasyz kömek:** ýara aseptiki sargy edip, näsagy arkan ýatyryp, seresaplyk bilen hassahananyň hirurgiýa bölümine ibermeli.

# DALAGYŇ ZEPERLENMESI

Dalagyň açyk we ýapyk şikesi tapawutlandyrylýar.

Dalagyň zeperlenmesi, köplenç, dalak töweregine göni şikeslenme, gysylma, garnyň agyr sarsmagy, ok we sowuk ýaraglar bilen ýaralanmagy netijesinde, dalagyň patologiki üýtgeşmesinde (gyzzyrma, splenomegaliýa) ýüze çykýar. Dalagyň zeperlenmesiniň görnüşleri:

1. Doly zeperlenmede kapsulanyň bitewliginiň bozulmasy (ýekeleýin we köpçülikleýin ýyrtylma, mynjyrama).
2. Subkapsulýar zeperlenmede, kapsulanyň bitewiligi bozulmazlygy (merkezi we dalak ýany gematomalar).

Kapsulanyň bitewiligine garamazdan onuň ýyrtylmasy netijesinde garyn boşlugynda güýçli ganakma ýüze çykýar (dalagyň iki pursatlaýyn ýyrtylmasy).

**Klinikasy:** köplenç halatda, dalagyň bir pursatlaýyn ýyrtylmasy ýüze çykanda: ýiti güýjeýän ganakma, şoguň alamatlary we garyn perdesiniň gyjynmasy anyklanylýar. Näsag umumy gowşaklyga, baş aýlanma, garyn boşlugyndaky güýçli agyra arz edýär. Näsag mejbury ýagdaýda bolup, çep gapdalyna ýatyp, aýaklaryny garnyna tarap epýär (wanka-wstanka alamatlary). Köp gan ýitirmede we şok sebäpli ýürek-damar ulgamynyň agyr bozulmalary, kollaps we huşuny ýitirme ýagdaýlar ýüze çykýar. Garny dartgynly, dem alşa gatnaşmaýar. Garnyň palpasiýasynda gapyrga eteginde güýçli agyry, Şýotkin-Blumbergiň položitel alamaty anyklanylýar. Perkussiýada garyn boşlugynyň gapdal kanallarynda kütek ses eşidilýär. Göni içege boşlugynda ganakma sebäpli göni içege-ýatgy (aýallarda), ýa-da göni içege-peşew halta (erkeklerde) çuňlugynda agyry we sallanmaklyk duýgusy (Duglas giňişligi) duýulýar.

Rentgen barlagynda diafragmanyň çep gümmeziniň ýokarda durmagy we hereketiniň çäklenmegi anyklanylýar.

Näsagyň durky üýtgände garyn boşlugynyň aşaky bölüminde süýşýän erkin suwuklyk anyklanylýar. Dalagyň subkapsulýar zeperlenmesinde näsag çep gapyrga eteginde agyra we dolulyk duýgusyna arz edýär. Barlanylanda çep gapyrga eteginde myşsanyň dartgynlylygy we agyrlyk duýulýar.

**Gaýragoýulmasyz kömek**: näsagy arkan ýatyryp, haýal etmän hassahananyň hirurgiýa bölümine ýerleşdirmeli.

# VII BÖLÜM

# GARYN BOŞLUGYNYŇ KESELLERINIŇ GAÝRAGOÝULMASYZ KÖMEGI

## ÝITI GARYN

"Ýiti garyn" bu alamatlar toplumy bolup, garyn boşlugynyň perdesiniň gyjyndyrmasynda ýa-da sowuklamasynda ýüze çykýar. "Ýiti garnynyň" sebäpleri:

– garyn boşlugynyň agzalarynyň (bagyr, dalak, aşgazan, içegeler) şikeslenmesi;

– garyn boşlugynyň agzalarynyň ýiti sowuklamasy we şonuň bilen birlikde peritonit;

– boşlukly agzalaryň (aşgazanyň we onikibarmak içegäniň baş keseli) deşilmegi;

– içegeleriň mehaniki geçirmezligi;

– mezenterial hem-de wena gan aýlanyşygynyň ýiti kemçiligi sebäpli döreýän içegeleriň infarkty we çüýremegi bilelikde dinamiki içege geçirmezligine eltmegi;

– garyn boşlugynda we aşgazan-içege ýollaryndaky içki ganakmasy;

– ýatgydan daşky göwrelilik, ýumurtgalaryň apopleksiýasy, ýumurtgalygyň kistalary we döremeleri, ýatgynyň miamotozly çüýremesi ýaly ýiti sowuklamalary.

**Klinikasy:** garynda agyry peýda bolup, garyn myşsalary dartgynly (tagta görnüşli garyn) ýagdaýda durýar. Şýotkin-Blýumbergiň alamaty ýüze çykýar (garyny barmaklar bilen basyp, birden aýranda agyry güýçlenýär). Näsagyň gusmagy we içi geçmegi mümkin. Bedeniniň gyzgyny $39^0$-$40^0$C ýetýär. Ganda leýkositler köpelýär.

Gaýragoýulmasyz kömek: ýiti garna güman edilende näsagy hökmany hassahananyň hirurgiýa bölümine haýal etmän ýerleşdirmeli.

Näsaga iýmek, içmek, arassalaýjy klizma etmek, agyrysyzlandyryjy derman serişdelerini, antibiotikleri sanjym etmek, grelkany garnynyň üstüne goýmak düýbünden gadagan.

Garyn boşlugynyň agzalarynyň ýiti hirurgiki keselleriniň geçişi öz wagtynda operatiw bejergini bermäge bagly bolup durýar.

## PERITONIT

Peritonit – bu garyn boşlugynyň perdesiniň sowuklamasy. Onuň döremegine garyn boşlugyndaky ýiti keseller we ondaky şikeslenmeler sebäp bolup biler.

Peritonitiň klassifikasiýasy:

1. Etiologiýasy boýunça: aseptiki we ýokançly.
2. Döredijiniň görnüşi boýunça: stafilakokly, streptokokly, içege taýajykly, garyşyk floraly.
3. Ýaýraýşy boýunça: ýaýran (diffuz), ýerli (çäklenen).
4. Emele gelýän sebäbine görä: deşilme, şikeslenme, operasiýadan soňky, gematogen, kriptogen.

Ýaýran peritoniti çäklendirilmedik ýagdaýda garyn boşlugynyň ähli ýerine ýaýrap, garyn boşlugynyň perdesiniň sowuklamasyna getirýär.

**Klinikasy:** peritonit birinji keseliň gaýraüzülmelerinden soň emele gelýänligi bilen baglanyşykly olaryň alamatlary garyşykly gelýär. Näsag garnynda agyra, gowşaklyk, teşnelik, ýürek bulanma arz edýär. Eger peritonit boşlukly organlardaky ýaralaryň böwsülmegi netijesinde ýüze çykan bolsa, onda "hanjar sokulan" ýaly güýçli agyry bolýar. Agyry soňy bilen garyn boşlugyna ýaýrap, ýaýran häsiýete geçýär. Näsag arkanlygyna ýa-da gapdala ýatyp, aýaklaryny epläp, garnyna

degrip ýatýar. Näsagyň ýüz keşbi ýitileşen, gözleri içine çöken (Gippokratyň ýüzi) deri örtügi sarymtyl-ýeriň reňkinde bolýar. Beden temperaturasy ilki $38^0$-$39^0$C-a çenli galyp, soňra kada ýa-da ondan hem aşaga düşýär (gaýçynyň alamaty). Puls çaltlaşan 1 minutda 120-140 gezek urýar. Arterial gan basyşy aşaklanýar. Dili gury, üsti ak örtük bilen örtülen. Ganda leýkositoz 15000-30000, leýkositar formula çepe süýşýär. Garnyň myşsasy dartgynly. Şýotkin-Blýumbergiň alamaty (garny barmaklar bilen basyp, birden aýranda agyry güýçlenýär) položitel. Intoksikasiýa ösýär.

Boşlukly agzanyň deşilmegi netijesinde bagryň kütekligi ýitip, rentgen barlagynda diafragma gümmeziniň aşagynda gazyň bardygy anyklanýar.

**Gaýragoýulmasyz kömek:** näsagy hökmany hassahananyň hirurgiýa bölümine haýal etmän ýerleşdirmeli. Operatiw usulda bejerilýär.

Näsaga iýmek, içmek, arassalaýjy klizma etmek, agyrysyzlandyryjy derman serişdelerinden sanjym etmek, grelkany garnynyň üstüne goýmak düýbünden gadagan.

Çäklendirilen peritonit garyn diwarynyň ýaralanmagy, aşgazan we onikibarmak içege baş keseliniň böwsülmegi, ýiti appendisitiň we başgalaryň netijesinde ýüze çykýar. Çäklendirmä ýag örtügi, inçe içege we garyn boşlugynyň anatomiki aýratynlygy sebäp bolup biler.

**Klinikasy:** – agyry belli bir ýerde ýüze çykyp, şol ýeriniň myşsasy dartgynly ýagdaýda bolýar. Beden temperaturasy ýokarlanýar. Ganda leýkositoz. Duglasow boşlugyndaky abssesde täret agyryly, barmak bilen göni içege barlananda göni içegäniň diwarynyň sallanyp durandygy anyklanýar.

Iriňli boşluk ýyrtylan halatynda iriň garyn boşlugyna ýaýrap, çäklendirilen peritonit, ýaýran peritonite geçmegi mümkin.

**Gaýragoýulmasyz kömek**: näsagy hökman hassahananyň hirurgiýa bölümine haýal etmän ýerleşdirmeli. Operatiw usulda bejerilýär.

## ÝITI APPENDISIT

Gurçuk şekilli ösüntginiň sowuklap çişmesine appendisit diýilýär.

Ýiti appendisitiň etiopatogenezi doly öwrenilmedik. Gurçuk şekilli ösüntginiň nerw sazlaşygynyň, ondaky gan aýlanyşygynyň bozulmagy, gurçuk şekilli ösüntgide trofiki üýtgemelere getirýär.

Nerw – regulýator apparatyň disfunksiýasy üç faktoryň esasynda ýüze çykýar.

1. Sensibilizasiýa (allergiki komponent – iýmit allergiýasy, gurçuk inwaziýasy).

2. Reflektor ýol (aşgazan, içege, öt halta keselleri).

3. Yzygiderli gyjyndyrmak (gurçuk şekilli ösüntgide del jisim (beden), täret daşlary bilen gysylmasy).

**Klinikasy we anyklanylyşy:** ýiti appendisitiň hemişelik we hökmany alamaty – agyry.

Ýiti appendisitde agyry epigastral we göbegiň töwereginde (wisseral agyry) ýerleşýär. Keseliň emele gelşiniň dowamynda sag ýanbaş töweregine (Koher-Wolkowiçiň agyrynyň garyşma alamaty) ýaýraýar.

Agyrynyň ýerleşýän ýeri gurçuk şekilli ösüntginiň ýerleşen ýerine gabat gelýär. Agyry sag ýanbaş töwereginde duýulman, göbegiň töwereginde, garnyň aşagynda (ösüntginiň çanaklykda ýerleşmeginde), bil töwereginde (ösüntgi retrasekal ýerleşende) anyklanylmagy mümkin.

Seýrek bolmadyk ýagdaýda agyry başlandan sag ýanbaşda ýerleşip bilýär. Ýürek bulanma agyrydan soň ýüze

çykyp, gaýtarma bilen utgaşyp bilýär. Içege pareziniň netijesinde keseliň başyndan täretiň saklanmagy mümkin. Keseliň irki döwürlerinde obýektiw barlaglarda, näsagyň umumy ýagdaýynyň bozulmagy ýa-da kesel güýjände erbetleşýändigi anyklanýar. Bedeniň temperaturasy kadaly, gurçuk şekilli ösüntginiň trofiki üýtgeşmelerine laýyklykda 37-$38^0$C-a çenli ýokarlanýar. Puls biraz çaltlaşan. Peritonit başlansa ýa-da ösüntginiň destruksiýasy bilen baglylykda temperaturanyň ýokarlanyp, tahikardiýanyň ýüze çykmagyna getirýär.

Deri örtügi, köplenç, adaty reňkde. Diliniň üsti ak örtük bilen örtülen.

Palpasiýany çep ýanbaş töwereginden başlap, ýuwaş-ýuwaşdan sag tarapa geçmeli.

Näsagyň köýnegini garyn diwaryna degrip, bir el bilen aşaklygyna çekip, saklap, beýleki el bilen köýnegiň üstünden garyn diwaryna deger ýaly edip ýokardan aşaklygyna eli (güýçli basmaly däl) birnäçe gezek typdyrmak bilen agyry bölegini anyklap bolýar. Örän wajyp alamatlaryň biri garnyň myşsalarynyň gorag dartgynlylygy reflektor ýüze çykyp, gurçuk şekilli ösüntginiň ýerleşýän ýerine gabat gelýär.

**Çuň palpasiýa**: ýüzleý palpasiýa ýaly, patologiki ojakdan daşda başlamaly. Onuň maksady-agyrynyň ýerleşýän ýerini kesgitlemekdir.

Ýiti appendisiti birnäçe awtorlaryň alamatlary bilen kesgitlemek mümkin.

**Şýotkin-Blýumbergiň alamaty** – çep bykynyň garyn diwaryny eliň barmaklary bilen basyp, birden aýranyňda agyry güýçlenýär.

**Razdolskiýniň alamaty** – sag bykynyň garyn diwaryna (gaýnaglan ojagyň üsti) perkussiýa edilende gaýnaglan gurçuk şekilli ösüntginiň sarsmagy netijesinde, agyry güýçlenýär.

**Rowzinganyň alamaty** – çep el bilen näsagyň çep bykynyna, sigma şekilli ýogyn içegäniň ýerleşýän ýerinde

garnyň öňki diwaryny basyp, sag el bilen onuň ýokarsyndan ýogyn içegäniň aşak gaýdýan böleginiň üstünden itergi görnüşinde basanda, sag bykynda agyry güýçlenýär.

**Bartome-Mihelsonyň alamaty** – çep gapdalyna ýatan näsagyň sag bykyny el bilen basylanda agyry güýçlenýär.

**Sitkowskiniň** alamaty näsag arkan ýatan ýerinden çep gapdalyna öwrülende sag bykynynda agyrynyň güýçlenmegi ýüze çykýar.

**Obrazsowyň alamaty** – näsagyň sag bykynyny el bilen basyp, şol bir wagtda onuň sag aýagyny epmezden, takmynan $30^0$C ýokary galdyranda agyrynyň güýçlenmegine getirýär.

Ýiti appendisiti anyklamakda rektal we waginal barlaglary geçirmek esasy roly oýnaýar. Şol sebäpli barlagy hemme näsaglarda geçirmeli. Bu barlag çanaklyk garyn perdesiniň duýujylygyny anyklamaga mümkinçilik döredýär (Duglas giňişlik).

Barlaghanada ganyň we peşewiň umumy barlagyny geçirmeli. Näsaglaryň köpüsiniň ganynda leýkositoz anyklanylýar. Onuň derejesi gurçuk şekilli ösüntginiň patologiki üýtgemesine baglydyr. Peşewiň düzümi kadadan üýtgäp, ýeňil albuminuriýa, mikrogematuriýa we piuriýa seýrek duş gelýär.

**Çagalarda ýiti appendisit.** Ululara seredilende ýiti appendisitiň çagalarda geçiş aýratynlygy, garnyň perdesiniň infeksiýa durnuklylygynyň gowşakdygy, iç ýagynyň ölçeginiň kiçidigi, şeýle-de çaga organizminiň ýokary reaktiwlidigi tapawutlanýar. Şunuň bilen baglanyşykly ýiti appendisit çagalarda agyr geçýär, kesel çalt ýüze çykyp, destruktiw we perforatiw görnüşleri köp duş gelýär. Intoksikasiýa çalt ýüze çykýar, tahikardiýa, pulsuň temperatura bilen gabat gelmegi, suw-elektrolit balansyň bozulmagy bolýar.

Garnyň, esasanam, sag tarapy elläp görlende çaga güýçli agyryny duýýar, özüni biynjalykly alyp barýar, aglaýar, käwagt

sag aýagyny epýär. Köp ýagdaýlarda Şýotkin-Blumbergiň, Razdolskiniň alamatlary položitel bolýar.

**Gartaşan we garran adamlarda** ýiti appendisit, birnäçe geçiş aýratynlygy bilen tapawutlandyrylýar. Olaryň fiziologiki rezerwleriniň peselmegi, organizmiň pes reaktiwligi, dürli utgaşyp gelýän keseller bilen düşündirilýär. Kesel ýaşlara seredende ýiti başlanmaýar, agyry aýdyň däl, köplenç, ýaýran häsiýetli bolýar. Näsagda, köplenç, gaýtarma, täretiň we gazyň kynlyk bilen çykmagy bilen iç ýellenme anyklanylýar.

Garyn myşsalarynyň dartgynlylygy pes ýa-da ýok. Ýiti appendisite häsiýetli bolan alamatlary gowşak ýüze çykýar. Ganda gowşak leýkositoz.

**Gaýragoýulmasyz kömek**: näsagy hökmany hassahananyň hirurgiýa bölümine haýal etmän ýerleşdirmeli. Operatiw usulda bejerilýär.

Näsagyň keseliniň kesgitlemesi anyklanylman agyrysyzlandyryjy derman serişdelerini, antibiotikleri sanjym etmek, arassalaýjy klizma etmek, garna ýylylyk goýmak gadagan.

## ÝITI HOLESISTIT

Öt haltanyň nemli bardasynyň sowuklap çişmesine holesistit diýilýär. Holesistitiň ýiti we könelişen, daşly we daşsyz görnüşleri bolýar. Öt haltanyň we öt ýollarynyň sowuklamagynyň sebäpleri infeksiýa bolup, içegäniň we gematogen ýollaryň üsti bilen düşýär. Öt haltanyň daş keseli esasan hem, garry semiz aýallarda köp duş gelýär.

Öt haltanyň daş keseliniň döremegine ödüň öt haltasynda köp saklanmagy, öt ýollarynyň infeksiýasy, şeýle hem holesterin

çalşygynyň bozulan ýagdaýy we beýleki ýagdaýlar sebäp bolup biler.

**Klinikasy:** köplenç, sag gapyrganyň aşak ýüzünde agyry döräp, agyry ýokary sag egin we pilçä, sag ýaýjykasty bölegine ýaýrap, ýürek bulanma we gaýtalanýan gaýtarma bilen utgaşýar. Agyz ajama duýgusy bolup, gaýtargynyň düzümi öt bilen garylýar.

Beden gyzgynynyň $38^0$-$39^0$C-a çenli ýokarlanmasy bellenilýär, kähalatda üşütme bolýar. Puls ýygylaşýar, destruktiw, esasan hem, perforatiw holesistitde peritonitiň ýüze çykan halatynda puls 1 minutda 100-120 gezek urýar (tahikardiýa ýüze çykýar).

Näsagyň nemli bardasynyň we deri örtüginiň saralmagy umumy öt akaryň daş bilen dykylmagy ýa-da umumy öt akarynyň geçirişiniň bozulmagy sebäpli ýüze çykýar.

Elläp görlende garnyň sag gapyrga eteginde agyry güýçlenýär. Töwereginde myşsanyň dartylmasy we garyn boşlugynyň perdesiniň gyjynma alamaty anyklanylýar. Bu, esasan hem, destruktiw holesistitde peritonit ýüze çykan halatynda aýdyň ýüze çykýar.

Sag gapyrga kakylyp görlende agyry güýçlenýär. (Grekow-Ortneriň alamaty). Öt halta töweregi basylyp ýa-da kakylyp görlende agyry duýulýar (Zahariniň alamaty). Öt halta töwereginiň çuň palpasiýasynda agyry duýulýar (Obrazsowyň alamaty).

Keseliň başlangyç döwründe seresaplylyk bilen palpasiýa üsti bilen ulalan, dartgynly we agyrly öt haltany anyklap bolýar.

Ganyň barlagynda neýtrofilýoz, leýkositoz, saraltmada bolsa giperbilirubinemiýa anyklanylýar.

Ilkinji daşsyz holesistitiň birinji tutgaýy 30-50% ýagdaýlarda keseliň başlan gününden 5-10 günüň dowamynda kesel sagalma bilen gutarýar.

Destruktiw holesistit agyr geçip, 3-nji günlerde gaýnaglama infiltraty emele gelýär, oňaýly şertlerde soňy bilen siňip ýok bolýar.

Destruktiw üýtgemeleriň möwjemeginde öt haltada toplanan absses görnüşi, soňra peritonit, iriňli angiokolit, bagyr abssesi we dürli agyr gaýrüzülmelere eltýär.

**Gaýragoýulmasyz kömek:** – näsagy hökmany hassahananyň hirurgiýa bölümine haýal etmän ýerleşdirmeli.

Näsagyň keseliň kesgitlemesi anyklanylman agyrysyzlandyryjy derman serişdelerini, antibiotikleri sanjym etmek, garna ýylylyk goýmak gadagan.

Ýiti holesistitiň agyr destruktiw görnüşi, peritonitiň döremegi, kalkulýoz holesistiti operatiw usulda bejerilýär.

## ÝITI PANKREATIT

Ýiti pankreatit aşgazanasty mäziniň ýiti neýroreflektor we gan-damar bozulmasy bolup, pankreatiki sogunyň akyşynyň bozulýandygy bilen häsiýetlendirilýär. Aşgazanasty mäziniň fermentleriniň (tripsinogen, himotripsinogen we lipaza) işjeňliginiň artmagy bilen baglanyşykly mäziň gan damarlarynda agyr destruktiw üýtgemeler ýüze çykyp, onuň doly dargamagyna getirip, soňy bilen mäziň töweregindäki dokumalaryň we garyn boşlugynyň agzalarynyň, garyn boşlugynyň perdesinden daşarky boşlukda nekroz emele gelýär.

Ýiti pankreatit interstisial (çiş formasy), ýagly we gemorragiki, nekrozly (doly we bölekleýin pankreonekroz) we iriňli görnüşlere bölünýär. Köplenç, ýiti pankreatitiň bagyr we öt ýollarynyň gaýrüzülmeleri (holesistopankreatit) ýüze çykýar.

Ýiti pankreatit, köplenç, orta ýaşly (40-60 ýaş) adamlarda duş gelýär. Kesel ýagly naharyň aşa köp iýilmegi we spirtli içgileriň içilmegi netijesinde ýüze çykýar.

Ýiti pankreatitiň döremegine bagyr öt akarlarynyň we aşgazanasty mäziň akarlarynyň keselleri sebäp bolýar (daşlar, strukturalar, Oddi sfinkteriň gysylmagy, epiteliýanyň metaplaziýasy). Iýmit siňdiriş traktynyň ýokarky bölümleriniň durgunly ýagdaýy (duodenostaz, gastrit) içege saklantgylarynyň aşgazanasty mäziň akaryna düşmegine sebäp bolup bilýär.

Ýag çalşygynyň bozulmasy, alkagolizm, ýüregiň we gan damaryň keselleri we beýleki sebäpler ýiti pankreatitiň döremegine getirip biler.

**Klinikasy:** agyry esasy we hemişelik alamaty bolup durýar. Agyry kesýän, towlaýan, gysýan görnüşli häsiýetde bolýar. Ýiti agyry epigatral töwereginiň ýokarsynda bolup, arka tarapyna berýär. Agyry, köplenç, guşak görnüşinde bolup, bir wagtda sag we çep gapyrga astyna ýaýraýar. Käbir näsagda agyry ýürek töweregine ýaýrap, akrosianoz ýüze çykýar. Arterial gan basyşy peselýär, miokardyň infarktyny gümanladyp bilýär.

Ýürek bulanma we gaýtarma keseliň ikinji alamaty bolup durýar. Gaýtarma gaýtalanyp durýar ýa-da üznüksiz ýagdaýa geçýär. Gaýtarma ýagdaýyň ýeňilleşmegine getirmeýär.

Keseliň üçünji esasy alamaty diastazanyň mukdarynyň ýokarlanmagydyr. Kähalatda peşewde onuň mukdary has ýokary derejede saklanýar 2048, 4096 birlik we ýokary. Ýiti pankreatitiň birnäçe alamatlarynyň bolmagy we bir wagtda diastazanyň işjeňliginiň peselmegi (8-16 birlige çenli) pankreonekroz barada ýatladýar we agyr alamaty bolup durýar. Beýleki alamatlar bolsa klinikasynyň üstüni ýetirýär. Näsag, köplenç, ýarym epilen mejbury ýagdaýda bolýar. Beden temperaturasy kadaly, käwagt subnormal ýagdaýda bolýar.

Derisi we nemli bardalary solgun, gögümtil reňkde bolmagy, agyr intoksikasiýa bilen düşündirilýär.

Öt akymynyň bozulmasy sebäpli bagryň toksiki zeperlenmesi netijesinde, köplenç, saralma ýüze çykýar.

Pankreatitiň destruktiw görnüşinde mäziň fermentleri we kinin sistemanyň komponentleri garyn perdesinden yzky kletçatka we soňundan derastyna düşýär, bu bolsa kletçatkanyň gemorragiki imbibisiýasyna, ekhimoza çenli getirýär.

Destruktiw hadysa aşgazanasty mäziň guýrugynda ýerleşende mahsus üýtgeşmeler garnyň gapdal diwarynda ýerleşýär (Greýa-Terneriň alamaty), mäziň kellejiginde ýerleşende üýtgeşme göbegiň töwereginde ýerleşýär (Kulleniň alamaty). Dili gury, ak örtük bilen örtülen ýa-da öt bilen ýeňil reňklenen ýaly bolýar.

Soňy bilen garnyň çişmesi, içegeleriň çuň pareziniň alamatlary bolup "sessiz garyn" ýüze çykýar.

Garyn palpasiýa edilende aşgazanasty mäziň proýeksiýasynda myşsa dartgynlylygy anyklanylýar (Şýotkin-Blumbergiň alamaty). Epigastral böleginde garyn aortasynyň pulsasiýasynyň ýitmegi anyklanylýar (Woskresenskiniň alamaty).

Aşgazanasty mäziň proeksiýasynda garyn diwarynyň regidligi anyklanylýar (Kertanyň alamaty).

Çep oňurga – gapyrga burçuna basanyňda agyrynyň bolmagy anyklanylýar (Meýo-Robsonyň alamaty).

Garyn boşlugynyň umumy rentgen barlagynda diafragmanyň hereketiniň çäklenmesi, kähalatda plewral boşlukda suwuklygyň bolmaklygy, aşgazanyň we içegäniň howa bilen çişmekligi anyklanylýar.

Ultrases ehografiýasy – perepankreatik infiltraty – psewdokistanyň (ýalan kistanyň) ýa-da abssesiň emele gelmegini ir anyklamaga mümkinçilik berýär.

Laparoskopiýa – anyklamasy kyn bolýan ýagdaýlarda keseliň kesgitlemesini ýüze çykarmaga kömek berýär.

Laparoskopiýanyň kömegi bilen köp mukdarda pankreatik fermenti saklaýan eksudaty anyklamakda, ir ýagdaýda we garyn perdesiniň steatonekrozy anyklamakda uly kömek berýär.

Gaýragoýulmasyz kömekde näsagy hökmany hassahananyň hirurgiýa bölümine haýal etmän ýerleşdirmeli. Kesel konserwatiw we operatiw usulda bejerilýär.

## ÝITI IÇEGE GEÇIRMEZLIK

Içegäniň içindäki saklantgylaryň içegäniň içi boýunça hereketiniň bozulmagyna ýa-da doly togtamagyna içege geçirmezligi diýilýär.

Içege geçirmezlik dinamiki we mehaniki görnüşlere bölünýär.

Dinamiki içege geçirmezlik spastiki we ysmaz görnüşli bolup bilýär. Spastiki görnüşi – içegelerde gysylma birnäçe sagatdan birnäçe güne çenli dowam edýär. Näsag garyn boşlugyndaky tutgaý görnüşli güýçli agyra, käwagt aşgazanyň düzümi bilen gaýtarma arz edýär. Näsagyň umumy ýagdaýy kanagatlanarly, ýürek-damar we dem alyş ulgamynyň işi bozulmaýar. Dili çygly, garny kadaly konfigurasiýada, ýumşak, agyrsyz, Şýotkin-Blumbergiň alamaty otrisatel. Palpasiýada içegäniň gysylan bölegi ele bildirýär.

Auskultasiýada kadaly içege sesleri eşidilýär. Täret saklanan bolmagy mümkin, gaz erkin çykýar. Peşewi erkin. Ganyň we peşewiň düzüm barlagy kadaly. Garyn boşlugynyň umumy rentgen barlagynda üýtgemeler anyklanylmaýar.

Ysmaz içege geçirmezliginiň bu görnüşi garyn boşlugynyň deň derejede ýellenmegi, yzygiderli ilki aşgazanyň, soňra içegäniň düzümi bilen gaýtarma täretiň we gazlaryň

saklanmagy bilen häsiýetlenýär. Näsag ýaýran agyra we iç ýellenmä, täretiň we gazlaryň saklanmagyna arz edýär.

Näsagyň ýagdaýy içege yzmazynyň ösmegi bilen erbetleşýär. Ilki iýen iýmiti bilen, soňra inçe içegäniň düzümi bilen gaýtalanýan gaýtarma arz edýär. Dem alşy çaltlaşan. Alamatlaryň ösmegi bilen birden ýüze çykýan tahikardiýa 1 minutda 130-140 gezek urgy bolýar.

Garyn deň derejede ýellenen, auskultasiýada içegeleriň işleýiş hereket sesi gowşak eşidilýär ýa-da ýok. Keseliň möwç alýan döwri peritonitiň emele gelmegi, myşsalaryň dartgynly bolmagy, Şýotkin-Blýumbergiň alamatynyň položitel bolmagy mümkin we içege ysmazlygynyň alamatlarynyň ösmegi anyklanylýar.

Ysmaz içege geçirmezligi garyn boşlugynyň agzalarynyň zeperlenmeginde we ýiti keselleriň çylşyrymlaşmalary ýüze çykýar. Ol içegäniň gan üpjünçiliginiň bozulmagynda, garyn boşlugynyň agzalarynda, esasanam, peritonitde geçirilen operasiýadan soň ýüze çykýar.

**Gaýragoýulmasyz kömek:** näsagy hökmany hassahananyň hirurgiýa bölümine haýal etmän ýerleşdirmeli. Keseliň kesgitlemesi doly anyklanandan soň konserwatiw ýa-da operatiw usulda bejerilýär.

**Mehaniki içege geçirmezligi:** bu gaty howply bolup we gyssagly operasiýa geçirmäni talap edýär. Onuň strangulýasion, dykylma, şeýle-de ikisiniň arasyndaky aralyk görnüşi bolup duran içegeleriň biri-biriniň içine girmegi (inwaginasiýa) ýaly görnüşlerine bölünýär.

**Strangulýasion içege geçirmezligi:** içege geçirmezligiň howply görnüşi bolup, içege boşlugynyň dykylmagy, çözüň nerwleriniň we damarlarynyň gysylmagy, gan aýlanyşynyň bozulmagyna we içege ojagynyň çalt ölmegine getirýär. Strangulýasion içege geçirmezligi gysylan ingilerde, içegäniň

towlanmagynda, içege düwünleriniň emele gelmeginde duş gelýär.

**Dykylma içege geçirmezligi:** içege geçirmezliginiň ýeňil görnüşi bolup, içege boşlugynyň dykylmagy onuň çözüniň gysylmazlygyndan ýüze çykýar. Geçirmezligiň bu görnüşine içegäniň del bedenjik, çiş bilen dykylmagynyň ähli görnüşi degişli.

**Içege inwaginasiýasy:** bu içege geçirmezligiň strangulýasion we dykylma görnüşleriniň arasyndaky aralyk görnüşi bolup durýar.

Içegäniň bir böleginiň başga bir böleginiň içine girmegi, onuň dowamy bolup durýar. Köplenç, köriçegäniň böleginde inçe içegäniň ýogyn içegä ýa-da inçe içegäniň-inçe, ýogyn içegäniň ýogyna girmegi mümkin. Inwaginasiýanyň sebäbi içegäniň nädogry işleýiş hereketidir. Inwaginasiýada diňe içegäniň dykylmagy bolman, gan aýlanyşygynyň bozulmagy bilen çöz damarlarynyň basylmagy we soňy bilen içegäniň inwaginirlenen ojagynyň ölmegi bolup geçýär.

Içege geçmezlik mezenterial damarlarynyň trombozy bilen häsiýetlenip bilýär. Trombozyň emele gelmeginiň sebäbi şikes, ganyň lagtalanmagynyň ýokarlanmagy, içegäniň gaýnaglama keselleridir. Mezenterial damarlaryň trombozynda içegäniň zeperlenen ojagynda gan üpjünçiligi bozulyp, onuň netijesinde içegäniň ölmegi we çüýremegi emele gelýär.

**Klinikasy:** içege geçirmezliginiň ähli görnüşlerindäki umumy alamatlar häsiýetli: garynda tutgaý görnüşli agyry, täretiň we gazyň saklanmagy, iç ýellenme, gaýtarma, intoksikasiýa ýüze çykýar. Içege geçirmezliginiň käbir görnüşlerinde, içegäniň görkezilen umumy alamatlaryndan başga-da ýörite klinikasy tapawutlanýar.

Ysmaz içege geçirmezliginde iç ýellenip, içegäniň işleýiş hereketi togtaýar.

Gysylma içege geçirmezliginde içegäniň işleýiş hereketiniň güýçlenmegi bilen garynda tutgaýly agyry ýüze çykýar. Bu görnüş içege geçirmezliginiň ysmaz görnüşine geçmegi mümkin.

**Strangulýasion içege geçirmezliginde** garynda güýçli sanjyly agyry, käwagt şoga getirýär. Içege geçirmezliginiň ýokary bölümlerinde bolanda, gaýtarma aýdyň ýüze çykýar. Ýöne içegäniň aşaky bölümlerinde bolanda täretiň gelmezligi mümkin. Içegäniň aýratyn käbir bölümleriniň ýellenmeginiň esasynda garnynyň assimetriýasy (Walýanyň alamaty) ýüze çykýar. Auskultasiýada käwagt damýan damja sesi (Sklýarowyň alamaty) eşidilýär. Göni içegäniň ampulasy giňeýär (Obuhowskiý hassahananyň alamaty).

Näsagyň ýagdaýy agyr, arterial gan basyşy peselen, pulsy sapak görnüşli, sowuk der basyp, dodaklary we barmaklarynyň ujy gögerýär. Gözi çöken, sesi ýitip, ahyrlary sowaýar, ýöne aňy saklanýar. Beden temperaturasy kadaly. Ölen içegeler ýaýran peritonite getirip bilýär.

**Dykylan içege geçirmezliginde** içege boşlugynyň bölekleýin dykylmasy bolanda klinikasy haýal ýüze çykýar.

Geçiriji halkada täret hamyr görnüşli konsistensiýaly bolup, täretiň saklanmagy, çiş görnüşli emele gelme alamaty anyklanylýar.

Içegäniň doly dykylmasynda, täret ysly köp gaýtarma ýüze çykýar. Iç gatama dynuwsyz içgeçme bilen gezekleşip, intoksikasiýa hem goşulýar.

**Inwaginasiýanyň klinikasy** çalt emele gelip, gaýtarma, garnynda agyry ýüze çykýar, palpasiýada maýyşgak konsistensiýaly silindr şekilli emele gelme anyklanylýar, sag ýanbaş bölegi çöken (Dansanyň alamaty) täretde ganyň bolmagy mümkin. Köplenç, inwaginasiýa çagalarda duş gelýär. Aşaky inwaginasiýada inwaginat anal deşikden daşyna çykmagy mümkin (göni içegäniň düşmeginden tapawutlandyrmaly).

**Mezenterial damarlaryň** garnyndaky agyrysy hemişelik häsiýete eýe bolýar. Näsagyň içi ýellenip, gazyň we täretiň saklanmagy anyklanylýar.

Içege geçmezligini anyklamakda rentgen barlagy esasy orny eýeleýär. Umumy rentgenoskopiýada içege halkasynda aýratyn ojaklardaky suwuklyk bilen gorizontal derejedäki suwuklygy (Kloýberiň jamjagazy) anyklanylýar.

**Gaýragoýulmasyz kömek:** näsagy hökmany hassahananyň hirurgiýa bölümine haýal etmän ýerleşdirmeli. Operatiw usulda bejerilýär.

Näsagyň keseliniň kesgitlemesi anyklanylman agyrysyzlandyryjy derman serişdelerini, antibiotikleri sanjym etmek, arassalaýjy klizma etmek, garna ýylylyk goýmak gadagan.

## GYSYLAN INGILER

Bu ingi keseliniň ýygy duş gelýän we howply gaýrüzülmeleri bolup durýar.

Duýdansyz içki garyn boşlugynyň basyşynyň ýokary galmagy (agyrlygy götermek, üsgürmek, asgyrmak, peşewi we täreti çyglyp kynlyk bilen çykarmak) bilen ingi derwezesiniň aşa giňelmegi netijesinde içki agzalar uly basyşyň astynda haltajygyna düşýär. Aşa giňelen ingi derwezesi kadaly ýagdaýda gelip, gysylýar. Ýöne ingi haltajygyndaky agzalar yzyna erkin ýagdaýda garyn boşlugyna gaýdyp gelmäge ýetişmän, ingi derwezesi bilen gysylýar hem-de gysylan ingi gaýrüzülmelerini ýüze çykarýar. Gysylan ingiler daşky we içki görnüşlere bölünýär. Daşky görnüşlere gysylan gasyk, göbek we but ingileri degişli. Içki görnüşine diafragmal ingi we beýlekiler degişlidir.

## GYSYLAN GASYK INGISI

**Klinikasy:** gasyk ingi gübermesiniň töwereginde birden duýdansyz agyry we inginiň yzyna gönelmezligi ýüze çykýar.

Agyry dürli häsiýetli, käwagt gowşak bolup, näsag ony ýeňil geçirýär, käwagt agyry şeýle bir güýçli bolup, şoga çenli getirip bilýär. Eger içege ingi derwezesi bilen gysylan bolsa, onda içege geçirmezligi ýüze çykyp, birnäçe gezek ýa-da dyngysyz porsy ysly gaýtarma peýda bolýar.

Gasyk inginiň gysylmagy, köplenç, gasyk kanalynyň daşky halkasynda ýüze çykýar. Gasyk ellenip görlende myşsasy dartgynly, agyryly, güberme duýulýar.

Eger ingi haltajygynda suwuklyk we iç ýag ýerleşen bolsa, kakyp görlende kütelen ses eşidilýär. Gasyk kanalynyň içki halkasynda gysylma seýrek ýüze çykyp, içegäniň diňe diwarynyň bir bölejigi gysylýar. Ingi gübermesiniň ýoklugy sebäpli gysylan ingä gümanlama ýüze çykmaýar. Erkeklerde içki halkada gysylmany anyklamak üçin gasyk kanalyna "barmak" bilen barlag geçirmeli. Gysylan ingi tarapdaky uzadylan aýagy ýokary göteren halatynda, ingi derwezesiniň töwereginde kesip barýan ýiti agyrynyň ýüze çykmagy ýa-da agyry güýçlenýär (Baryşnykowanyň alamaty). Ingi derwezesinde içege halkasynyň gysylmagy strangulýasion içege geçirmezliginiň bir görnüşidir. Ingi gübermesiniň töwereginde agyry, garyn boşlugyna burgy görnüşli bolup ýaýraýar. Içegäniň işleýiş hereketi güýçlenýär. Auskultasiýada käwagt damýan damja sesi (Sklýarowyň alamaty) eşidilýär.

Gysylmanyň ilkinji 1-2 sagadynyň dowamynda näsagyň umumy ýagdaýy otnositel kanagatlanarly bolsa-da, soňra ýagdaýy çalt erbetleşýär. Intoksikasiýa güýçlenip, içege geçirmezligi we peritonitiň alamatlary has aýdyň ýüze çykýar.

**Gaýragoýulmasyz kömek**: näsagy hökmany hassahananyň hirurgiýa bölümine haýal etmän ýerleşdirmeli.

Operatiw usulda bejerilýär. Gysylan ingini yzyna göneltmek, agyrysyzlandyryjy derman serişdelerini sanjym etmek gadagan.

## GYSYLAN GÖBEK INGISI

Ulularda göbek ingisi gysylmaga ýykgynly bolýar. Göbek ingisi dürli ululykda bolmak bilen kiçi ingileriň gysylmagy seýrek duş gelip, elastiki häsiýetine eýedir. Uly ingileriň gysylmagy köp duş gelýär.

**Klinikasy:** ingi gübermesiniň töwereginde duýdansyz ýüze çykýan agyry we inginiň yzyna gönelmezligi.

Näsag ingi töweregindäki gowşak häsiýetli agyra, ýygy duş gelýändigi sebäpli üns bermeýär.

Lukman ünsli agyrynyň häsiýetini anyklamaly bolýar. Ingi haltajygyna düşen işege gysylyp, içege geçirmezliginiň alamatlary ýüze çykýar.

**Gaýragoýulmasyz kömek:** agyrynyň güýçlenmegi ingi gübermesiniň ulalmagy we içege geçirmezligi ýaly alamatlar ýüze çykan halatynda näsagy hökman hassahananyň hirurgiýa bölümine haýal etmän ýerleşdirmeli. Operatiw usulda bejerilýär.

Gysylan ingini göneltmek, agyrysyzlandyryjy derman serişdelerini sanjym etmek gadagan.

## GYSYLAN DIAFRAGMAL INGISI

Gysylan diafragmal ingisi çagalarda dogabitdi duş gelýär.

Ingi derwezesi çaganyň embrional ösüşi döwründäki bozulmanyň netijesinde diafragmada emele gelen deşik bolup durýar. Çagalarda üç sany esasy diafragmal ingisi duş gelýär,

ýagny ýalan, hakyky we diafragmadaky gyzylödek deşiginiň ingisi.

**Klinikasy:** ýalan gysylan diafragmal ingide garyn boşlugynyň agzalary päsgelçiliksiz döş boşlugyna geçip, döş içeri dartgynlylygy döredýär. Bölekleýin içege geçirmezligini döretmegi mümkin. Bu ýagdaýlar döş boşlugynda dem alşyň kadaly işleýşini bozýar.

Köplenç, çaga ýiti dem alyş ýetmezçiligi bilen hirurgiýa bölümine getirilýär. Çaganyň garny içine çöküp, döş kapasasy boçka şekilli giňelen. Ingi tarapynda dem alyş gowşak ýa-da ýok. Auskultasiýada içegeleriň işleýşi eşidilýär.

Hakyky diafragmal ingi derwezesiniň giňligi sebäpli garyn boşlugynyň agzalary erkin döş boşlugyna geçýär, ýöne ingi derwezesi giňligi sebäpli agzalar gysylmaýar. Seýrek ýagdaýda diafragmanyň doly ösmändigi sebäpli ingi haltajygy bütin döş boşlugyny dolduryp durmak bilen döş boşlugynyň içinde dartgynlylyk döredýär.

Gysylan diafragmadaky gyzylödek deşiginiň ingisi emele gelen deşiginiň formasyna bagly bolýar. Köplenç, aşgazan-gyzylödek reflýuksy ýüze çykyp, gan gatyşykly gaýtarma, sarygaýnama, döş boşlugynda agyry peýda bolýar. Näsagda aspirasiýaly pnewmoniýanyň we ganazlygyň ýüze çykmagy mümkin.

Gysylan diafragmal ingisiniň kesgitlemesini aýdyňlaşdyrmak üçin kontrast maddalar bilen aşgazan-içege ýollarynyň rentgen barlagyny geçirmeli.

**Gaýragoýulmasyz kömek:** näsagy hökmany hassahananyň hirurgiýa bölümine haýal etmän ýerleşdirmeli. Operatiw usulda bejerilýär. Keseliň kesgitlemesi anyklanýança agyrysyzlandyryjy derman serişdelerini sanjym etmek gadagan.

## GYSYLAN BUT INGISI

Gysylan but ingisi gaýrüzülmeleri bilen ýygy duş gelýär. Bu näsagyň lukmana giç ýüz tutmagy netijesinde ýüze çykýar. But ingisiniň gysylmasy gartaşan aýallarda köp duş gelýär.

Gysylan but ingisi, ingi gübermesiniň töwereginde duýdansyz ýüze çykýan agyry we inginiň yzyna gönelmezligi, eger ingi haltajygyna düşen içege gysylan bolsa, ýiti içege geçirmezligi ýaly alamatlaryň ýüze çykmagy bilen häsiýetlenýär.

Gysylan but ingisiniň uzaga çeken halatynda näsagyň gasygynyň aşaky baglaýjysynda birden gyzarma, dokumalaryň çişmegi, agyry hem-de ýiti limfadenit ýa-da adenoflegmona ýaly gaýrüzülmeler anyklanylýar. Näsag bedenini göneldende but ingi haltajygyndaky gysylan iç ýagyň ýa-da inçe içegäniň çözüniň çekilmegi netijesinde birden ýüze çykýan agyrynyň güýçlenmegi, çekilen çyzyk (struna) (N.W. Woskresenskiniň, S.L. Göreligiň alamatlary) alamaty örän häsiýetlidir.

Ingi haltajygyndaky içegäniň gysylmagynyň klinikasynyň geçişini üç döwre bölmek bolýar.

Birinji döwür: näsagyň organizminde agyr üýtgemeler ýok. Gysylan içege halkasynyň ýaşaýşa ukyplylygynyň ýitmedik wagtyndaky içege geçirmezligi ýüze çykýar. Munda gysylma döwri 1-2 sagada çenli dowam edýär.

Ilkinji döwür – ingi haltajygynda ýerleşen içege halkasynda nekroz peýda bolýar. Retrograd gysylmasy, içege geçirmezligi ýaly alamatlary aýdyň ýüze çykýar. Peritonitiň we agyr intoksikasiýanyň alamatlary ýok. Bu döwür inginiň gysylan wagtyndan 2-8 sagada çenli dowam edýär.

Üçünji döwür – uzaga çeken gysylmanyň netijesinde peritonitiň we agyr intoksikasiýanyň alamatlary aýdyň anyklanylýar. Bu döwür ingi gysylmasyndan 8-10 sagat geçenden soň ýüze çykýar.

**Gaýragoýulmasyz kömek**: näsag hassahananyň hirurgiýa bölümine ýerleşdirilýär. Operatiw usulda bejerilýär. Keseliň kesgitlemesi anyklanýança gysylan ingini yzyna göneltmek, agyrysyzlandyryjy derman serişdelerini sanjym etmek gadagan.

## AŞGAZANYŇ WE ONIKIBARMAK IÇEGÄNIŇ DEŞILEN BAŞY

Bu gaýrüzülme 20-50 ýaş aralygynda duş gelip, aýallar bilen deňeşdirilende erkeklerde 10 esse köp duş gelýär. Deşilen başyň emele gelmegine getirip bilýän esasy faktorlaryň biri aşgazan diwarynyň nekrozy we destruksiýanyň güýjeýän hadysasy bilen utgaşýan baş keseliniň ýitileşmegidir.

Başyň deşilmegine fiziki we nerw dartgynlylygy, aşgazanyň iýmit bilen dolmagy, spirtli içgileriň aşa içilmegi ýaly faktorlar getirýär.

Klinikasy gowy ýygnanan anamnez keseli doly kesgitlemäge mümkinçilik döredýär.

Epigastriýada duýdansyz edil "hanjar urlan" ýaly çydamsyz agyry peýda bolýar. Köp ýyllardan bäri aşgazan we onikibarmak içege başy keselinden ejir çekýän näsaglar şeýle agyrynyň hiç wagt bolmadygyny belleýärler.

10-15% näsagda agyry yzygiderli güýjeýär. Aşgazanyň saklantgysynyň garyn boşlugyna erkin dökülmegi bilen agyryny ýene-de güýçlendirýär.

Deşilen başyň iç ýagy ýa-da iýmit bilen ýapylmagy bilen baglanyşykly wagtlaýyn döwür aralygynda agyrynyň köşeşmegi mümkin.

Garyn boşlugyna dökülen uly möçberdäki suwuklyk, sag gapdal kanal bilen sag bykynyň töweregine ýygnanyp, aýdyň agyrynyň ýüze çykmagyna getirýär. Bu ýiti appendisitiň ýagdaýyny döredip, ýalňyş kesgitlemä getirmegi mümkin.

Näsag öz ýagdaýyny ýeňilleşdirmek üçin mejbury ýagdaýa geçýär (dyzyny garnyna çekip oturýar ýa-da sag gapdalyna gyşaryp, dyzyny epläp ýatýar).

Ikinji wajyp alamat aýdyň garyn myşsa dartgynlylygy, ýagny tagta şekilli garyn bolup, dem almaklyga gatnaşmaýar. Şýotkin-Blýumbergiň alamaty položitel (garyn diwaryny eliň barmaklary bilen basyp, birden aýranyňda agyry güýçlenýär).

Üçünji wajyp alamat garyn boşlugynda erkin gazyň bolmagydyr.

Rentgen barlagynda garyn boşlugyndaky erkin gaz bagryň ýokarsyna ýygnanýar. Perkusiýada bagryň küteklik sesi ýitýär.

Näsag agzynyň guramaklygyna, teşnelige, täretiň we gazyň saklanmaklygyna arz edýär. Käwagt gaýtarmanyň ýüze çykmagy mümkin. Deşilen başyň ilkinji sagadynda pulsuň urşy seýrekläp, peritonitiň ýüze çykmagy bilen pulsuň urşy ýygjamlaşýar.

**Gaýragoýulmasyz kömek:** näsagy hökmany hassahananyň hirurgiýa bölümine haýal etmän ýerleşdirmeli. Operatiw usulda bejerilýär.

Keseliň kesgitlemesi anyklanýança agyrysyzlandyryjy derman serişdelerini sanjym etmek, aşgazany ýuwmak gadagan.

## BAŞDAN ŞAGLAP GANAKMA

Başdan şaglap gan akmagy başyň töweregindäki erozirlenen damardan ganakma baş keseliniň howply gaýrüzülmesi bolup, 15% näsaglarda duş gelýär.

Köplenç, kallýoz penetrirleýän başlar ganaýar, esasan, aşgazanda we onkibarmak içegäniň sogan düýbüniň yzky diwarynda ýerleşende ýüze çykýar.

Köplenç, ganakma baş keseliniň ýitileşmeginiň güýjeýän döwründe (ýaz we güýz) ýüze çykýar.

Başdan gan akmagyna alkogol, glýukokortikoidler, rezerpin, asetilsalisil turşusy, butadion we antikoagulýantlary yzygiderli ulanmak getirip bilýän faktorlar bolup durýar.

**Klinikasy:** ganakmanyň ýitirilen göwrümine bagly bolýar. Baş aýlanma, ýürek bulanma, gowşaklyk, ganly gaýtarma (kofe çökündisiniň reňki bilen garyşan), seýrek arassa gany gaýtarýar.

Ganly gaýtarma orta agyr we agyr ganakmalarda ýüze çykýar.

Esasan, duodenal, seýrek aşgazan başlaryndan akýan gan içegä düşýär. Bu ýerde azganlylygyň alamatlary ýüze çykýar.

Gan ýitirmäniň agyrlygyna baglylykda, deri örtüginiň solaklygy, dodaklaryň gögermegi, akrosianoz, sowuk der, gözüň öňünde uçgun bolmagy, ýygy gowşak puls, arterial gan basyşynyň peselmegi, aňynyň bulaşmagy anyklanylýar. Massiw ganakmadan birnäçe sagat geçen soň, köplenç ertesi güni gara täret (melena) anyklanylýar. Aýratyn agyr ýagdaýlarda täreti üljäniň reňkinde bolýar.

Ganakmadan soň, 2-3-nji gününde näsagda gipertermiýa we içegede toplanan ganyň çüýremegi netijesinde intoksikasiýa alamatlary ýüze çykýar. Gan ýitirmäniň ilkinji sagatlarynda ganyň gemoglobini otnositel üýtgeýär. Ganakmanyň derejesine arterial gan basyşynyň peselme derejesi gabat gelýär.

Keseli kesgitlemekde rentgeniň we ezofagogastroduodenoskopiýanyň barlagynyň ähmiýeti uly.

**Gaýragoýulmasyz kömek** näsagy hökmany hassahananyň hirurgiýa bölümine haýal etmän ýerleşdirmeli. Epigastral bölegine buz goýmaly, wena gan damaryna kalsiý hloridini, aminokapron turşusyny goýbermeli.

# VIII BÖLÜM

# GÖNI IÇEGE KESELLERINDE GAÝRAGOÝULMASYZ KÖMEK

## BABASYL

Göni içegäniň kawernoz bedenjikleriň giňelmegine babasyl diýilýär. Babasyl göni içegäniň giňden ýaýran we belli keselleriň biri bolup, 70% ýagdaýda esasan 40 ýaşdan uly adamlarda duş gelýär.

Daşky we içki babasyllar tapawutlandyrylýar. Daşky babasyl – aşaky wena örümi bilen bagly bolup, anal deşiginiň derejesindäki kekeç çyzygynyň ortasynda ýerleşýär.

Içki babasyl – ýokarky gemorraidal wena örüminde ýüze çykýar we anorektal çyzykdan ýokarda ýerleşýär.

**Klinikasy:** näsag ilki artbujak deşiginiň töwereginde del bedenjigiň duýgusyny duýýar. Bu ýagdaý berhiz ýa-da içegäniň funksiýasy (içgeçme, içgatama) bozulanda güýçlenýär. Soňra ganakma, agyry, düwünleriň gysylmagy ýüze çykýar.

Ganakma babasylyň esasy alamaty bolup durýar. Gan açyk gyzyl reňkli, täret wagtynda ýa-da täretiň ahyrynda akýar. Gan täret bilen garyşman, onuň üstüni ýapýar. Akýan gan az hem bolsa onuň yzygiderli gaýtalanyp durmagy azganlylyga getirýär.

Agyry babasyla häsiýetli alamat däl. Agyry düwünleriň trombozy ýa-da gysylmagy, anal jaýrygynyň emele gelmeginde ýüze çykýar. Agyry täret wagtynda ýüze çykyp, birnäçe wagta çenli dowam edýär.

Göni içegeden gelýän suwuklyk anusyň daş-töwereginiň derisini mürşerdip, gijilewüge getirýär. Babasylyň içki düwünleri artbujak kanalyna düşmeginiň üç derejesi bar.

I derejede täret wagtynda düwünler artbujak kanalyna düşüp, soňra ýerine özbaşdak gönelýär.

II derejede düwünler täret wagtynda we agyr fiziki işlerde çykýar. Düwünler özbaşdak ýerine gönelmeýär, olary eliň kömegi bilen ýerine göneltmeli bolýar.

III derejede az möçberli agyrlyklar göterilende düwünler çykyp, özbaşdak ýerine gönelmeýär.

Remisiýa döwründe näsag hiç-hili arz etmeýär. Berhiziň bozulmagy (spirtli içgi, burçly iýmitler), aşa agyr fiziki iş ganakma getirýär.

Keseli doly kesgitlemek üçin näsagy dyz-tirsek ýagdaýynda barmagyň, anoskopyň, rektoskopyň kömeginden peýdalanylýar.

Babasyl düwünleriň trombozy köplenç näsag berhizi bozanda ýa-da fiziki agyrlyklary göterende ýüze çykýar. Anusyň töwereginde duýdansyz agyrynyň peýda bolmagy, agyrynyň agyr fiziki işlerde, üsgürende güýçlenmegi we artbujakda del bedenjigiň duýulmagy ýaly alamatlar bolýar. Artbujak deşiginiň töwereginde gögümtil reňkli düwün bolup, elläp görlende gaty agyryly bolýar. Içki düwünleriň gysylmagy näsag berhizi bozanda ýüze çykýar. Düşen içki düwünler artbujak büzmegi bilen gysylyp trombozyň emele gelmegine we düwünleriň nekrozyna getirýär. Näsag anusyň töweregindäki çydamsyz agyra, artbujakdaky del bedenjigiň duýgusyna arz edýär. Artbujak deşiginiň bütin töwereginde çykyp duran düwünler garamtyl-gögümtli reňkli bolup, elläp görlende gaty agyryly bolýar. Göni içegäniň içki nemli gatlagynyň nekrozynda ganakmanyň ýüze çykmagy hem-de parapoktitiň gaýrüzülmelerine getirmegi mümkin.

**Gaýragoýulmasyz kömek:** näsagy hökmany hassahananyň hirurgiýa (proktologiýa) bölümine haýal etmän ýerleşdirmeli. Agyrysyzlandyryjy derman serişdelerinden sanjym etmeli.

Babasyl düwünleriň trombozy we içki babasyl düwünleriň gysylmagy näsag berhizi bozanda ýüze çykýanlygy sebäpli konserwatiw gysylmany ýerine salmak, tromboza garşy nowokain garylan garyndy bilen böwetleme geçirip, çişi gaýdandan soň operasiýa almaly.
Babasyl konserwatiw we operatiw usulda bejerilýär.

## ÝITI PARAPROKTIT

Bu göni içegäniň töweregindäki ýumşak dokumalaryň iriňläp çişmesidir. Keseli gatyşykly infeksiýa (stafilokoki, steptokoki, enterokoki, içege taýajygy) döredýär. Infeksiýa dokumalara deriniň we nemli bardanyň ýyrtylan, sypjyrylan ýerleriň üsti hem-de gematogen we limfogen ýollar bilen aralaşýar.

Ýerleşişi boýunça deriniň aşagynda, nemli bardanyň aşagynda, sedalişno-rektal, çanaklyk-göni içege, retrorektal görnüşlere bölünýär.

**Klinikasy:** paraproktitiň deriniň aşagyndaky görnüşinde, deriniň gyzarmasy, agyry ýüze çykýar. Agyry täret edilýän wagtynda güýçlenýär. Elläp görlende gaty infiltrat bildirýär.

Paraproktitiň nemli bardanyň aşagyndaky görnüşinde, agyry täret edilýän wagtynda güýçlenýär. Rektal barlagynda göni içegäniň nemli bardasynda infiltrat bildirýär.

Paraproktitiň sedalişno-rektal görnüşinde, hadysa çanagyň dokumalarynda we göni içegäniň daşyndaky dokumalarynda ýerleşýär.

Näsag pulsirleýji agyra, beden temperaturasynyň ýokary galmagyna, üşütmä arz edýär. Rektal barlagynda göni içegäniň töwereginde aýdyň infiltrat bildirýär.

Paraproktitiň çanaklyk-göni içege görnüşinde, proses çanaklyk düýbüniň ýokarsyna ýaýrap, anusyň töwereginde

daşky alamatsyz gaýnaglama, agyr septiki ýagdaýy bilen häsiýetlenilýär.

Paraproktitiň retrorektal görnüşini göni içegäniň yz tarapynda ýerleşen limfadenit prosesi bilen başlap, soňy bilen töweregindäki dokumalaryň iriňli dargamasyna getirýär. Näsag ýamyz töweregindäki agyra, beden temperaturasynyň ýokary galmagyna, üşütmä arz edýär. Gan barlagynda leýkositler köpelýär.

Paraproktitiň ähli görnüşlerinde göni içegäni barmak bilen barlagy geçirmeli.

**Gaýragoýulmasyz kömek:** näsagy hökmany hassahananyň hirurgiýa (proktologiýa) bölümine haýal etmän ýerleşdirmeli.

Paraproktit operatiw usulda bejerilýär.

## ANAL JAÝRYGY

Bu köp ýaýran kesel bolup, jaýryk artbujak deşiginiň daşky böleginiň yzky diwarynyň ortaky çyzygynda ýerleşýär. Göni içegäniň artbujak deşiginiň töweregindäki nemli bardasy dykyz täret massasy, del bedenjik bilen şikeslenýär. Ilki nemli bardada uly bolmadyk çyzyk şekilli şikeslenme ýüze çykýar. Soňra jaýryk çuňlaşyp, nemli bardanyň aşagyndaky gatlaga ýetip, jaýrygyň gyralary dykyzlanýar.

Käwagt anal jaýrygy Krona keseliniň döremeginiň başlangyjy bolup hyzmat edýär.

**Klinikasy:** täret bolýan wagtynda çydamsyz agyry, käwagt uly bolmadyk möçberde gan ýa-da ganjymak suwuklyk akýar.

Nerw damarlarynyň uçlarynyň gyjyndyrylmagy sfinkteriň gysylmagyna eltýär. Bu gysylma uly täretden soň köp wagta, kähalatlarda indiki uly tärete çenli dowam edýär. Ol bolsa

dokumalaryň işemiýasyny döredip, jaýrygyň bitmezligine getirýär.

Keseliň kesgitlemesini näsagyň arzynyň esasynda hem-de anoskopyň kömegi bilen anyklanýar.

**Gaýragoýulmasyz kömek:** näsagy hassahananyň hirurgiýa (proktologiýa) bölümine ýerleşdirmeli ýa-da saglyk öýlerinde (ambulator) bejermeli. Bejergi çäreleri agyryny, sfinkteriň gysylmasyny aýyrmaga we täreti kadalaşdyrmaga gönükdirilendir.

Konserwatiw bejergi usulyň iki aýyň dowamynda netije bermedik ýagdaýynda dowamly jaýryk operatiw usulda bejerilýär.

## GÖNI IÇEGÄNIŇ DÜŞMEGI

Artbujak deşiginden göni içegäniň böleginiň daşary çykmagyna göni içegäniň düşmegi diýip aýdylýar.

Çanaklygyň düýbüniň myşsasynyň gowşaklygy we garyn boşlugynyň basyşynyň ýokarlanmagy göni içegäniň düşmegine getirýär. Garyn boşlugynyň basyşynyň ýokarlanmagy içgatamada, içgeçmede, agyr fiziki zähmetde, gorkmakda, üsgürmekde ýüze çykýar. Göni içegäniň düşmegine babasyl, proktit, proktosigmoidit getirmegi mümkin.

Göni içegäniň düşmeginiň 3 sany derejesi bar:

I dereje täret wagtynda göni içege düşüp, soňra özbaşdak ýerine gönelýär.

II dereje agyrlyk göterilende göni içegä düşüp, özbaşdak ýerine gönelmeýär. Näsag eli bilen düşen içegäni ýerine göneldýär.

III dereje göni içege uly bolmadyk agyrlygy göterende, ýörände düşüp, näsag eli bilen düşen göni içegäni ýerine göneldýär.

Göneldilen göni içege tiz aralykda ýene-de düşýär.

Klinikasy täret wagtynda göni içegäniň nemli gatlagy düşüp, özbaşdak yzyna gönelýär. Soňky bolýan täretlerde göni içegäniň kiçi ýa-da uly bölegi düşüp, yzyna el bilen göneltmeli bolýar. Giçki derejesinde göni içege durnukly netije bermän, ýene-de düşýär. Şeýle näsagda artbujak deşiginiň sfinkteriniň ýetmezçiligi ýüze çykýar.

Büzmegiň ýetmezçiligi 3 sany derejä bölünýär:

I derejede näsag içegede gazy saklap bilmeýär.

II derejede näsag suwuk täretini we gazy saklap bilmeýär.

III derejede näsag dykyz täretini saklap bilmeýär.

Göni içegäniň düşen nemli gatlagy şikeslenip, oňa infeksiýa aralaşyp, ganaýar. Artbujak deşiginiň sfinkteriniň gysmagy netijesinde düşen göni içege gysylyp, nekrozyň soňra içegäniň diwary deşilip, ýaýran peritonit, içege geçirmezligi, paraproktit ýaly gaýrüzülmelere getirmegi mümkin. Keseli kesgitlemekde rektoromanoskopiýa, irrigoskopiýa usullary ulanylýar.

**Gaýragoýulmasyz kömek:** näsagy hassahananyň hirurgiýa bölümine ýerleşdirmeli. Agyrysyzlandyryjy derman serişdelerinden sanjym etmeli.

Göni içegäniň düşmegi konserwatiw usuly, gaýrüzülmeleri operatiw usuly bilen bejerilýär.

## EPITELIAL TÜRRE ÝOLY

Seýrek bolmadyk ýagdaýda epitelial türre ýoly edil türre töwreginiň iriňli fistulasy, türre kistasy, türräniň dermoid kistasy we ş.m. görnüşlerde anyklanylýar.

Sebäplerine görä 95% ýagdaýda dogabitdi, ol doly däl guýruk myşsalaryň reduksiýasynyň hasabyna we embrional deri ösüşiniň ýetmezçiligi sebäpli döreýär. Galan 5% bolsa şikesden soň (gematoma sebäpli) döreýär.

**Kliniki geçişi we görnüşleri:**

Mehaniki şikeslenme we dykylma ilkinji fistulalarda içege saklantgylaryny fistulanyň içine düşýär, şol ýerde gaýnaglamanyň döremegine getirýär.
Netijede fistulanyň diwary dargap, gaýnaglama hadysasy derasty ýag gatlagyny zeperleýär. Iriňli hadysaň ýaýramagynyň netijesinde çuň gatlaklar zeperlenip iriňli boşluklaryň we ikilenç fistulanyň döremegine getirýär.
Kliniki geçişine görä gaýrüzülmedik we gaýrüzülen görnüşleri tapawutlandyrylýar.
Gaýrüzülen epitelial türre ýoly ýiti, dowamly we remissiýa döwürlere bölünýär.

**Alamatlary:** epitelial türre ýolunyň dokumalarynyň köp mukdarda nekrozirlenmegi netijesinde daş-töweregi aýdyň çäklenen agrynyň, infiltratyň emele gelmegine getirýär. Infiltratyň üstünde deri çişgin, gyzaran, ýerli gyzgynlyk anyklanylýar. Näsagyň umumy ýagdaýy agyrlaşmadyk bolýar.

**Anyklama**: otyrýer gümmezleriniň arasynda çişli infiltratyň, absesiň bolmagy, fistuladan iriňiň gelmegi ýa-da ýapyk görnüşde bolmagy.

**Tapawutlandyryş anyklamasy:** guýmaç we türräniň osteomieliti we ýagyry, paparektal fistulalar, dermoit kistasy we ş.m.

**Gaýragoýulmasyz kömek:** näsagy hassahananyň hirurgiýa (proktologiýa) bölümine ýerleşdirmeli ýa-da saglyk öýlerinde (ambulator) bejermeli.

Operasiýadan soňky resediwleriň öňüni alyş çäreleri. Fistulanyň ähli elementlerini aýyrmakdan başga-da ýara saç bölejikleri, nekrotiki dokumalaryň bölejikleriniň we infeksiýanyň düşmeginden goramaly. Arassaçylyk çärelerini doly we dogry berjaý etmeli.

# IX BÖLÜM

# OŇURGA WE ÇANAKLYK SÜŇKLERINIŇ ŞIKESLENMESINDE GAÝRAGOÝULMASYZ KÖMEK

## OŇURGA SÜTÜNINIŇ ŞIKESLENMESI

Oňurga sütünininiň şikeslenmesine göwräniň aşa zorluk bilen epilmegi ýa-da ýazylmagy, beýikden ýykylmak, çuň bolmadyk suwa başaşak oklamak, ýol hadysalary, atylýan ýa-da sowuk ýaraglardan ýaralanmak sebäp bolup biler.

Iň agyr we howplusy oňurga sütüniň döwülmegidir. Oňurga sütüni yzky çykyntgynyň we gapdal ösüntginiň, oňurganyň bedeniniň döwülmelerine bölünýär.

Döwülmeler açyk we ýapyk hem-de oňurga ýiliginiň şikeslenmesi we şikeslenmezligi ýaly görnüşlere bölünýär.

### Gapdal ösüntgisiniň we yzky çykyntgynyň döwülmesi.

Döwülme göni şikes, kähalatlarda myşsanyň çendenaşa gysylmagy netijesinde bolýar.

Oňurga sütüniň gapdal ösüntgisiniň döwülmesi bil bölüminde, yzky çykyntgysynyň döwülmesi boýun bölüminde köp duş gelýär. Barlanylanda şikeslenen ösüntginiň töwereginde çiş, ýerli agyry, käwagt gematoma bolýar. Rentgen barlagynyň üsti bilen kesgitleme doly anyklanýar.

## Oňurga bedeniniň döwülmesi

Köplenç, kompression döwülme duş gelip, bir we birnäçe pahna görnüşindäki döwülme bolup, bir-birini gysýarlar. Kompression döwülmeXII döş we I bil oňurgalarynda duş gelýär.

Kompression döwülme göwräniň aşa epilmegi, beýikden aýagynyň ýa-da otyrýerine ýykylmagy netijesinde ýüze çykýar. Adatça ýokarky oňurganyň aşakda ýerleşen oňurga görä süýşmegi, bogun baglaýjylaryň üzülmegi, kähalatda oňurga diskiniň zeperlenmesi bolýar. Aşa epilen halatynda oňurgalaryň birden süýşmegi netijesinde oňurga bedeniniň ownuk döwülmeleri ýüze çykýar.

## Oňurga sütüniniň döwülmesiniň gaýrüzülmeleri

Oňa oňurga ýiliginiň şikeslenmesi degişli. Oňurga ýiligi gematomanyň, döwlen süňküň bölejikleri bilen gysylmagy, oňurganyň çykyk-döwülmesiniň ýerinden süýşmeginiň netijesinde bölekleýin ýa-da doly ýiligiň we onuň gabygynyň üzülmesi bilen şikeslenýär.

Şikeslenmäniň ýerleşişine we häsiýetine (gysylma, bölekleýin ýa-da doly üzülmesi) görä duýujylyk hem-de hereket ediş bozulmalary (ysmaz) ýüze çykýar.

Oňurga sütüniniň bil we döş bölümlerindäki şikeslenmesinde aşaky ahyrlaryň, boýun bölümindäki şikeslenmesinde ýokarky we aşaky ahyrlaryň ysmazlary ýüze çykýar. Duýujylyk oňurga ýiliginiň şikeslenen ýeriniň aşak tarapynda doly ýitýär. Şikesliniň täreti we peşew çykaryjylygy bozulýar.

Gutarnykly kesgitlemäni rentgen barlagynyň netijesinde goýulýar.

**Gaýragoýulmasyz kömek:** Agyrysyzlandyryjy derman serişdelerinden, (promedol, analgin, baralgin) sanjym edip, şikeslini şitiň üstünde arkanlygyna ýatyryp, hassahananyň hirurgiýa bölümine ibermeli.

## ÇANAKLYK SÜŇKÜNIŇ DÖWÜGI

Çanaklyk süňküniň döwülmegi göni şikesiň, gysylmagyň, beýikden ýykylmagyň, ýol hadysalaryň netijesinde ýüze çykýar. Seýrek bolmadyk ýagdaýlarda şoga getirýär. Kähalatda çanaklyk süňkleriniň döwükleri, çanaklyk agzalarynyň zeperlenmegi bilen bilelikde duşýar Çanaklyk süňküniň döwügi çanaklyk halkasynyň bitewiliginiň bozulmadyk hem-de bitewiligi bozulmagy ýaly görnüşlere bölünýär.

Çanaklyk halkasynyň bitewiliginiň bozulmadyk döwügine: 1. Atanak şekilli süňküniň keseligine döwügi. 2. Türre süňküniň döwügi. 3. Çüýjük çukanaklygyň döwügi. 4. Ýanbaş süňküniň kese döwügi. 5. Gasyk süňküniň ýa-da otyrýer süňküniň döwügi. 6. Ýanbaş süňküniň ganatynyň döwügi. 7. Otyrýer süňküniň tümmüsiniň döwügi degişli.

Çanaklyk halkasynyň bitewiliginiň bozulan döwügine: 1. Öňki ýarym halkasynyň dikligine döwügi. 1.a. Ikitaraplaýyn gasyk süňkleriniň döwügi. 1.b. Gasyk we otyrýer süňkleriniň döwügi. 2. Yzky ýarym halkanyň dikligine döwügi. 2.a. Ýanbaş süňküniň ganatynyň döwügi. 2.b. Atanak şekilli süňküniň keseligine we dikligine döwügi. 3. Öňki we yzky ýarym halkasynyň ikileýin Malgeniýa tipli döwügi. 4. Çanaklyk halkasynyň maýdalanan döwügi degişli.

**Klinikasy:** Çanaklyk halkasynyň bitewliginiň bozulmadyk döwüklerinde näsagyň umumy ýagdaýy kanagatlanarly. Çanaklyk bitewiligi bozulan döwüklerde näsagyň ýagdaýy orta agyrlykda ýa-da agyr bolýar. (18-20%-de

şok ýüze çykýar). Şikeslenen tarapynda agyry, şikesli “gurbaga” ýagdaýynda bolup, çanaklyk but bognuna ýarym eplenen görnüşinde (Wolkowiçiň alamaty); şikesli krowadyň tekizliginden uzaldylan aýagyny galdyryp bilenok (Gorinewskiý ýelmeşen daban alamaty); çanaklygyň gapdalyndan gysylanda (Werneýtýanyň alamaty) we gysmaklyk bes edilip el aýrylanda (Larreýanyň alamaty) agyry güýçlenýär. Şikeslenen tarapynda ahyryň otnositel gysgalmagy ýüze çykýar.

Şikeslini hökmany göni içegeden ýa-da jynshanadan barmak bilen barlamaly. Bu usul bilen guýmajyň, türräniň öňki ýarym halka süňküniň döwügini kesgitläp bolýar. Hökmany peşew çykaryjy ýollarynyň işjeňligini peşew haltany ýa-da kateter goýmak arkaly kesgitlemeli. Çanaklyk döwügini kesgitlemek üçin rentgen barlagy geçirilýär.

**Gaýragoýulmasyz kömek:** Agyrysyzlandyryjy derman serişdelerinden (promedol, analgin, baralgin) sanjym edip, şikeslini şitiň üstünde arkanlygyna ýatyryp, aýaklaryny dyz bognuna epip, aşagyna ýassyk goýup “gurbaga” ýagdaýynda hassahananyň hirurgiýa bölümine ibermeli.

# X BÖLÜM

# DÖWÜKLERDE WE ÇYKYKLARDA GAÝRAGOÝULMASYZ KÖMEK

## DÖWÜKLER

Süňk üstüniň bitewiliginiň bozulmagyna döwük diýilýär. Döwükler dogabitdi we ýaşaýşyň dowamynda gazanylan bolýar. Dogabitdi döwük – düwünçek döwürde dürli faktorlaryň täsir etmeginde ýüze çykýar. Ýaşaýşyň dowamynda ýagny çagalyk döwründe we uly ýaşlarda mehaniki faktoryň täsiri netijesinde ýüze çykýar. Dogrum döwründe ýüze çykýan döwükler – ýaşaýşyň dowamynda döreýän döwükler diýip hasap edilýär. Patologiki kesellerde (osteomiýelit, täze döreme) döreýän döwükler tapawutlandyrylýar.

Gelip çykyşy boýunça mehaniki döwükler aşakdakylara bölünýär:

1. Basyşdan dörän döwük. Bu ýagdaýda bir süňküň ahyry beýleki süňküň içine girýär, ýagny süňküň diafiziň içine girýär (iç-içine giren döwük) olaryň ilteşmegi (ýenjilen döwük) ýa-da basylan döwük.
2. Epilendäki döwük. Bu döwügiň seýrek görnüşi bolup, süňk kese ugur boýunça döwlüp epilen tarapynda süňk üçburçlugy emele gelýär.
3. Towlanandaky döwük (wint görnüşli, spiral görnüşli) bu döwük haçan-da bir süňküň ahyry fiksirlenen beýleki ahyry towlanan ýagdaýynda, döwügiň çyzygy spiral görnüşli bolýar.
4. Gopup aýrylýan döwük myşsalaryň aýdyň ýygrylmagynda ýüze çykýar. Adatça süňke berkidýän

siňirleriň, myşsalaryň töweregi bilen süňk fragmenti gopýar.

Döwükleriň süňk okuna baglylykda görnüşleri:

1. Kese – döwük çyzygy süňk okuna görä perpendikulýar ýerleşýär.
2. Dik-döwük çyzygy süňk okuna görä ýerleşýär.
3. Gyşyk – döwük çyzygy süňk okuna görä gyşyk ýerleşýär.
4. Wint ýa-da spiral görnüşli – döwük çyzygy spiral şekilinde bolýar.

Döwükleriň sanyna görä:

1. Ýekeleýin döwük.
2. Köpsanly döwükler.

Derüstüniň bozulmagy bilen baglylykda.

1. Açyk döwülme – derüstüniň bitewiligi bozulýar.
2. Ýapyk döwülme – derüstüniň bitewüligi bozulmaýar.

Döwlen süňkleriň ýerinden süýşmegine baglylykda:

1. Ýerinden süýşme mehaniki täsiriniň netijesinde ýüze çyksa, ilkinji süýşmesi diýilýär.
2. Ýerinden süýşme myşsanyň çekilmegi ýa-da zeperlenen ahyra agram salnanda ýüze çyksa ikilenji süýşmesi diýilýär.

Süňk döwükleriniň süýşmeginiň birnäçe görnüşleri bar. Burç astyna süýşmeklik – süňk döwükleriniň oky bir-birinde burç astynda ýerleşýär. Gapdal süýşmeklik – süňk döwükleriniň oky biri-birine gapdallaýyn durýar.

Uzaboýuna süýşmeklik – süňk döwükler bir-biriniň içine girýär we uzaboýuna süýşýär. Netijede, ahyrlaryň gysgalmagy bolýar. Rotasion gyşarma – periferiki süňk döwükleri öz okunyň daşyndan aýlanmagy bilen süýşýär.

Döwügiň absolýut (diňe döwükler üçin häsiýetli) we otnositel (beýleki şikeslenmeler üçin hem häsiýetli) alamatlaryny tapawutlandyrylýar.

Absolýut alamatlaryň biriniň ýüze çykmagy döwügiň bardygyny doly tassyklaýar.

Absolýut alamatlary:

1. Döwlen ýerinde deformasiýa bolmagy.
2. Döwlen süňk döwükleri bir-birine degende gütürdi sesiniň eşidilmegi
3. Döwlen süňküň uzaboýuna süýşmegi sebäpli ahyrlaryň gysgalmagy.
4. Döwlen ýerde patologiki hereketiň bolmagy.

Otnositel alamatlar absolýut alamatlar bilen bile geçende uly ähmiýet berilýär.

Otnositel alamatlary:

– şikeslenen ýerinde agyrynyň bolmagy;
– şikeslenen ýerinde gematomanyň bolmagy;
– şikeslenen ýerinde ýumşak dokumalaryň çişmegi we gyzarmagy;
– şikeslenen ýeriniň hereketiniň bozulmagy.

## ELIŇ DÖWÜLMESI

Çigin süňküniň döwülmesi-proksimal bölegine, diafiza we distal bölege bölünýär.

Proksimal bölegiň döwülmesiniň, köplenç, kellejigiň, hirurgiki boýunjygyň döwülmesi hem-de uly tümmejigiň gopup aýrylan görnüşleri duş gelýär.

Kellejigiň döwülmesi çigin süňküniň bogun içeri döwülmesine degişli bolup, köplenç, garry we gartaşan adamlaryň tirsegine ýykylan halatynda ýüze çykýar.

**Klinikasy:** çigin bognunda çiş, bogna ganinme we bogunda hereketiň bozulmagy, elläp we basyp görlende agyry güýçlenýär. Gutarnykly kesgitleme rentgen barlagynyň netijesinde goýulýar.

Hirurgiki boýunjygyň döwülmesi garry adamlaryň uzan eliniň üstüne, tirsegine ýykylanda duş gelýär. Bu bogundan daşarky döwülmä degişli.

**Klinikasy:** çigin bognunda hereketiň bozulmagy, agyry, çiş, ganöýme bolýar. Şikesli sagdyn eli bilen şikesli elini bedenine degirmän bileginden, gosaryndan tutup saklaýar. Döwlen ýeri elläp görlende agyry peýda bolýar.

Gutarnykly kesgitleme rentgen barlagynyň netijesinde goýulýar.

Uly tümmejigiň gopup aýrylan döwülmesi – ýykylanda ýüze çykýar.

**Klinikasy:** agyry, eliň hereketinde güýçlenýär, çäklendirilen çiş, ganinme, süňküň gütürdisi, gopan süňk döwüginiň hereketi ýüze çykýar. Çigini içe tarap öwrüp, çaltlyk bilen daş tarapa öwürmek mümkin däl. Çigin bognunyň töwereginde myşsa dartgynlylygy bolýar. Döwlen ýeri elläp görlende agyry peýda bolýar.

Gutarnykly kesgitleme rentgen barlagynyň netijesinde goýulýar.

Diafiziň döwülmesi urgy we ýykylmak netijesinde ýüze çykyp, kese, gyşyk, wint görnüşli döwülmelere bölünýär.

**Klinikasy:** agyry, çiş, ganöýme, çigin keltelmesi, döwlen ýerinde deformasiýa, patologiki hereket bolup, kesgitlemäni kynçylyksyz anyklamak bolýar.

Gutarnykly kesgitleme rentgen barlagynyň netijesinde goýulýar.

Distal bölegiň döwülmesi bogundan daşary (tümmejikler üsti) we bogun içeri çiginiň (tümmejik) döwülmesine bölünýär. Eplenýän we ýazylýan tümmejikler üsti döwülmeleri tapawutlandyrylýar.

**Klinikasy:** tirsek bognunda agyry, deformasiýa, bogun içine ganakma ýüze çykýar. Elläp görlende agyry, aktiw

hereketi ýok. Gutarnykly kesgitleme rentgen barlagynyň netijesinde goýulýar.

Bilek süňkleriniň döwülmesi köp duş gelýär. Ol tirsek ösüntgisiniň, täç şekilli ösüntgisiniň, bilek süňküniň kellejiginiň ýa-da boýunjygynyň döwülmesine, bilek süňkleriniň diafizar döwülmesine, bilek süňküniň adaty ýeriniň döwülmesine bölünýär.

Täç şekilli ösüntgisiniň döwülmesinde tirsek epininde agyry, çiş, bogun içine ganakma, tirsek bognunda maksimal epmek çäklenen.

Gutarnykly kesgitleme rentgen barlagynyň netijesinde goýulýar. Bilek süňküniň kellejiginiň ýa-da boýunjygynyň döwülmesinde agyry, çiş, gematoma, tirsek bognunda çäklenen hereket bolýar.

Gutarnykly kesgitleme rentgen barlagynyň netijesinde goýulýar.

Bilek süňkleriniň diafizar döwülmesinde patologiki hereket, deformasiýa, agyry ýüze çykýar. Käwagt döwülme çykyklar bilen bilelikde duş gelýär. Olardan bilek süňküniň döwügi, tirsek süňküniň kellejiginiň çykygy (Galeasiýanyň döwügi), tirsek süňküniň döwügi, bilek süňküniň kellejiginiň çykygy (Montedžanyň döwügi) duş gelýär.

Gutarnykly kesgitleme rentgen barlagynyň netijesinde goýulýar. Bilek süňküniň adaty ýeriniň döwülmesi ekstenzion we fleksion döwülmelere bölünýär.

**Klinikasy:** agyry, çiş, ştyk şekilli deformasiýa ýüze çykýar.

Gutarnykly kesgitleme rentgen barlagynyň netijesinde goýulýar.

Penje süňkleriniň döwülmeleri köp duş gelmek bilen gaty ünsli barlagy talap edýär, sebäbi eliň hereketiniň funksiýasynyň bozulmagy, şikeslini maýyplyga eltmegi mümkin. Barmak

süňkleri göni urgynyň netijesinde ýüze çykýar. Ol bogun içeri, bogun töweregi we barmak bedeni döwülmelerine bölünýär.

**Klinikasy:** çiş, ganöýme, döwlen süňkleriň ýerinden süýşmegi bilen deformasiýa ýüze çykýar. Barmaklary doly ýazyp bolmaýar.

Gutarnykly kesgitleme rentgen barlagynyň netijesinde goýulýar.

**Gaýragoýulmasyz kömek**. Süňk döwülmesinde hökmany şoga garşy agyrysyzlandyryjy narkotik (omnopon, promedol) we ýüregi kuwwatlandyryjy (sulfakamfakain, korazol) derman serişdelerinden sanjym edip, süňk döwüklerini hereketsizlendirmek maksady bilen transport immobilizasiýasyny geçirmeli. Açyk döwükleriň ganakmasynda wagtlaýynça gany duruzmagyň usullaryny ulanyp, şikeslenen ýeriniň töweregine 5% ýoduň spirtli erginini çalyp, ýara aseptiki sargy etmeli. Şikeslini hassahananyň hirurgiýa ýa-da döwük-ýenjik bölümine ibermeli.

## AÝAGYŇ DÖWÜLMESI

But süňküniň döwülmesi ýerleşişine laýyklykda boýunjygyň, diafiziň we tümmejigiň bölegine bölünýär.

But süňküniň boýunjygynyň döwülmesi, esasan hem, garry we gartaşan adamlarda ýykylmagynyň netijesinde ýüze çykýar. Boýunjygyň döwülmesi medial (bogun içeri) we lateral (bogundan daşary) görnüşlere bölünýär.

**Klinikasy** buduň keltelmesi mese-mälim bildirip, aýak daş tarapa öwrülýär. Uly tümmejik ýokaryk galýar. Şikesli ýeriniň agyrysy güýçlenýär. Gutarnykly kesgitleme rentgen barlagynyň netijesinde goýulýar.

But süňküniň diafiziniň döwülmesi urgynyň, ýykylmagyň, ýol hadysalarynyň netijesinde ýüze çykýar.

But süňküniň diafiziniň ýokarky üç böleginiň döwülmesi (proksimal döwülme, daşary we öňe süşýär, distal ýokaryk we iç tarapa süýşýär) ortaky üç bölek (proksimal döwülme iç tarapa süýşýär, distal yza we ýokaryk) aşaky üç bölek (distal döwülme yza we ýokaryk süýşýär).

**Klinikasy:** but süňküniň diafiziniň döwülmesinde agyry, deformasiýa, çiş, ahyryň distal tarapy daş tarapa öwrülýär, keltelme, patologiki hereket we hereketiň doly bozulmagy ýüze çykýar.

Gutarnykly kesgitleme rentgen barlagynyň netijesinde goýulýar.

Injik süňkleriniň döwülmesi tümmejigiň uly injik süňküniň diafiziniň döwülmesine, kiçi injik süňküniň we topugyň döwülmesine bölünýär.

Uly injik süňküniň tümmejiginiň döwülmesi bogun içeri döwülmä degişli bolýar.

**Klinikasy:** agyry, keltelme, gapdala patologiki hereket, dyz bognuna ganinme bolýar.

Gutarnykly kesgitleme rentgen barlagynyň netijesinde goýulýar.

Injik süňküniň diafiziniň döwülmesi injigiň iki süňküniň döwülmesi göni urguda, gysylanda, ýokardan injigiň üstüne ýykylanda ýüze çykýar. Döwülmeler gapdal, gyşyk, towlanan, maýdalanan görnüşinde bolýar.

Klinikasy agyry, keltelme, aýagynyň daş tarapa towlanyp öwrülmegi, patologiki hereket, çiş we gematoma bolýar.

Gutarnykly kesgitleme rentgen barlagynyň netijesinde goýulýar.

Dyz çanagyň döwügi köp duş gelýär. Döwülme dabanyň duran ýerinden gymyldatmasyzdan injigi iç we daş tarapa aşa öwürmek hem-de urgy netijesinde ýüze çykýar.

Dyz çanagyň:

– dyz çanagyň çäklendirilen döwülmesi;

– adduksion (dabany içe tarap öwürmek) iki dyz tarapa çanagynyň döwülmesi (Malgenýew döwügi);

– abduksion (dabany daş tarapa öwürmek), iki topugynyň döwülmesi;

– iki dyz çanagyň we uly injik süňküniň gyrasyndan gopup döwülmesi (Desta döwülmesi) duş gelýär.

**Klinikasy:** agyry, çiş we ganöýme bolýar.

Gutarnykly kesgitleme rentgen barlagynyň netijesinde goýulýar.

Daban süňküniň döwülmesi göni urgy, beýikden ökjäniň üstüne ýykylan halatynda ýüze çykýar.

Ökjäniň gapdal, dik, bogun içeri, bogundan daşary döwülmeleri duş gelýär.

**Klinikasy:** daban-injik bognunyň aşagynda çiş, ökjäniň beýikligi peselen, agyry bolýar. Ökjäniň gapdalyndan gysylan halatynda agyry güýçlenýär.

Gutarnykly kesgitleme rentgen barlagynyň netijesinde goýulýar.

Dabanyň daraklyk we barmajyklarynyň döwülmeleri göni urgy, dabanyň üstüne agyr predmetiň gaçmagynyň netijesinde ýüze çykýar.

**Klinikasy:** agyry, adamyň öz agramyna ýa-da dabanynyň barmaklary çekilen halatynda agyry güýçlenýär. Dabanyň üsti tarapyna giňişleýin ganinme, süňk döwüginiň gütürdisi eşidilýär.

Gutarnykly kesgitleme rentgen barlagynyň netijesinde goýulýar.

**Gaýragoýulmasyz kömek.** Süňkleriň döwüklerinde hökmany şoga garşy agyrysyzlandyryjy narkotik (omnopon, promedol) we ýüregi kuwwatlandyryjy (sulfakamfakain, korazol) derman serişdelerinden sanjym edip, süňk döwüklerini

hereketsizlendirmek maksady bilen transport immobilizasiýasyny geçirmeli. Açyk döwükleriň ganakmasynda wagtlaýynça gany duruzmagyň usullaryny ulanyp, şikeslenen ýeriniň töweregine 5% ýoduň spirtli erginini çalyp, ýara aseptiki sargy etmeli.

Şikeslini hassahananyň hirurgiýa ýa-da döwük-ýenjik bölümine ibermeli.

## TRANSPORT IMMOBILIZASIÝASY

Döwüklerde, ýumşak dokumalaryň aýdyň zeperlenmelerinde bedeniň zeper ýeten bölegine rahatlyk döretmek, agyryny azaltmak, dokumalaryň soň zeperlenmeginiň we trawmatiki şoguň öňüni almak üçin bedeniň zeperlenen bölegini hereketsizlendirmek maksady bilen transport immobilizasiýa geçirilýär. Immobilizasiýa üçin standart we improwizirlenen şinalary ulanylýar. Süňk döwüklerinde döwlen ýerinden ýokarky we aşaky iki bogny immobilizirlemeli. Çigin we but bognunyň döwüginde üç bogny immobilizirlemeli.

Transport immobilizasiýa üçin metal torly we Krameriň şinalary we Diterihsiň agaç şinasy, Tomos-Winogradowyň şinalary ulanylýar. Diterihsiň şinasy aşaky ahyrlaryň zeperlenmesinde (but-çanaklyk, dyz bognunda, but süňki) ulanylýar.

Krameriň şinasy, esasan, çiginiň, eginiň, injigiň, dabanyň döwüklerinde immobilizasiýa etmek üçin ulanylýar. Eginiň, goşar-aýa bognuň, penjäniň we barmaklaryň zeperlenmesinde tor, faner, karton we improwizirlenen şinalar ulanylýar. Çigin, bilek süňkleriniň döwüginde tirsek gönüburç astynda eplenen bolmaly, aýa beden tarapa öwrülen, penje biraz epilen ýagdaýynda bolmaly. Aýa-bilek bognuň we barmaklaryň döwüklerinde şinany aýa tarapdan goýmaly. Penje biraz

gaýşardylan ýagdaýynda bolmaly. Aýa pagta topbagyny goýup, barmaklaryny ýarym epilen ýagdaýynda berkitmeli. Şikeslenen ýokarky ahyry ýaglyk ýa-da sargynyň böleginiň kömegi bilen boýnundan asylgy ýagdaýda goýulýar. But süňküniň döwüginde, Diterihsiň şinasy, Tomos-Winogradowyň metal şinasy ulanylýar. Şinany aýagy göni, dabany gönüburça epilen ýagdaýynda berkidilýär.

## ÇYKYKLAR

Bir ýa-da birnäçe süňkleriň bogun üstüniň patologiki süýşmegi, olaryň kadaly anatomiki kapsula-baglaýjy bogun apparatynyň bitewiliginiň arabaglanyşygynyň bozulmasyna çykyklar diýilýär.

Çykyklaryň görnüşleri:

1. Trawmatiki – şikeslenmäniň netijesinde ýüze çykýar.
2. Patologiki – bogun apparatynyň bitewiliginiň arabaglanyşygynyň bozulmagy we süňkleriň bogun üstüniň zaýalanmagy bilen baglanyşykly kesellerde (täze döreme) ýüze çykýar.
3. Dogabitdi – düwünçek döwürde dürli faktorlaryň täsir etmeginde ýüze çykýar.
4. Endikli – bogun apparatynyň aşa sozulmagynyň netijesinde emele gelýär.
5. Könelişen, wagtynda ýerine salynmadyk çykyklarda duş gelýär.

## ELIŇ WE GOLUŇ ÇYKYKLARY

Çiginiň çykygy – bu köp duş gelýän çykyklaryň biri bolup durýar. Çykyk, köplenç, uzan eliň üstüne ýykylanda ýüze çykyp, çigin süňküniň kellejigi bogun oýtumyndan çykýar.

Klinikasy – güýçli agyry we çiş peýda bolýar. Çigin süňküniň çykygynyň yza, öňe we aşak tarapa çykmagynyň

görnüşleri bar. Çigin süňki öňe çykanda el keltelýär, çigin kellejigi ýaýjygyň aşak ýüzünde bildirýär.

Çigin süňki yz tarapa çykanda, kellejigi pilçäniň öňüne çykýar we el keltelýär.

Çigin süňki aşak tarapa çykanda, çigin kellejigi goltugyň aşagynda bildirýär we el uzalýar.

Gutarnykly kesgitleme rentgen barlagynyň netijesinde goýulýar. Bilegiň çykygy, köplenç, uzan eliň üstüne ýykylanda ýüze çykýar. Çykykda bogny baglaýjy siňirleriň üzülmegi mümkin. Bilek süňkleriniň çykan tarapyna baglylykda yzdan öňe, daşa we iç tarapa hem-de çagalarda bilek süňküniň kellejiginiň doly däl çykmak ýaly görnüşleri bolup biler.

Klinikasy – tirsegiň töwereginde agyry, çiş, deformasiýa bolýar. Şikesli elini tirsekden çala epilen ýagdaýda sagdyn eli bilen tutup saklaýar. Gutarnykly kesgitleme rentgen barlagynyň netijesinde goýulýar.

Barmaklaryň çykygy, köplenç, başam (birinji) barmak çykýar. Ol göni urgynyň netijesinde ýüze çykýar.

Klinikasy – barmakda güýçli agyry, çiş bolup, hereket ýitýär.

Basyp görlende bogun kellejiginiň eliň aýasyna tarap çykyp durany bildirýär. Gutarnykly kesgitleme rentgen barlagynyň netijesinde goýulýar.

## AÝAGYŇ ÇYKYKLARY

But süňküniň çykygy – göni urgynyň, ýol hadysalarynyň netijesinde ýüze çykýar.

But süňki yzdan ýokary, yzdan aşak, öňden aşak, öňden ýokary tarapa çykýar.

Klinikasy – her çykygyň görnüşine laýyklykda bogunda deformasiýa, agyry, çiş bogunda hereket bozulýar. Gutarnykly kesgitleme rentgen barlagynyň netijesinde goýulýar.

Injigiň çykygy bu çykyk seýrek duş gelýär. Injik öňe, yza, içe we daş tarapa çykyp bilýär.

Klinikasy bogun öz formasyny ýitirýär. Güýçli agyry peýda bolup, bogunda hereket ýitýär. Gutarnykly kesgitleme rentgen barlagynyň netijesinde goýulýar.

**Gaýragoýulmasyz kömek:** çykyklarda hökmany şoga garşy agyrysyzlandyryjy narkotiki ýa-da narkotiki däl (omnopon, promedol, analgin, baralgin) derman serişdelerinden sanjym edip, çykyklary hereketsizlendirmek maksady bilen transport immobilizasiýasyny geçirmeli. Çykygyň üstüne buz goýup, şikeslini hassahananyň hirurgiýa ýa-da döwük-ýenjik bölümine ibermeli.

# XI BÖLÜM

# ESASY REANIMASION USULLARY

Reanimasiýanyň gaýragoýulmasyz kömeginiň esasy aýratynlygy berilýän saglygy goraýyş kömegini gyssagly wagt aralykda bermekden ybaratdyr. Şonuň üçin ilkinji minutlarda näsaga kwalifisirlenen kömegi bermek üçin esasy reanimasion usullary bilmek örän wajypdyr.

## TERMINAL ÝAGDAÝ WE KLINIKI ÖLÜM

Terminal ýagdaý diýip, bedeniň ýaşaýyş üçin wajyp bolan agzalaryň doly işiniň togtamagyna aýdylýar. Terminal ýagdaýyň dürli keselleriň, dem alyş işini togtadýan, agyr aspirasiýasy, dem alyş ýollarynyň iýmit, gusuk massalar bilen dykylmagy, ýürek myşsalaryna göni täsir edýän derman serişdeleriniň artykmaç ulanylmagy we olary hususy götermezligi netijesinde ýüze çykýar. Terminal ýagdaý iki etaba bölünýär: agoniýadan öňki döwür we agoniýa döwri. Terminal ýagdaýy birnäçe minutdan, birnäçe güne çenli dowam edip bilýär.

**Agoniýadan öňki döwür:** arterial gan basyşynyň 50-60 mm. sim. süt. hem pesdigi, deriniň reňkiniň ak bolmagy, gögermegi, (sianoz), pulsuň çaltlaşmagy we dolgunlygynyň peselmegi bilen häsiýetlenýär. Agoniýadan öňki döwür agzalaryň we dokumalaryň gipoksiýasy ($O_2$ mätäçligi), gemodinamikanyň (gan aýlanyşygyň), dem alşyň çuňňur bozulmasy netijesinde ýüze çykýar. Bedeniň zäherlensizlendirme işi bozulýar. Bu bolsa öz gezeginde ýaşaýyş üçin wajyp bolan ähli agzalaryň we ulgamlaryň işiniň bozulmagyna getirip, agoniýanyň ýüze çykmagyna ýardam berýär. Periferiki damarlarda pulsuň urşy gowşak, sapak şekilli

ýa-da palpirlenmeýär. Uky arteriýasynda pulsuň urşy örän gowşak. Arterial gan basyşy kesgitlenilmeýär ýa-da 30-40 mm. sim. süt. pes bolýar. Dem alşy seýrek ýa-da arakesmeli, kähalatda gysga wagtlaýyn näsagyň ýagdaýynyň gowulanmagy bolýar. Agoniýa seýrek ýagdaýda birnäçe sagada çenli hem dowam edýär.

**Kliniki ölüm** – dem alşyň we ýürek işjeňliginiň togtamagy bilen başlanýar. Uky arteriýalarynda pulsuň urşy kesgitlenmeýär, ýürek tonlary eşidilmeýär. Aýdyň sianoz, göreçleri birden giňelýär, organizmiň 5-7 minudyň dowamynda işjeňlige ukyply gaýdymly ýagdaýynda galýar. Bedeni janlandyrmak üçin reanimasion gaýragoýulmasyz kömegi berilmedik halatynda gaýdymsyz biologiki ölüme geçýär.

**Biologiki ölüm** – dokumalarda, esasan hem, merkezi nerw ulgamynda gaýdymsyz üýtgemeler ýüze çykýar. Biologiki ölümde dem alşyň we ýürek işjeňliginiň doly togtamagy bilen bedeniň temperaturasynyň pese düşmegi, 2-4 sagatdan jeset tegmilleri we jesediň gatamagy emele gelýär.

Bedeni janlandyrmak üçin gaýragoýulmasyz çäreler ýüregiň işjeňligini, dem alşy we merkezi nerw ulgamynyň işjeňligini dikeltmekden ybaratdyr.

**Öýkeniň emeli wentilýasiýasy:** näsagyň kellesini arkanlygyna maksimal gaýyşdyrylyp ýatyrylýar. Soňra agzy barmaklaryň ýa-da agyz açyjy guralyň kömegi bilen açmaly we agyz boşlugyny sülekeýden boşatmaly.

**Agyzdan-agza dem bermek usuly:** Näsagyň kellesini bir el bilen gaýşan görnüşinde saklamaly, beýleki eliň bilen aşaky äňini açyp, dilini öňe çekip, näsagyň agzyna öz agzyňy berk goýup, burnuny gysmaly. Howany üflemek bilen näsagyň döş kapasasy ýeterlik giňelende bes edilýär. Soňra näsagdan kömek beriji agzyny we barmagyny burnundan aýryp, passiw dem goýberme geçirýär (minutda 18-20 gezek dem bermeli).

**Agyzdan burna dem bermek usuly:** Bu usul näsagyň aşaky äňi berk gysylanda ýa-da agyzdan-agza usulynda öýkeniň emeli wentilýasiýasyny döş kapasasynyň gönelmedik ýagdaýynda geçirilýär. Näsagyň kellesi yza gaýyşdyryp we şeýle ýagdaýda bir el bilen kellesini saklamaly. Beýleki el bilen ýokarky äňi galdyryp agyz ýapylýar. Näsagyň burnuny agyz bilen berk gabap, burnuna howany üflemeli. Döş kapasasy ýeterlikli giňelmeli. Dem alyş ýollarynyň geçirijiligini we diliň ýuwdulmagynyň öňüni almak üçin agyz boşlugyna ýörite howa geçiriji trubka goýulýar.

Onuň ahyry bokurdagyň girelgesinde durup, diliň köküni gysýar. Howa geçiriji trubka bilen öýkeniň emeli wentilýasiýany geçirmeklik amatly usuldyr.

Agyzdan-agza dem berme usulynda, çyglanan salfetka, burun ýaglygy, ýönekeý ýa-da birnäçe gatlanan inli bint ulanylýar. Portotiw apparat bilen öýkeniň emeli wentilýasiýasy näsagyň ýüzüne apparatyň maskasyny berk gysmak arkaly geçirilýär. Maska sag eliň baş we ikinji barmagy bilen gysylyp, beýleki üç barmak bilen näsagyň aşaky äňi öňe itilip, näsaga dem bermek üçin ikinji el bilen dem berýän haltany gysmaly. Dogry geçirilen öýkeniň emeli wentilýasiýasynda 1-2 minudyň dowamynda näsagda özbaşdak ritmiki dem alyş ýüze çykýar. Kähalatda öýkeniň emeli wentilýasiýasyny näsagy golaýda ýerleşýän hassahana ýerleşdirilýänçä birnäçe sagatlap geçirmeli bolýar.

**Ýüregiň göni däl owkalamasy:** ejir çekeni gaty tekiz zadyň üstünde arkan ýatyrmaly, kömek beriji ejir çekýäniň çepinde durýar. Bir eliniň aýasyny beýleki eliniň üstünde goýup (kebelek görnüş), döş süňküniň aşaky 1/3 bölegine ýerleşdirmeli. Ritmiki itergi bilen 1 minutda 60-80 gezek döş süňküni oňurga sütünine tarap basmaly. Uly adamlarda owkalama iki el bilen, çagalarda bir el ýa-da iki barmak bilen geçirilýär. Döş kapasasyna ritmiki basylanda ýüregiň

töweregine uly bolmadyk ganyň göwrümi iterilýär. Çep garynjykdan aorta, sag garynjykdan öýkene iterilip, $O_2$ bilen doýgunlaşýar. Basyş edilende döş kapasasy giňeýär we ýüregiň boşlugy täzeden gan bilen doldurylýar. Dogry geçirilen ýüregiň owkalamasynda uky arteriýalarynda, but, kähalatda şöhle arteriýalarynda ritmli puls kesgitlenilýär. Deri örtüginiň we nemli bardasynyň reňki üýtgeýär. Giňelen göreçler daralýar.

## ÝÜREGIŇ PUNKSIÝASY

**Görkezmesi:** ýürek togtanda derman serişdesini goýbermek, ýüregiň şikesinde we käbir kesellerde ýörite barlaglar üçin kontrast serişdeleri goýbermek, gandaky gazy barlamak, howa emboliýasynda gazy sordurmak maksady bilen ulanylýar.

Geçiriliş düzgüni: Ýüregiň punksiýasyny geçirmek üçin uzynlygy 8-10 sm. mandrenli iňňe ulanylýar. Mandrene ýumşak dokumalar bilen iňňäniň boşlugy bitmezligi üçin ulanylýar. Punksiýa IV-V gapyrga aralygynda 4-5 sm. döş süňküniň çep gyrasyndan ýa-da onuň iki tarapynyň gyrasynda geçirilýär. Punksiýada iňňe perpendikulýar goýberilip, 4-5 sm. sanjylandan soň, ony çep tarapa $30^0$C burça ugrukdyrylýar (takmynan ugry sagat ikinji gapyrga ketirdewük birleşmesi). Wena damarlarynyň manipulýasiýa düzgünininiň bozulmagynyň netijesinde howa emboliýasyny ýüregiň sag öňüniň boşlugyndan gazy sorup aýyrmak üçin, döş süňküniň sag tarapynyň III gapyrga arasynda geçirilýär. Şeýle hem ýüregiň punksiýasyny geçirmek üçin Lorreýiň nokadyny ulanyp bolýar. Onuň geçiriliş düzgüni perikardyň punksiýasynyň geçiriliş düzgünine meňzeş. Iňňe perikardyň boşlugyndan, ýüregiň myşsasyndan geçip, ýürek boşlugyna çenli iterilýär. Iňňe iterilende elmydama derman serişdesi bilen doldurylan şprisiň porşenini özüne

çekmeli. Ýürek boşlugyna iňňe düşende şprisde gan peýda bolýar.

**Bolup biläýjek gaýrüzülmeler:** Koronar we içki damarlarynyň şikeslenip, gemoperikardyň emele gelmegi, miokarda käbir derman serişdesiniň düşmegi bilen onuň zeperlenmegi (10% CaCl ergini), öýkeniň şikeslenip, pnewmotoraksyň emele gelmegi mümkin.

## PLEWRAL BOŞLUGYNYŇ PUNKSIÝASY

**Görkezmesi:** ekssudatiw plewriti, pnewmotoraks, plewranyň empiýemasy, gemotoroks, plewranyň täze döremesinde biopsiýa almak, öýkeniň daş ýüzünde ýüzleý ýerleşen absseslerde, plewral boşluga derman serişdelerini goýbermek maksady bolup biler.

**Geçiriliş düzgüni:** plewral boşlukdan howany aýyrmak üçin punksiýa orta ýaýjyk çyzykdan II gapyrgarada (näsag oturan ýagdaýda) ýa-da orta goltukasty çyzykdan V-VI gapyrgaralarda geçirilýär. (näsag sagdyn tarapyna ýatyp, ellerini kellesiniň ýeňsesine goýýar). Gidro we gemotoroksda punksiýany pilçe çyzykdan ýa-da yzky goltukasty çyzygynda VII-VIII gapyrgaralarda geçirilýär. Eger näsagy oturdyp bolmadyk ýagdaýynda, onda punksiýany yzky goltukasty çyzykdan geçirip bolýar. Punksiýa edilmezden öň sanjym ediljek ýerine 0,5 % nowokain ergini bilen deriniň, derasty ýag gatlagynyň infiltrasiýasy geçirilýär. Plewral punksiýasy geçirilende uzynlygy 8-10 sm. diametri 1 mm.-den ýokary bolan iňňe alynýar. Plewral boşlugyna howanyň düşmeginiň öňüni almak üçin iňňä elastik rezin trubka geýdirmeli. Trubka gysgyç guraly bilen gysylýar. Döş süňküniň diwary we pariýetal plewral tolkun hereketi bilen deşilýär. Bu pursatda dokumalar bilen galtaşýan iňňe "boşluga düşen duýgusy" ýüze çykýar. Soňra trubkanyň daşky ahyryna konýulanyň üsti bilen 20 ml. ýa-

da ondan hem uly şpris oňa birleşdirilýär. Plewral boşlugynda ýygnanan suwuklyk sorulandan soňra rezin trubka gysylýar, şpris boşadylyp ýene-de täzeden manipulýasiýany gaýtalamak üçin trubka birleşdirilýär. Doly aspirasiýanyň geçendigine gözegçilik etmek üçin perkussiýa we auskultasiýadan başga-da rentgen barlagy hem geçirilýär.

**Bolup biläýjek gaýrüzülmeler:** plewral içki ganakma, ganly gakylyk, pnewmotoraks, kelle beýniniň we ýüregiň damarlarynda howaly emboliýa, öýkeniň, diafragmanyň, bagryň zeperlenmegi.

## ÝAÝJYKASTY WENANYŇ PUNKSIÝASY WE KATETRIZASIÝASY

**Görkezmesi:** periferiki wenalarda punksiýa geçirip bolmadyk halatynda konsentrirlenen erginler bilen dowamly infuziýa geçirilende, antibiotikoterapiýa wena içine geçirilende, merkezi wenoz basyşyny ölçenilende we ganyň barlagynda ulanylýar.

**Geçiriliş düzgüni:** näsag arkasyna ýatyrylýar, pilçäniň aşagyna beýikligi 10 sm. bolan walik goýulýar, kellesini punksiýa edilýän tarapdan garşy tarapa bakdyrmaly, krowadyň aýak tarapy galdyrylýan, ýaýjygynyň töweregi antiseptik serişde bilen arassalanýar.

Ýaýjygyň 3/1 içki we ortaky araçäginden 1,5-2 sm. aşakdan deriniň we aşaky dokumalaryň 5 ml. 0,25% nowokain ergini bilen agyrysyzlandyrma geçirmeli. Ýaýjykasty punksiýa 45-50$^0$C burç bilen iňňäni sanjyp, ýaýjygyň yzky gyrasyna ugrukdyrylýar. Şprisiň porşenini wagtal-wagtal çekip durmaly, ýaýjykasty wena düşülende gan peýda bolýar. Şprisi aýryp, çalt iňňäniň konýulasyny barmak bilen basmaly. Iňňäniň boşlugyna mandreniň 3/1 uzynlygy salynýar. Soňra mandrene kateter geýdirilip, aýlawly hereket bilen wena boşlugyna iterilýär.

Mandreny aýyrmaly, şprisiň kömegi bilen ganyň yza akymyny barlap, ergini goýbermek üçin sistemany berkitmeli. Kateteriň erkin tarapyny ölçemeli we uzynlygyny näsagyň kesel taryhyna bellemeli.

**Ýüze çykyp biläýjek gaýrüzülmeler:** Ýaýjykasty arteriýa, plewral boşluga düşmeklik, gidrotoraks gidromediastenit, howaly emboliýa, infisirlenme we ýokarky içi boş wenanyň ýaýjykasty trombozlaryň ýüze çykmagy mümkin.

## LÝUMBAL PUNKSIÝA

**Görkezmesi:** kelleçanak beýni şikesi, gaýnaglamaly keseller, oňurga we kelle beýniniň täze döremeleri, kelle gan aýlanyşynyň ýiti bozulmalary.

Geçiriliş düzgüni: punksiýa näsag gapdala ýatan ýagdaýynda aýaklary dyz bognuna epilip, garnyna çekilen we kellesi döşüne epilen ýagdaýda geçirilýär. Punksiýa II-IV ýa-da IV-V bil oňurgalarynyň yzky ösüntgileriniň arasynda geçirilýär.

Takmynan sanjym geçirilýän ýeri bolup, ýanbaş süňküniň yzky ýokarky gerşi we IV bil oňurganyň yzky ösüntgisiniň birleşýän çyzygy hyzmat edýär. Punksiýa ediljek ýeri ilki 5% ýoduň spirtdäki ergini soňra spirt bilen arassalanýar. Agyrysyzlandyrma 0,5% nowokain ergini ýa-da hloretil bilen geçirilýär. Lýumbal punksiýa üçin uzynlygy 9-12 sm. iňňe ulanylýar. Iňňe gaty beýni gatlagyndan we baglaýjylardan geçen ýoly 75-80 $^{0}$C burçda oňurgalaryň yzky ösüntgileri orta çyzykdan geçirilýär. Soňra seresaplylyk bilen mandren aýrylýar we iňňeden serebrospinal suwuklyk gelýär. Serebrospinal suwuklyk gelmedik halatynda lýumbal punksiýany täzeden gaýtalamaly. Barlag üçin 2-4 ml. suwuklyk alynýar. Punsksiýadan soň ýod ergini çalnyp we arassa daňy daňylýar. Bir günüň dowamynda berk düşek düzgüni berjaý etmeli.

**Ýüze çykyp biläýjek gaýrüzülmeleri:** kollaps, kökjagazyň agyrysy, meningizm, ganakma bolmagy mümkin.

## PEŞEW HALTANYŇ GASYKÜSTI PUNKSIÝASY

**Görkezmesi:** jyns mäzleriň adenomasy, peşew çykaryş kanalyň daşlar bilen dykylmagy, şikeslenme, peşewiň ýiti saklanmagy.

**Geçiriliş düzgüni:** näsag operasion stolda arkanlygyna ýatyrylyp, antiseptik serişdeler bilen derisi arassalanýar. Peşew haltanyň möçberi palpasiýa we perkussiýa arkaly kesgitlenilýär. Derini we derasty ýag gatlagyny 0,25% nowokain ergini bilen agyrysyzlandyryp, gasyk birleşmesinden 1-2 sm. aşakda orta çyzyk boýunça ýumşak dokumadan iňňe bilen punksiýa geçirilýär. Näsagy gapdala öwrüp, ýeňillik bilen peşewiň maksimal mukdary çykar ýaly şpris ýa-da rezin trubkanyň kömegi bilen sorup alynýar. Punksiýadan soň ýerini ýodly spirtiň ergini bilen arassalanýar.

**Ýüze çykyp biläýjek gaýrüzülmeler:** peşew haltada peşewiň mukdary az bolanda we punksiýa ediljek ýerde garyn boşlugynyň sepleşme hadysalaryň bolmagy bilen içegeleriň zeperlenmegi mümkin.

## GARYN BOŞLUGYNYŇ PUNKSIÝASY

**Görkezmesi:** garyn boşlugyndaky ýygnanan suwuklygy anyklamak maksady bilen pnewmoperitoneum goýmak, assit suwuklygy aýyrmak, garyn boşlugyna derman serişdesini goýbermek.

**Geçiriliş düzgüni:** Punksiýa assitde gasyk we göbegiň arasyndaky orta çyzykdan, näsag krowatda ýa-da oturgyçda oturan ýagdaýynda geçirilýär. Peşew haltany peşewden manipulýasiýa geçirmezden öň boşatmaly. Näsagyň dyzynyň üstüne klýonkany, aýaklarynyň arasyna legen ýa-da bedre goýulýar. Punksiýa ediljek ýeri spirt ýa-da 5% ýoduň spirtdäki

ergini bilen arassalanýar we 0,5% 10-20 ml. nowokain ergini bilen agyrysyzlandyrmaly. Garyn boşlugynda suwuklyk bolmadyk halatynda näsagy arkanlygyna ýatyryp, dürli alym-awtorlaryň usullary boýunça geçirilýär. Köplenç, göbegiň töwereginde geçirilýär. Esasan, ýanbaş süňküniň öňki ýokarky gerşiniň deňinde geçirmek maslahat berilýär. Punksiýadan öň barmak bilen deri çekilip, 0,25% nowokain ergini bilen doldurylan şprise iňňäni geýdirip, gatlaklaýyn agyrysyzlandyrma geçirmeli. Parietal gatlakdan iňňäniň geçendigi agyry duýgusy bilen anyklanýar. Garyn boşlugyndaky suwuklyk iňňeden akyp başlaýar. Suwuklyk gelmese, onda 0,25-0,5% nowokain ergini goýberip, iňňäni suwuklyk gelýänçä süýşürip durmaly. Pnewmoperitoneum goýlanda näsagyň garnynyň perkussiýasynda bagyr kütekligi ýitip, timpaniki ses eşidilýär. Gerek bolan halatynda iňňäniň üsti bilen garyn boşlugyna kateteri geçirip, goýup bolýar.

**Ýüze çykyp biläýjek gaýrüzülmeler:** içegeleriň zeperlenmegi mümkin.

## TRAHEOTOMIÝA (TRAHEOSTOMIÝA)

**Görkezmesi:** dem alyş ýollarynyň geçirijiligi bozulanda (damagyň, traheýanyň zeperlenmegi, del bedenjik, täze döremeler ýiti we dowamly gaýnaglama hadysalary). Käbir dem alyş ýollarynyň kesselleriniň patologiki ýagdaýynda dem alyş ýollarynyň aşaky böleklerinde gakylygy aýyrmak, öýkene dowamly emeli wentilýasiýany geçirmek.

**Geçiriliş düzgüni:** bedeniň ortaky çyzygy boýunça näsagy arkanlygyna ýatyryp, kellesini gaýşan we pilçeleriniň aşagyna walik goýulan ýagdaýynda geçirilýär. Agyr näsagda oturan ýagdaýda geçirilýär.

Gaýragoýulmasyz ýagdaýlarda we çuň asfiksiýada wagty ýitirmezlik üçin agyrysyzlandyrma geçirilenok, 0,5% nowokain

ergini bilen traheýa agyrysyzlandyrylýar. Narkozyň astynda traheotomiýany ýerine ýetirmek üçin intubasion trubka uly orny eýeleýär, sebäbi operasiýa döwründe öýkeniň gowy wentilýasiýasyny geçirmäge ýardam berýär hem-de traheýa ganyň düşmeginden goraýar.

**Ýokarky traheýatomiýa:** galkan şekilli mäziň öňki we ortaky çyzygyndan 6-7 sm. aşakda deri, derasty ýag gatlagy we ýüzleý fassiýa kesilýär.

Soňky döwürlerde käbir alym-awtorlaryň görkezmesine laýyklykda, deriniň kesimi boýnuň kese ugry boýunça kesmek hökmany diýip hasaplaýarlar. Deriniň dürli kesimlerinde boýnuň ak çyzygy dikligine geçirilýär: Fassiýanyň gapdal çyzyklary iki jübtek bilen tutup galdyrylýar we kesim edilýär. Soňra želebowatyý zonduň ugry boýunça sag we çep döş dilasty myşsanyň arasyndan kesim edilýär. Kesim döwründe boýnuň ortaky wena damarlary çyksa, onda ony gapdala sowmaly, şeýle ýagdaýda galkan şekilli mäziň boýunjygy ýalaňaçlanýar, kütek gaňyrçak bilen ulularda kaudal, çagalarda bolsa kranial ugry boýunça çekip boýun fassiýa, baglaýjy kesilýär. Traheýanyň öňki diwary tutulyp, iki ýiti bir dişli gaňyrçak bilen boýun çekilýär.

Traheýanyň diwary skalpel bilen kesilen ýagdaýynda operasiýa edýän lukmanyň eli fiksirlenen bolmaly we traheýanyň halkalary aşakdan ýokaryk kesilýär. Kesilen traheýa ýörite giňeldiji guralyň kömegi bilen açylýar ýa-da gan saklaýjy gysgyjyň kömegi bilen konýulany ilki sagital tekizlikde, soňra traheýa boşlugyna çümdürilişine laýyklykda frontal tekizlikde ýerleşdirilýär. Konýule goýlandan soň, traheýa we damaga berkidilen bir dişli ýiti gaňyrçak aýrylýar. Kesim edilen ýeri gyrasyndan gatlaklaýyn tikin goýulýar. Fassiýanyň gyrasy we ýag gatlagy ketgut bilen tikilýär. Derä halkaly ýüpek tikin goýulýar. Konýulanyň içindäki trubka yzygiderli aýrylyp, nemden arassalanýar we gaýnadylandan soň ýene-de ýerinde

goýulýar. Näsag özbaşdak dem alyp başlandan soň konýulýa doly aýrylýar. Başga-da ortaky (galkan şekilli mäziň boýunjygy açylandan soň traheýa kesilýär) we aşaky traheýatomiýa (mäziň boýunjygynyň aşagyndan kesilýär-de traheýa açylýar) geçirilýär.

**Ýüze çykyp biläýjek gaýrüzülmeler:** Ganakma, gyzylödegiň ýaralanmagy, nemasty gatlakda konýulanyň goýulmagy, asfiksiýa, howaly emboliýa. Traheotomiýanyň giçki döwründe geçirilende ganakma, derasty emfizema, çagalarda gursakara emfizemasy, aspirasion pnewmoniýa bolmagy mümkin.

## EDEBIÝAT


1. Клиническая хирургия. Под редакцией Ю.М. Панцырева. – Москва, 1988.
2. Ю.М. Лопухин, Б.С. Савелев. ГЭОТАР медицина. – Москва, 1998.
3. Б.В. Петровский. Хирургические болезни. – Москва, 1980.
4. Ф.Х. Кутушев, А.С. Либов, Н.В. Мичурин, А.В. Андреев, Е.Ф. Зуев. Справочник хирурга поликлиники. – Ленинград, 1982.
5. Г.А. Баиров. Неотложная хирургия детей. – Ленинград, 1983.
6. Хирургические болезни – под редакцией академика АМН СССР М.Н. Кузин. – Москва, 1986.
7. А.П. Голиков, А.М. Закин. Неотложная терапия. – Москва, 1986.
8. И.Л. Ротков. Диагностические и тактические ошибки при остром аппендиците. – Москва, 1988.
9. Н.А. Скуя. Заболевания поджелудочной железы. – Москва, 1986.
10. В.В. Родионов, М.И. Филимонов, В.М. Могучев. Калькулезный холецистит. – Москва, 1991.
11. В.Л. Ривкин, Л.Л. Капуллер. Геморрой. – Москва, 1985.
12. О.С. Кочнев. Экстренная хирургия желудочно-кишечного тракта. – Казань, 1984.
13. В.П. Петров, И.А. Ерюхин. Кишечная непроходимость. – Москва, 1989.
14. А.Н. Тарасов, Е.А. Гордиенко. Неотложная доврачебная помощь при сердечно-сосудистых заболеваниях. – Ленинград, 1982.

15. И.З. Козлов, С.З. Горшков, В.С. Волков. Повреждения живота. – Москва, 1988.
16. М.И. Кузин, В.К. Сологуб, В.В. Юденич. Ожоговая болезнь. – Москва, 1982.
17. В.К. Гостищев. Оперативная гнойная хирургия (руководство для врачей). Медицина, 1996.
18. К.Д. Тоскинб В.В. Жебровский. Грыжи живота. – Москва, 1983.
19. В.М. Лащевкер. Острый панкреатит (клиника, диагностика, лечение). – Киев, 1982.
20. Г.Д. Никитин, Э.Г. Грязнухин. Доврачебная помощь при множественных и сочетанных повреждениях. – Ленинград, 1985.
21. В.К. Гостищев. Руководство к практическим занятиям по общей хирургии. – Москва, 1987.
22. В.И. Маслов. Малая хирургия. – Москва, 1988.
23. О.Е. Нифантьев. Острый аппендицит. – Красноярск, 1986.
24. Справочник по анестезиологии и реаниматологии. Под редакцией профессора А.А. Бунятяна. – Москва, 1982.
25. Справочник по неотложной хирургии. Под редакцией профессора В.Г. Астаненко. – Минск, 1985.
26. Д.Ф. Скрипническо. Неотложная хирургия брюшной полости. – Киев, 1986.
27. М.Ф. Мазурик, Д.Г. Демянюк. Амбулаторная хирургия. – Киев, 1988.
28. Скорая медицинская помощь. Под редакцией члена-корреспондента АМН СССР Б.Д. Комарова. – Москва, 1985.
29. И.М. Мятяшин, А.А. Ольшанский, А.М. Глузман. Симптомы и синдромы в хирургии (эпонимы). – Киев, 1982.
30. Б.О. Милькова, В.Н. Круняка. Хирургические манипуляции. Под редакцией профессоров. – Киев, 1985.

31. Ф.Х. Кутушев, М.П. Гвоздев, В.И. Филин, А.С. Либов. Неотложная хирургия груди и живота. – Ленинград, 1984.
32. Г.С. Юмашев, Н.М. Курбанов, З.А. Черкашина, Е.В. Виноградов. Справочник по травмотологии. – Ташкент, 1989.
33. В. Рудовский, В. Назиловский, В. Зиткевич. Теория и практика лечения ожогов. – Москва, 1980.
34. Профилактика некоторых заболеваний внутренних органов. Под редакцией академика АН УССР К.С.Тернового. – Киев, 1983.
35. К.Г. Нурлыев. Хирургическое лечение хронических анальных трещин и эпителиальных копчиковых ходов СО2 Лазером в условиях поликлиники с дневным стационаром Диссертация на соискание ученый степени кардидата медицинских наук. – Москва, 1991.
36. Х.Б.Бабаев. Разработка и внедрение новых лазерных методов лечения в хирургических учреждениях Туркменистана. Диссертация доктор медицинских наук. – Москва, 1991.
37. К.Г.Нурлыев. Использование различных лазеров в хирургии аноректальной области в амбулаторных условиях. Диссертация доктор медицинских наук. – Москва, 1993.
38. В.Д.Федоров, Ю.В.Дульцев. Проктология. – Москва, 1984, С. 384.
39. Ю.В.Дульцев, Ривкин В.П. Эпителиальный – копчиковый ход.
40. Б.Д.Канделис. Неотложная проктология. – Л., Медицина, 1980.

**MAZMUNY**


Sözbaşy ..........................................................................3

## I bölüm

Gaýragoýulmasyz kömegi talap edýän käbir ýagdaýlar .......................... 5

Huşuny ýitirme (obmorok) ............................................ 5

Kollaps ................................................................. 6

Şok ..................................................................... 9

Ýylylyk urgusy ......................................................... 11

Gün urma ............................................................... 12

Gark bolma .............................................................12

Umumy üşemeklik ....................................................... 14

Doňmaklyk .............................................................. 15

Ýylan çakmagy .......................................................... 16

Bogunaýaklylaryň çakmagy .............................................. 17

## II bölüm

Ýanyklardaky gaýragoýulmasyz kömek ..................................... 19

Termiki ýanyklar ....................................................... 19

Himiki ýanyklar ........................................................ 21

Elektroşikeslenme ...................................................... 22

## III bölüm

Ganakmada gaýragoýulmasyz kömek ........................................ 24

Ganakma ................................................................ 24

Ganakmany duruzmak ..................................................... 27

## IV bölüm

Kelleçanak şikeslenmesinde gaýragoýulmasyz kömek ....................... 30

Ýapyk kelleçanak şikesi ................................................ 30
Açyk kelleçanak şikesi .................................................. 34

**V bölüm**

Döş kapasasynyň ýaralanmasynda gaýragoýulmasyz kömek ................................................................... 35
Döş kapasasynyň ýaralanmasy ..................................... 35
Pnewmotoraks ............................................................ 35
Ýürek ýaralanmasy ...................................................... 38

**VI bölüm**

Garyn boşlugynyň şikeslenmesinde gaýragoýulmasyz kömek ................................................................... 40
Garyn boşlugynyň açyk we ýapyk şikeslenmesi ........................................................ 40
Aşgazanyň we içegäniň zeperlenmegi .......................... 40
Bagryň zeperlenmesi ................................................... 42
Dalagyň zeperlenmesi .................................................. 44

**VII bölüm**

Garyn boşlugynyň kesellerinde gaýragoýulmasyz kömek ................................................................... 46
Ýiti garyn ................................................................... 46
Peritonit ...................................................................... 47
Ýiti appendisit ............................................................ 49
Ýiti holesistit ............................................................. 52
Ýiti pankreatit ............................................................ 54
Ýiti içege geçirmezlik .................................................. 57
Gysylan ingiler ........................................................... 61
Gysylan gasyk ingisi ................................................... 62
Gysylan göbek ingisi ................................................... 63
Gysylan diafragmal ingisi ........................................... 64
Gysylan but ingisi ....................................................... 65
Aşgazanyň we onikibarmak içegäniň

deşilen başy ........................................................ 66
Başdan şaglap ganakma ........................................................ 68

## VIII bölüm

Göni içege kesellerinde gaýragoýulmasyz
kömek ........................................................ 70
Babasyl ........................................................ 70
Ýiti paraproktit ........................................................ 72
Anal jaýrygy ........................................................ 73
Göni içegäniň düşmegi ........................................................ 74
Epitelial türre ýoly ........................................................ 75

## IX bölüm

Oňurga we çanaklyk süňkleriniň şikeslenmesinde
gaýragoýulmasyz kömek ........................................................ 78
Oňurga sütüniň şikeslenmesi ........................................................ 78
Çanaklyk süňküniň döwügi ........................................................ 80

## X bölüm

Döwüklerde we çykyklarda gaýragoýulmasyz
kömek ........................................................ 82
Döwükler ........................................................ 82
Eliň döwülmesi ........................................................ 84
Aýagyň döwülmesi ........................................................ 87
Trasport immobilizasiýasy ........................................................ 90
Çykyklar ........................................................ 91
Eliň we goluň çykyklary ........................................................ 92
Aýaklaryň çykyklary ........................................................ 93

## XI bölüm

Esasy reanimasion usullary ........................................................ 94
Terminal ýagdaý we kliniki ölüm ........................................................ 94
Ýüregiň punksiýasy ........................................................ 97
Plewral boşlugyň punksiýasy ........................................................ 98

Ýaýjykasty wenanyň punksiýasy
we katetrizasiýasy ........................................................... 99
Lýumbal punksiýasy .................................................... 100
Peşew haltasynyň gasyküsti punksiýasy ....................... 101
Garyn boşlugynyň punksiýasy ...................................... 101
Traheotomiýa (traheostomiýa) ...................................... 102

*K.G.Nurlyýew, M.Ý.Ýagmurow*

# GAÝRAGOÝULMASYZ ILKINJI HIRURGIÝA KÖMEGI

Redaktory *N.Kakalyýewa*
Operatory *A.Abdyrahmanow*

Ýygnamaga berildi 12.01.2011 ý. Çap etmäge rugsat edildi
04.07.2011 ý. Ölçegi 60x84 $^{1}/_{16}$. Şertli çap listi 7,0.
Hasap-neşir listi 5,174. Neşir № 34. Sany 1000. Sargyt № 59.

Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň “Ylym” neşirýaty.
744000, Aşgabat, Türkmenbaşy şaýoly, 18.